TDS 617-2020

**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET STANDARTY**

# YKDYSADY IŞLERIŇ GÖRNÜŞLERINIŇ DÖWLET KLASSIFIKATORY (YIGDK)

**Resmi neşir**

**“Türkmenstandartlary” baş döwlet gullugy**
**Aşgabat**

# SÖZBAŞY

1 Türkmenistanyñ Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan IŞLENIP DÜZÜLDI WE HÖDÜRLENDI

2 “Türkmenstandartlary” baş döwlet gullugynyň ***2020-nji ýylyň 30-njy aprelinde №139-iş*** belgili buýrugy bilen TASSYKLANYLDY WE GÜÝJE GIRIZILDI

Bu klassifikator Ýewropa ykdysady bileleşigindäki ykdysady işleriñ klassifikatorynyñ NACE (2-nji neşir) (General Industrial Classification of Economic Activities in the European Communities (NACE Rev.2)) wersiýasynyň esasy ýörelgeleri nazara alnyp düzülen.

3 TDS 617-2012 DEREGINE

Su standarty «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugyndan rugsatsyz doly ýa-da bölekleýin görnüşde täzeden ýazmak, köpeltmek we ýaýratmak gadagan.

## MAZMUNY


| № | Seksiýa | Bölüm | Ady | sah. |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| 1 | | | Ulanylýan ugurlary .................................. | 1 |
| 2 | | | Kadalaşdyryjy salgylanmalar.................. | 1 |
| 3 | | | Klassifikasiýanyň obýektleri................... | 1 |
| 4 | | | Klassifikatoryň düzümi…………………..… | 2 |
| 5 | | | Klassifikatoryň ulanylyşy.......................... | 4 |
| 6 | | | Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatorynyň esasy çyzgysy (YIGDK) | 5 |
| 7 | | | **Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatory (YIGDK) ..........................** | 6 |
| | **A SEKSIÝA** | **01-03** | **OBA HOJALYGY, TOKAÝ HOJALYGY WE BALYK TUTMAK ..** | 6 |
| | | 01 | Oba hojalygy, aw we bu ugurlarda hödürlenilýän hyzmatlar............................ | 6 |
| | | 02 | Tokaý hojalygy we bu ugurlarda hödürlenilýän hyzmatlar ........................... | 15 |
| | | 03 | Balyk tutmak we balykçylyk .................... | 16 |
| | **B SEKSIÝA** | **05-09** | **MAGDAN GAZYP ÇYKARYJY SENAGAT WE KÄNLERI IŞLÄP TAÝÝARLAMAK .................................** | 18 |
| | | 05 | Daş kömür we goňur kömür (lignit) gazyp çykarmak.................................................. | 19 |
| | | 06 | Tebigy gazy we çig nebiti gazyp almak..... | 20 |
| | | 07 | Metal magdanlaryny gazyp almak............ | 21 |
| | | 08 | Beýleki gazylyp alynýan peýdaly magdanlar................................................. | 22 |
| | | 09 | Peýdaly magdanlary gazyp almak boýunça hödürlenilýän hyzmatlar............. | 24 |
| | **C SEKSIÝA** | **10-33** | **IŞLÄP BEJERÝÄN ÖNÜMÇILIKLER (IŞLÄP BEJERÝÄN SENAGAT).......................** | 27 |
| | **CA** | **10-12** | **Azyk önümleri (içgileri hasaba alyp) we temmäki önümlerini öndürmek........** | 28 |
| | | 10 | Azyk önümlerini öndürmek...................... | 29 |
| | | 11 | Içgileri öndürmek..................................... | 37 |
| | | 12 | Temmäki önümlerini öndürmek................ | 38 |

| № | Seksiýa | Bölüm | Ady | sah. |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | **CB** | **13-15** | **Dokma önümçiligi; geýimleri we aýakgaplary, deri we gaýry deri önümlerini öndürmek ............................** | 38 |
| | | 13 | Dokma önümçiligi.................................... | 38 |
| | | 14 | Geýimleri öndürmek ................................ | 42 |
| | | 15 | Deri, deri önümlerini öndürmek, aýakgaplary öndürmek ............................. | 44 |
| | **CC** | **16-18** | **Agaç we kagyz önümlerini öndürmek; Çaphana işleri.........................................** | 46 |
| | | 16 | **Agaçlary işläp taýýarlamak, agaçdan önümleri we dykylary (mebelden başga), örme önümlerini öndürmek ......** | 46 |
| | | 17 | Kagyz we karton önümçiligi.............. | 48 |
| | | 18 | Çaphana işleri we habar beriji ýazgylary köpeltmek ................................................ | 50 |
| | **CD** | **19** | **Koks we arassalanan nebit önümlerini öndürmek.................................................** | 53 |
| | | 19 | Koks we arassalanan nebit önümlerini öndürmek................................................. | 53 |
| | **CE** | **20** | **Himiki önümleri öndürmek..................** | 54 |
| | | 20 | Himiki önümleri öndürmek..................... | 54 |
| | **CF** | **21** | **Farmasewtiki önümleri öndürmek ........** | 60 |
| | | 21 | Farmasewtiki önümleri öndürmek............ | 60 |
| | **CG** | **22-23** | **Rezin, plastmassa önümleri we gaýry metal däl mineral önümleri öndürmek..** | 62 |
| | | 22 | Rezin we plastmassa önümlerini öndürmek ................................................ | 62 |
| | | 23 | Gaýry metal däl mineral önümleri öndürmek.................................................. | 64 |
| | **CH** | **24-25** | **Maşyndan we enjamlardan başga esasy metal we taýýar metal önümlerini öndürmek.................................................** | 69 |
| | | 24 | **Esasy metallary öndürmek.....................** | 69 |
| | | 25 | Maşyndan we enjamlardan başga taýýar metal önümleri öndürmek......................... | 73 |
| | **CI** | **26** | **Kompýuterleri, elektrik we optiki enjamlary öndürmek...............................** | 78 |
| | | 26 | Kompýuterleri, elektrik we optiki enjamlary öndürmek................................. | 78 |

| № | Seksiýa | Bölüm | Ady | sah. |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | **CJ** | **27** | **Elektrik enjamlaryny öndürmek...........** | 85 |
| | | 27 | Elektrik enjamlaryny öndürmek................ | 85 |
| | **CK** | **28** | **Beýleki toparlara goşulmadyk maşynlary we enjamlary öndürmek.......** | 90 |
| | | 28 | Beýleki toparlara goşulmadyk maşynlary we enjamlary öndürmek............................ | 90 |
| | **CL** | **29-30** | **Ulag serişdelerini öndürmek..................** | 101 |
| | | 29 | Awtoulaglary öndürmek............................ | 101 |
| | | 30 | Beýleki ulag serişdelerini öndürmek......... | 103 |
| | **CM** | **31-33** | **Beýleki önümçilik maşynlary we enjamlary abatlamak we gurnamak ......** | 106 |
| | | 31 | Mebel öndürmek...................................... | 106 |
| | | 32 | Beýleki önümleri öndürmek...................... | 107 |
| | | 33 | Maşynlary we enjamlary abatlamak we gurnamak .................................................. | 112 |
| | **D SEKSIÝA** | **35** | **ELEKTRIK ENERGIÝASY, GAZ, BUG BILEN ÜPJÜN ETMEK WE HOWANY KONDISIONIRLEMEK .....** | 118 |
| | | 35 | **Elektrik energiýasy, gaz, bug bilen üpjün etmek we howany kondisionirlemek ....................................** | 118 |
| | **E SEKSIÝA** | **36-39** | **SUW ÜPJÜNÇILIGI, GALYNDY-LARY ARASSALAMAK, GAÝTADAN IŞLEMEK WE IKINJI ÇIG MALY ALMAK..................................................** | 120 |
| | | 36 | Suwy ýygnamak, gaýtadan işlemek we paýlamak (suw bilen üpjün etmek)........... | 121 |
| | | 37 | Akdyrylýan hapa suwlary ýygnamak we gaýtadan işlemek…………..……………. | 121 |
| | | 38 | Galyndylary ýygnamak, işlemek we ýok etmek, ikinji derejeli çig maly almak......... | 122 |
| | | 39 | Galyndylary zähersizlendirmek we gaýry gaýtadan işläp taýýarlamalar ................... | 125 |
| | **F SEKSIÝA** | **41-43** | **GURLUŞYK ..........................................** | 126 |
| | | 41 | Jaý gurluşygy............................................. | 127 |

| № | Seksiýa | Bölüm | Ady | sah. |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | 42 | Raýatlara niýetlenen gurluşyklar............... | 128 |
| | | 43 | Ýörite gurluşyk işleri................................ | 134 |
| | **G SEKSIÝA** | **45-47** | **LOMAÝ WE BÖLEK SÖWDASY; AWTOMOBILLERI WE MOTOSIKLLERI ABATLAMAK .........** | 141 |
| | | 45 | Awtomobilleriň we motosiklleriň lomaý we bölek söwdasy; awtomobilleri we motosiklleri abatlamak ....................... | 142 |
| | | 46 | Awtomobilleriň we motosiklleriň söwda-syndan başga lomaý söwda............ | 145 |
| | | 47 | Awtomobilleriň we motosiklleriň söwdasyndan başga bölek söwda ... | 155 |
| | **H SEKSIÝA** | **49-53** | **ULAG IŞLERI WE ÝÜKLERI SAKLAMAK .........................................** | 163 |
| | | 49 | Ýerüsti we turba geçiriji ulag işleri........... | 164 |
| | | 50 | Suw ulaglarynyň işleri............................... | 167 |
| | | 51 | Howa ulaglarynyň işleri............................ | 168 |
| | | 52 | Ýükleri ammarlamak we kömekçi ulaglaryň işleri.......................................... | 169 |
| | | 53 | Poçta we hat gatnadyş işleri...................... | 172 |
| | **I SEKSIÝA** | **55-56** | **MYHMANHANALARYŇ WE RESTORANLARYŇ IŞLERI................** | 173 |
| | | 55 | Myhmanhanalaryň işleri............................ | 173 |
| | | 56 | Restoranlaryň işleri.................................. | 175 |
| | **J SEKSIÝA** | **58-63** | **HABAR BERIŞ SERIŞDELERI (INFORMASIÝA) WE ARAGATNAŞYK .................................** | 176 |
| | **JA** | **58-60** | **Neşiriýat işi; wideo we ses ýazgylarynyñ işi, tele we radio habar beriş ulgamynyñ işi……………….................................** | 177 |
| | | 58 | Neşirýat işleri........................................... | 177 |
| | | 59 | Kinofilmleri, wideo we teleýaýlym programmalaryny surata düşürip, taýýarlamak, ses ýazgylaryny we sazlaryň ýazgysyny çykarmak.................................. | 179 |

| № | Seksiýa | Bölüm | Ady | sah. |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | 60 | Radiogepleşikler we teleýaýlymlar ........... | 181 |
| | **JB** | **61** | **Aragatnaşyk ..........................................** | **183** |
| | | 61 | Aragatnaşyk............................................. | 183 |
| | **JC** | **62-63** | **Hasaplaýyş tehnikasy we informasion hyzmat etmek ulgamynyň işleri.............** | 185 |
| | | 62 | Programma üpjünçiligini işläp taýýarlamak, maslahat bermek we hasaplaýyş tehnikasy ulgamynda gaýry işler.............. | 185 |
| | | 63 | Informasion hyzmat etmek ulgamynda işler........................................................ | 186 |
| | **K SEKSIÝA** | **64-66** | **MALIÝE DELLALÇYLYGY WE ÄTIÝAÇLANDYRMAK……………….** | 188 |
| | | 64 | Ätiýaçlandyrmak we pensiýa üpjünçiligi boýunça hyzmatlardan başga maliýe dellalçylygy……………………………… | 188 |
| | | 65 | Hökmany durmuş üpjünçilikden başga atiýaçlandyrmak, gaýtadan ätiýaçlandyrmak we pensiýa üpjünçiligi ............ | 193 |
| | | 66 | Maliýe dellalçylyk we ätiýaçlandyrmak ulgamynda kömekçi işler………………... | 194 |
| | **L SEKSIÝA** | **68** | **GOZGALMAÝAN EMLÄK BILEN BAGLY AMALLAR..............................** | 195 |
| | | 68 | Gozgalmaýan emläk bilen bagly amallar... | 196 |
| | **M SEKSIÝA** | **69-75** | **HÜNÄRMENLIK, YLMY WE TEHNIKI IŞLER** | 197 |
| | **MA** | **69-71** | **Hukuk ulgamynda, buhgalterçilik hasaba alyş, dolandyrmak, binagärlik, inžener gözlegleri, tehniki synaglar we gözegçilik ulgamynda işler ....................** | 197 |
| | | 69 | Hukuk we buhgalterçilik hasaba alnyşy ulgamynda iş ...................................... | 197 |
| | | 70 | Merkezi ofisleriň işleri, dolandyrmak ulgamynda işler ....................................... | 200 |
| | | 71 | Binagärlik we inžener gözlegleri ulgamynda işler; tehniki synaglar we gözegçilik ............................................... | 202 |

| № | Seksiýa | Bölüm | Ady | sah. |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | **MB** | **72** | **Ylmy barlaglar we işläp taýýarlamalar.** | 210 |
| | | 72 | Ylmy barlaglar we işläp taýýarlamalar...... | 210 |
| | **MC** | **73-75** | **Beýleki hünär, ylmy we tehniki işler......** | 213 |
| | | 73 | Mahabat işleri we bazary öwrenmek ........ | 213 |
| | | 74 | Beýleki hünär, ylmy we tehniki işler......... | 214 |
| | | 75 | Weterinariýa işleri…………..…………... | 216 |
| | **N SEKSIÝA** | **77-82** | **ADMINISTRATIW WE KÖMEKÇI IŞLER.....................................................** | 217 |
| | | 77 | Kärende we lizing ................................... | 217 |
| | | 78 | Iş bilen üpjünçilik çygryndaky işler | 220 |
| | | 79 | Syýahatçylyk agentliginiň, syýahaty alyp baryjylaryň işleri, ýer bronlamak we syýahatçylyk ulgamynda gaýry işler…….. | 222 |
| | | 80 | Derňew işlerini geçirmek we howpsuzlygy üpjün etmek......................... | 223 |
| | | 81 | Binalara hyzmat etmek we landşafty üýtgetmek boýunça işler............................ | 224 |
| | | 82 | Täjirçiligi goldamaklyga gönükdirilen administaratiw we gaýry goşmaça işler…. | 227 |
| | **O SEKSIÝA** | **84** | **DÖWLET DOLANDYRYŞY WE GORANMAK; HÖKMANY DURMUŞ ÜPJÜNÇILIK…………..……………** | 229 |
| | | 84 | Döwlet dolandyryşy we goranmak; hökmany durmuş üpjünçilik......................... | 229 |
| | **P SEKSIÝA** | **85** | **BILIM……………………………………** | 234 |
| | | 85 | Bilim ………………...……………... | 234 |
| | **Q SEKSIÝA** | **86-88** | **SAGLYGY GORAÝYŞ WE ILATA DURMUŞ TAÝDAN HYZMAT ETMEK…………………………………..** | 240 |
| | **QA** | **86** | **Saglygy goraýyş……...……………......** | 241 |
| | | 86 | Saglygy goraýyş……………………..……. | 241 |
| | **QB** | **87-88** | **Ilata durmuş taýdan hyzmat etmek……** | 243 |
| | | 87 | Ýaşaýyş şertlerini üpjün etmek bilen ilata durmuş taýdan hyzmat etmek | 243 |

| № | Seksiýa | Bölüm | Ady | sah. |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | 88 | Ýaşaýyş şertlerini üpjün etmezden ilata durmuş taýdan hyzmat etmek | 245 |
| | **R SEKSIÝA** | **90-93** | **SUNGAT, DYNÇ ALYŞ WE GÖWÜN AÇYŞ……………………………………** | 247 |
| | | 90 | Sungat ulgamynda artistçilik we gaýry işler hem-de medeni-köpçilikleýin göwün açyş çäreleri ……………………….…... | 247 |
| | | 91 | Kitaphanalaryň, arhiwleriň, muzeýleriň we gaýry medeni edaralaryň işleri ……… | 248 |
| | | 92 | Humarly oýunlary gurnamak we jedel etmek…………………………………….. | 249 |
| | | 93 | Dynç alşy we göwün açyşy gurnamak boýunça sport we gaýry işler…………….. | 250 |
| | **S SEKSIÝA** | **94-96** | **GAÝRY HYZMAT EDIŞ IŞLER…….** | 252 |
| | | 94 | Jemgyýetçilik birleşikleriň (guramalaryň) işleri……………………………………… | 252 |
| | | 95 | Kompýuterleri, şahsy ulanylýan enjamlary we durmuş harytlaryny abatlamak ……… | 254 |
| | | 96 | Gaýry özbaşdak hyzmatlar…………….. | 256 |
| | **T SEKSIÝA** | **97-98** | **HUSUSY ÖÝ HOJALYKLARY BILEN HAKYNA TUTMA IŞGÄR-LERIŇ IŞLERI; ŞAHSY ULANMAK ÜÇIN HUSUSY ÖÝ HOJALYKLARY-NYŇ DÜRLI GÖRNÜŞLI HARYT-LARYNY WE HYZMATLARYNY ÖNDÜRMEGI......................................** | 258 |
| | | 97 | Hususy öý hojayklary bilen hakynatutma işgärleriň işleri……………...…………… | 258 |
| | | 98 | Şahsy ulanmak üçin hususy öý hojalyklarynyň dürli görnüşli harytlary we hyzmatlary öndürmegi………………… | 258 |
| | **U SEKSIÝA** | **99** | **EKSÇÄK GURAMALARYŇ IŞLERI…..............................................** | 259 |
| | | 99 | Eksçäk guramalaryň işleri……………….. | 259 |

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET STANDARTY

## Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatory

## Государственный классификатор видов экономической деятельности

## State qualifier of economic activities

Girizilýän senesi **2020-05-01**

### 1 Ulanylýan ugurlary

Bu klassifikator hasap, statistika, seljerme we çaklaýyş üçin ulanylmaga niýetlenendir.

Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatorynyň ykdysady işleriň görnüşleriniň (mundan beýläk – iş görnüşi) kodlanmasyny göz öňünde tutýan bir nusga getirilen resminamalarda ulanylmaklygy hökmandyr.

Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatory (mundan beýläk- YIGDK) klassifikasiýanyň tehniki-ykdysady kodlama we durmuş maglumatlaryň Bitewi ulgamlarynyň düzüm bölegi bolup durýar. YIGDK esasynda düzülen ykdysady işleriň görnüşleriniň statistiki maglumatlaryny Ýewropa we dünýä derejesi bilen deňeşdirip bolar.

Ilki bilen statistiki maksatlar üçin işlenip taýýarlanan bu klassifikator ähli gyzyklanma bildirýän ministrlikler, pudak edaralary we beýleki guramalar tarapyndan öz işlerinde peýdalanylyp bilner.

### 2 Kadalaşdyryjy salgylanmalar

Şu standartda aşakdaky standart salgy ulanyldy:

TDS 1.5-2016 Türkmenistanyň döwlet standartlaşdyryş ulgamy. Standartlaryň düzülişine, beýan edilişine, resmileşdirilişine we mazmunyna bildirilýän umumy talaplar.

TDS-19433-2013 «Грузы опасные. Классификация и маркировка»; TDS-2.601-95 «Единая система конструкторской документации. Эксплуатационные документы».

### 3 Klassifikasiýanyň obýektleri

YIGDK-daky hojalyk subýektleriň (fiziki we ýuridiki şahslar) ykdysady işleriň görnüşleri klassifikasiýanyň obýektleri bolup durýar.

**Ykdysady işiň görnüşi -** bu material çeşmeleriň, enjamlaryň, zähmetiň we tehnologiýanyň birikmeginiň netijesinde belli bir önümiň (önümleriň ýa-da hyzmatlaryň) emele gelmeginiň prosesi.

Bir iş görnüşi bir ýönekeý prosesden ybarat bolup bilýär, meselem dokmaçylyk, bu iş birnäçe kiçi prosesleri öz içine alýar we olar öz gezeginde aýratyn klassifikasion bölümlere girýär.

Meselem, awtomobil önümçiligi bir iş görnüşi diýip hasaplanýar, emma muňa garamazdan bu toplumlaýyn proses birnäçe kiçi prosesleri öz içine alýar: guýma, kebşirleme, ýygnama, reňkleme we ş.m.

**Esasy iş görnüşi:** Görkezijä uly goşant goşýan iş görnüşi bolup, statistiki birlikleriň esasy ykdysady iş görnüşini kesgitlemek üçin ölçeg hökmünde kabul edilendir, ýagny iş görnüşi bolup bu görkezijiniň ululygy boýunça statistiki birlikleriň islendik iş görnüşiniň ululygyndan artyk gelýär.

**Goşmaça iş görnüşi:** Üçünji taraplar üçin önüm öndürmeklige ugrukdyrylan, emma esasy iş görnüşi bolup durmaýar.

**Kömekçi iş görnüşi:** Bu iş görnüşi statistiki birligiň esasy we goşmaça iş görnüşlerine kömekçi bolup, aralyk önümleri we hyzmatlary öndürmekligi göz öňünde tutýar.

## 4 Klassifikatoryň düzümi

Klassifikatoryň düzümi iki bölekden ybaratdyr: kybapdaş we atlandyrma. Kybapdaş bölegi klassifikasiýanyň köpbasgançaklylyk tertibinde bolup, harply we sanly kodlary ulanmak bilen yzygiderli kodlamak düzgüninde bolýar.

1-nji dereje – latyn elipbiýinde bir ýa-da iki jemleýji kategoriýalary görkezýan harp bellikleri (san kodlaryndan başga) we “seksiýa” we “kiçi seksiýa” diýip atlandyrylýar.

2-nji dereje – iki belgili kategoriýalar (1-nji we 2-nji belgisi) “bölüm” diýip atlandyrylýar.

3-nji dereje – üç belgili kategoriýalar (1-nji, 2-nji we 3-nji kod belgisi) “topar” diýip atlandyrylýar.

4-nji dereje – dört belgili kategoriýalar (1-nji, 2-nji, 3-nji we 4-nji kod belgisi) “klas” diýip atlandyrylýar.

5-nji dereje – bäş belgili kategoriýalar (1-nji, 2-nji, 3-nji, 4-nji we 5-nji kod belgisi) “kiçi klas” diýip atlandyrylýar.

6-njy dereje – alty belgili kategoriýalar (1-nji, 2-nji, 3-nji, 4-nji, 5-nji we 6-njy kod belgisi) “görnüş” diýip atlandyrylýar.

Iki belgili kategoriýalar iň iri kategoriýa bolup, san belgili kodlar bilen we toparlaýyn bloklara bölünip bellenilendir. (21 seksiýa, 88 bölüm и 637 klas). Bu bloklar ykdysady işiň iň wajyp bölümleri bolup durýar.

Toparlary tapawutlandyrmaklygyň esasy alamatlary öndürilýan önümleriň we hyzmatlaryň görnüşleri, olaryň ulanylyşy, önümçiligiň gurnalyşy, çig malyň görnüşi, işläp taýýarlamagyň görnüşi we tehnologiýasy bolup durýar.

Öndürilýan önümleriň we hyzmatlaryň görnüşleri olaryň fiziki gurluşy, önümiň önümçiliginiň tapgyry we olaryň talabalaýyklygy bilen anyklanylýar.

Klaslary tapawutlandyrmaklygyň esasy alamatlary bu klasa goşulan statistiki birlikleriň esasy böleklerini tutýan önümleriň we hyzmatlaryň öndürijiligidir.

Kiçi klaslar öz gezeginde kiçeldilen klaslar bolup, döwletiň ykdysadyýetiniň aýratynlyklary göz öňunde tutulýar.

Has ýokary derejede toparlama 1-nji tablisada görkezilen.

1-nji tablisa

| Dereje | Derejäniň ady | Seksi-ýasy | Seksiýanyň ady | Bölüm |
|---|---|---|---|---|
| **1** | **Oba hojalygy, tokaý hojalygy we balyk tutmak** | **A** | Oba hojalygy, tokaý hojalygy we balyk tutmak | 01-03 |
| **2** | **Işläp bejerýän önümçilikler, gazylyp alynýan peýdaly magdanlar (baýlyklar) we başga senagat** | **B** | Magdan gazyp çykaryjy senagat we känleri işläp taýýarlamak | 05-09 |
| | | **C** | Işläp bejerýän önümçilikler | 10-33 |
| | | **D** | Elektrik energiýasy, gaz, bug bilen üpjün etmek we howany kondisionirlemek | 35 |
| | | **E** | Suw üpjünçiligi, galyndylary arassalamak, gaýtadan işlemek we ikinji çig mal almak | 36-39 |
| **2a** | **Olardan** | **C** | Işläp bejerýän önümçilikler | 10-33 |
| **3** | **Gurluşyk** | **F** | Gurluşyk | 41-43 |
| **4** | **Lomaý we bölek söwdasy, ulag işleri we ýükleri saklamak, myhmanhanalaryň we restoranlaryň işleri** | **G** | Lomaý we bölek söwdasy; awtotmobilleri we motosiklleri abatlamak | 45-47 |
| | | **H** | Ulag işleri we ýükleri saklamak | 49-53 |
| | | **I** | Myhmanhanalaryň we restoranlaryň işleri | 55-56 |
| **5** | **Habar beriş serişdeleri we aragatnaşyk** | **J** | Habar beriş serişdeleri we aragatnaşyk | 58-63 |
| **6** | **Maliýe dellalçylygy we ätiýaçlandyrmak** | **К** | Maliýe dellalçylygy we ätiýaçlandyrmak | 64-66 |

1-nji tablisanyň soňy

| Dereje | Derejäniň ady | Seksia ady | Seksiýanyň ady | Bölüm |
|---|---|---|---|---|
| **7** | **Gozgalmaýan emläk bilen bagly amallar** | **L** | Gozgalmaýan emläk bilen bagly amallar | 68 |
| **8** | **Hünärmenlik, ylmy we tehniki işler, administratiw we kömekçi işler** | **M** | Hünärmenlik, ylmy we tehniki işler | 69-75 |
| | | **N** | Administratiw we kömekçi işler | 77-82 |
| **9** | **Döwlet dolandyryşy we goranmak, bilim, saglygy goraýyş we ilata durmuş taýdan hyzmat etmek** | **O** | Döwlet dolandyryşy we goranmak; hökmany durmuş üpjünçilik | 84 |
| | | **P** | Bilim | 85 |
| | | **Q** | Saglygy goraýyş we ilata durmuş taýdan hyzmat etmek | 86-88 |
| **10** | **Gaýry hyzmatlar** | **R** | Sungat, dynç alyş we göwün açyş | 90-93 |
| | | **S** | Gaýry hyzmat ediş işleri | 94-96 |
| | | **T** | Hususy öý hojalyklary bilen hakyna tutma işgärleriň işleri; şahsy ulanmak üçin hususy öý hojalyklarynyň dürli görnüşli harytlary we hyzmatlary öndürmegi | 97-98 |
| | | **U** | Eksçäk guramalaryň işleri | 99 |

## 5 Klassifikatory ulanylyşy

Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatoryny alyp barmaklyk şu aşakdaky tertipde amala aşyrylýar.

5.1 Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti klassifikatory alyp barmaklygy, taýýarlamagy, üýtgetmeleri we goşundylary girizmekligi alyp barýar.

5.2 Klassifikatora üýtgetmeler TDS 1.5 talaplaryna laýyklykda resmileşdirilýär.

5.3 Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan girizilýän üýtgetmeler we goşmaçalar, olaryň işe girizilmeginiň möhleti we tertibi barada ulanyjylara habar berilýär.

## 6 Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatorynyň esasy çyzgysy (YIGDK)



## 7 YKDYSADY IŞLERIŇ GÖRNÜŞLERINIŇ DÖWLET KLASSIFIKATORY (YIGDK)

2-nji tablisa

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| **A (seksiýa): 01-03** | | | | **OBA HOJALYGY, TOKAÝ HOJALYGY WE BALYK TUTMAK**<br>***Bu seksiýa*** *ösümlik we maldarçylyk bilen baglanyşykly tebigy çeşmeleri peýdalanmaklygy* ***öz içine alýar****. Muňa ösümlikler toplumyny ösdürip ýetişdirmek, maldarçylyk, tokaýçylyk, mallary fermalarda ýa-da öri meýdanlarynda köpeltmek degişli.*<br>*01 bölümine ykdysady işleriň gönüşleriniň esasy iki görnüşi girizilen: ösümliklerden önüm almak (ösümlikçilik) we maldarçylykdan önüm öndürmek (maldarçylyk).*<br>***Bu seksiýa şeýle-de öz içine alýar*** *–genetik modifisirlenen ösümlikleri we mallary ösdürip ýetişdirmek, ösümlikleri açyk we ýapyk toprakda ösdürip ýetişdirmek, oba hojalyk işlerine goşmaça kömek hyzmatlary, şeýle hem, ýabany mallary köpeltmek we olardan önüm almak maksady bilen tutmak we bu ugurdaky hyzmatlar*<br>*01.5 topar öz içine alýar: önümçiligi, olaryň ýöriteleşdiril-megine garamazdan ösümliklerden we mallardan alynýan önümler.*<br>***Bu seksiýa öz içine almaýar:*** *oba hojalyk önümleriniň gaýtadan işlenilmegini (bölüm 10 we 11 seret), iýmit önümleriniň önümçiligi we spirtsiz içgiler, bölüm 1-2-temmäkiniň birinji işlenilişinden başga temmäki önümçiligi; Landşaft (dizaýny) bezegi (81.30 bölümler); ýerleri taýýarlamak işleri (ýer işleri, şaly ekilýän ýerleriň suwarylyşy) (seksiýa F); komission we kooperatiw guramalarynyň üsti bilen oba hojalyk önümleriniň satylyşy, ýerleşdirilişi) (seksiýa G).* |
| **01** | | | | **Oba hojalygy, aw we bu ugurlarda hödürlenilýän hyzmatlar** |
| | 01.1 | | | Köpýyllyk däl ösümlikleri ösdirip ýetişdirmek.<br>***Bu tapar öz içine alýar:*** *köpýyllyk däl medeni ösümlikleri (iki ösüm döwründen köp bolmadyk) tohum taýýarlamak (tohumlyk) üçin ösdürip ýetişdirmek* |
| | | 01.11 | 01.11.00 | Däneli ösümlikleri (şalydan başga), kösükli we ýagy alynýan ösümlikler<br>***Bu klas öz içine alýar:*** *ösdürip ýetşdirmek açyk toprakda (şalydan başga) däneli, kösükli we ýagy alynýan ösümlikleri ösdürip ýetişdirmegi*<br>***Bu klas öz içine alýar:*** *däneli ösümlikleri - bugdaý, mekgejöwen, jöwen, arpa, süle, çowdary we ş.m., däneli we kösükli ösümlikleri, nohut, noýba, noýba kösügi, ýagy alynýan ösümlikler, künji, günebakar çigidi, pagta çigidi we ş.m.*<br>***Bu klas öz içine almaýar:*** *şaly (01.12 seret); gant mekgejöweni (01.13 seret); iýmlik mekgejöwen (01.19 seret); ýagy alynýan ösümlileriň hasyly (01.26 seret); greçka (01.19 seret) ýaly ösümlikleriň ösürilip ýetişdirilişi.* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | 01.11.10 | Däneli (şaly we greçkadan başga) ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.11.11 | Däneli (şaly we greçkadan başga) ösümlikleriň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.11.20 | Kösükli ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.11.21 | Kösükli ösümlikleriň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.11.90 | Ýagy alynýan ösümlikleri we olaryň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.11.91 | Ýagy alynýan ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.11.92 | Ýagy alynýan ösümlikleriň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek |
| | | 01.12 | 01.12.00 | Şaly ösdürip ýetişdirmek |
| | | 01.13 | 01.13.00 | Bakja önümlerini we köki miweli ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýaprakly gök baglary sparta, kelem, reňkli kelem, artişok, brokkoli, salat-lapuh, ysmanak, çyrmaşygyň salatlyk görnüşi we ş.m.; gök önüm ekinlerini, hyýar, badam, pomidor, garpyz, kantalupa gawuny (muskat gawuny) we ş.m.; köki miweli ösümlikler käşir, şugundyr, sarymsak, sogan we soganyň görnüşleri we ş.m.; kömelek domalan ösdürip ýetişdirmek; gök önümleriň tohumyny ösdürip ýetişdirmek, şol sanda gant şugundurynyň tohumyny, gant şugundyryny, gant mekgejöwenini we ýer almasy, badat, maniok, ýams we ş.m. ekinleri ösdürip ýetişdirmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *hoşboý ysly ýörite goşundylary (01.28 seret) we teplisalarda kömelegi (01.30 seret) ösdürip ýetişdirmegi* |
| | | | 01.13.10 | Gant şugundurynyň we onuň tohumyny ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.13.11 | Gant şugunduryny ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.13.12 | Gant şugundurynyň tohumyny ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.13.20 | Köki we baldagy miweli düzüminde ýokary derejeli krahmal we inulin bolan ekinleriň we olaryň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.13.21 | Köki we baldagy miweli düzüminde ýokary derejeli krahmal we inulin bolan ekinlerini ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.13.22 | Köki we baldagy miweli düzüminde ýokary derejeli krahmal we inulin bolan ekinleriň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.13.30 | Kömelek we badam ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.13.90 | Beýleki köki we baldagy miweli gök önüm we bakja ösümlikleriniň we olaryň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.13.91 | Beýleki köki we baldagy miweli gök önüm we bakja ösümliklerini ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.13.92 | Beýleki köki we baldagy miweli gök önüm we bakja ösümlikleriniň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek |
| | | 01.14 | 01.14.00 | Şekerçiňrigi ösdürip ýetişdirmek<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *gant şugunduryny ösdürip* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *ýetişdirmek (01.13 seret)* |
| | | 01.15 | 01.15.00 | Temmäki ösdürip ýetişdirmek<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *temmäki önümleriniň önümçiligini (12.00 seret)* |
| | | 01.16 | 01.16.00 | Süýümli we gabygy süýümli ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *süýümli we gabygy süýümli pagta, žut, zygyr, kendir, sazak we agaw, rami we ş.m. ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek we şol sanda olaryň tohum gaznasyny emele getirmek* |
| | | | 01.16.10 | Gowaça ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.16.11 | Gowaça tohumyny ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.16.20 | Zygyr ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.16.90 | Süýümli we gabygy süýümli beýleki ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek |
| | | 01.19 | 01.19.00 | Beýleki birýyllyk ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *beýleki şalgam, iýmlik şugundyr, iýmlik köki miweliler, ýorunja, klewer, esparset, iýmlik mekgejöwen we ş.m. ösdürip ýetişdirmek; greçka; şugundur tohumy (gant şugunduryndan başga) we iýmlik ösümlikler, güller we olaryň tohumlary; şeýle hem ýygnalan güller we gülleriň gunçalary*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ýakymly ysly ýörite goşundy üçin ösümlikleri we derman senagatynda ulanylýan dermanlyk ösümlikleri (01.28 seret) ösdürip ýetişdirmek* |
| | | | 01.19.10 | Beýleki birýyllyk ösümlikleriň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *şalgamyň, iýmlik şugunduryň, köki iýmlik miwelileriň, ýorunjanyň, iýmlik mekgejöweniň tohumlaryny we beýleki tohumlary ösdürip ýetişdirmek işi; iýmlik ösümlikleriň we gülleriň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek işi* |
| | | | 01.19.11 | Düzüminde neşe serişdelerini saklamaýan beýleki birýyllyk ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.19.12 | Düzüminde neşe serişdelerini saklaýan beýleki birýyllyk ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.19.13 | Düzüminde neşe serişdelerini saklamaýan beýleki birýyllyk ösümlikleriň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.19.20 | Ot-iýmlik ösümlikleri we olaryň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.19.21 | Ot-iýmlik ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.19.22 | Ot-iýmlik ösümlikleriň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.19.30 | Güller toplumyny we olaryň tohumyny ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.19.31 | Güller toplumyny ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.19.32 | Güller toplumynyň tohumyny ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.19.90 | Beýleki toparlara goşulmadyk birýyllyk ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | 01.19.91 | Beýleki birýyllyk ösümlikleri ýyladyşhanalarda topraksyz ösdüriş (gidroponika) usulynda ösdürip ýetişdirmek |
| | 01.2 | | | Köpýyllyk ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *iki möwsümden köp wagtlyk ösüşe eýe bolan, her ýyl ýapragyny dökýän, ýöne ösmegiini dowan edýän köpýyllyk ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek. Bu topar şu ösümlikleriň tohumlyk üçin ýetişdirilişini hem öz içine alýar* |
| | | 01.21 | 01.21.00 | Üzümçilik<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *çakyr önümçiligi we iýmit üçin üzüm ösdürip ýetişdirmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *çakyr önümçiligini (11.02 seret)* |
| | | 01.22 | 01.22.00 | Tropik we subtropik ösümlikleriň miwelerini ösdürip ýetişdirmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *awokada, banan, hurma, injir, nar, mango, papaýýa, ananas, plantaýn ýaly tropik we subtropik ösümliklerini ösdürip ýetişdirmek* |
| | | 01.23 | 01.23.00 | Sitrus ösümlikleriniň miwelerini ösdürip ýetişdirmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *greýfrut we pomelo, limon we laým, apelsin, mandarin, tanžerin, klementin ýaly sitrus miwelerini ösdürip ýetişdirmek* |
| | | 01.24 | 01.24.00 | Şänikli we çigitli miweleri ösdürip ýetişdirmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *alma, erik, ülje we çereşnýa, şetdaly we şireler, armyt we beýi garaly, týorun ýaly şänikli we çigitli miweleri ösdürip ýetişdirmek* |
| | | | 01.24.10 | Alma agaçlaryny ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.24.90 | Beýleki şänikli we çigitli miweleri ösdürip ýetişdirmek |
| | | 01.25 | 01.25.00 | Beýleki ir-iýmişleri we hozlary ösdürip ýetişdirmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *çernika, smorodina, kryžownik, kiwi, klubnika, malina, golubika, klýukwa we ş.m. ir-iýmişleri we olaryň tohumlaryny ösdürip ýetişdirmegi; iýmäge ýaramly mañyzlary – badam, grek hozy, keşýu, kaştan, pisse, funduk we ş.m. ösdürip ýetişdirmek we beýleki miweli agaçlary (meselem, rožok agajynyň miwesi) ösdürip ýetişdirmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *kokos hozlaryny ösdürip ýetişdirmegi (01.26 seret)* |
| | | | 01.25.10 | Beýleki ir-iýmişli miweli, hasylly agaçlary ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.25.90 | Hozlaryň (ýabany, iýmäge ýaramsyz hozlar, kokos hozy we ýer hozundan daşga) görnüşlerini ösdürip ýetişdirmek |
| | | 01.26 | 01.26.00 | Ýagy alynýan miweleri ösdürip ýetişdirmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *kokos hozy, zeýtun, palma hozlary we ş.m. ýagy alynýan miweleri ösdürip ýetişdirmek.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *soýa ösümligi, arahis hozy* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *we ş.m. ýagy alynýan ösümlikler (01.11 seret)* |
| | | 01.27 | 01.27.00 | Içgileri taýýarlamak üçin ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *kofe, çaý, kakao, mate ýapragy ýaly ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek* |
| | | 01.28 | 01.28.00 | Ýakymly ysly (hoşboý ysly) dermanlyk melhem ösümlikleri we parfýumeriýada ulanylýan ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *köpýyllyk we birýyllyk (hoşboý ysly) ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek: burç, gyzyl burçy, muskat hozy, matis we kardamon, kardamon anisi, badýany, dalçyny (korisa), myhagy (gwozdika), zenjebili (imbir), wanili, hmel we ş.m. ekinleri ösdürip ýetişdirmek* |
| | | | 01.28.10 | Ýakymly ysly ekinleri ösdürip ýetişdirmek ( ýakymly ysly ) |
| | | | 01.28.20 | Hmel şişkalaryny ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.28.30 | Dermanlyk melhem ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *düzüminde neşe we psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklamaýan köpýyllyk we birýyllyk dermanlyk ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek* |
| | | | 01.28.90 | Parfýumeriýada derman senagatyndan insektisit, fungisit görnüşinde ýa-da şoňa barabar maksatlarda ulanylýan beýleki ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek |
| | | 01.29 | 01.29.00 | Köpýyllyk gaýry ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *täze ýyl arçalaryny ösdürip ýetişdirmek, kauçuk almak üçin gew ösdürip ýetişdirmek, şiresini almak üçin agaçlary ösdürip ýetişdirmek, örme önümleri taýýarlamak üçin ulanylýan ösümlik material-laryny ösdürip ýetişdirmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *gülleri ösdürip ýetişdirmek, kesilen gülleri we gül gunçalaryny (01.19 seret); agaçlardan şire ýygnamak ýa-da kauçuga meňzeş agaçlary tebigy ýagdaýynda (02.30 seret) ösdürip ýetişdirmek* |
| | | | 01.29.10 | Täze ýyl arçalaryny ösdürip ýetişdirmek |
| | | | 01.29.90 | Beýleki toparlara goşulmadyk başga köpýyllyk ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek |
| | 01.3 | | | Ösümlikleriň (oturtmak) önümçiligi |
| | | 01.30 | 01.30.00 | Ösümlikleriň (oturtmak) önümçiligi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ösümlikleri oturtmagy üpjin etmek üçin kökden çykýan ösüntgileri, sapmalary taýýarlamak, tohumdan gögeren şitilleri sapmak işlerini amala aşyrmak*<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *oturtmak üçin ýa-da dekoratiw maksatlar üçin ösümlikleri ösdürip ýetişdirmek, gazonlar üçin düşek otlaryny taýýarlamak, miweleriň düýplerini, sapmalary, çybyklary, sapmak üçin gözlüje gabyklary, kömelek şitilhanasyny taýýarlamak; nahalhanada (agaç nahalhanasyndan başga) şitilleri taýýarlamak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ösümlikleri tohumyndan ösdürmek (01.1, 01.2 seret); nahalhanalaryň (02.10 seret)* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *nahallaryny ösdürip ýetişdirmek* |
| | 01.4 | | | Maldarçylyk<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *suw jandarlaryndan başga ähli haýwanlary ösdürip ýetişdirmek*<br>***Bu topar öz içine almaýar:*** *oba hojalyk haýwanlaryny saklamak we olara ideg etmek işlerini üpjün etmek (01.62 seret); balyk we deňiz jandarlaryny köpeltmek we ösdürip ýetişdirmek (01.70, 03.21 seret); deri we bagana öndürmek üçin soýulýan mallary öndürmek we köpletmek (10.11 seret)* |
| | | 01.41 | 01.41.00 | Süýt önümçiligi üçin iri şahly gara mallary köpeltmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *süýt almak üçin iri şahly gara mallary köpeltmek; sygryň çig süýdüni öndürmek, beýleki iri gara mallardan çig süýdi öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *süýdi gaýtadan işläp taýýarlamak (10.5 seret)* |
| | | 01.42 | 01.42.00 | Agta öküzleri, iri şahly gara mallaryň beýleki görnüşlerini köpeltmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *et üçin agta öküzleri we iri şahly gara mallary, iş üçin ulanylýan iri şahly mallary-gäwmişleri we ýaklary, tohumlyk öküzleri köpeltmek we ösdürmek* |
| | | 01.43 | 01.43.00 | Atlary, gylýallary, eşekleri, gatyrlary, köpeltmek we ösdürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gylýallary (atlary), ahalteke tohum atlaryny köpeltmek, eşekleri gatyrlary köpeltmek we ösdürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *çapylýan atlaryň saklanýan athanalarynyň işlerini, çapyksuwarlaryň taýýarlanýan mekdebini we olaryň işlerini (93.19 seret)* |
| | | 01.44 | 01.44.00 | Düýeleri köpeltmek we ösdürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *erkek we ene düýeleriň köpeldip ösdürilişini we düýe çig süýdüniň önümçiligini* |
| | | 01.45 | 01.45.00 | Goýunlary we geçileri köpeltmek we ösdürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *goýunlary we geçileri köpeltmek we ösdürmek; goýun we geçi süýdüni öndürmek; ýuwulmadyk goýun ýüňlerini we geçi sütüklerini öndürmek.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *guramalar ýa-da şahslar tarapyndan gyrkymlaryň geçirilişiniň hyzmat üpjünçiliginiň guralyşyny (01.62 seret); geçi süýdüni täzeden işlemekligi (10.51 seret); ütülip taýýarlanan ýüňleriň önümçiligi (10.11 seret)* |
| | | 01.46 | 01.46.00 | Doňuzlary köpeltmek we ösdürmek |
| | | 01.47 | 01.47.00 | Oba hojalyk guşlaryny köpeltmek we ösdürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *towuklar, indeýkalar (hindi towuklary, indýuklar), gazlar, ördekler, sesarkalar ýaly oba hojalyk guşlaryny köpeltmegi we ösdürmegi,* olardan *ýumurtga öndürilişi, inkubatorlar arkaly guşlaryň köpeldilişini* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ýöriteleşdirilen guş fermalarynda (10.49 seret);*<br>*- guş perleriniň we sütükleriniň öndürilişini (10.12 seret); düýeguşlaryň, sülgünleriň we ş.m. köpeldilişini* |
| | | 01.49 | 01.49.00 | Haýwanlaryň başga görnüşlerini köpeltmek we ösdürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *öý ýa-da ýarym öý haýwanlary, düýeguşlar, ýemular, (Awstraliýa düýeguşy) we ş.m. oba hojalyk guşlaryndan gaýrysyny köpeltmek we ösdürmek; deri önümçiligine, mör-möjekleri, towşanlary, gymmatbaha derili çöl haýwanlaryny, süýrenijileriň we guşlaryň derileri (olaryň saklanýan we köpeldilýän ýerlerinde); ýerde ýaşaýan leňňeç şekillileri, ýagyş gurçuklaryny, iýmäge ýaramly balykgulaklary, fermada saklamak we köpletmek, ösdürmek; ýüpekçiligi ösdürmek üçin ýüpek gurçuklaryny saklamak, olardan pile öndürmek, pile önümlerini köpeltmek; balçylygy-ary ballaryny we ary mumlaryny öndürmek we köpeltmek, öý haýwanlaryny (balykdan başga) pişik, it, homýak, totyguş, we ş.m. köpeltmek we ösdürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *oba hojalyk guşlaryny köpeltmek (01.47 seret); aw awlanyp alnan haýwanlaryň derilerini öndürmek (01.70 seret); gurbagalary, krokodilleri, deňiz pyşdyllaryny ýörite ýerlerde köpeltmek (03.21;03.22 seret); balyklary köpeltmek (03.21;03.22 seret); öý haýwanlaryna baş öwretmek we olara ideg etmek (96.09 seret)* |
| | 01.5 | | | Ekinleri maldarçylyk bilen utgaşykly ösdürip ýetişdirmek |
| | | 01.50 | 01.50.00 | Ekinleri maldarçylyk bilen utgaşykly ösdürip ýetişdirmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *önümçilik, oba hojalyk we maldarçylyk önümlerini öndürmek; oňa hojalyk önümleriniň göwrümi, oba hojalyk meýdanlarynyň ölçegi bu aýgytlaýjy faktor däldir, şonuň bilen birlikde pudaklaryň hersinde ýöriteleşdirilen koeffisiýent jemi önümiň 66% göteriminden geçmeýär*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *haýwanlary köpeltmek (01.4 seret); oba hojalyk ekinlerini ösdürmek (01.1, 01.2, 01.3 seret)* |
| | 01.6 | | | Oba hojalyk we maldarçylyk pudaklaryndaky hyzmatlar<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *hyzmat ediş guramalaryň oba hojalygy pudagynda oba hojalyk önümlerini ýygnamak, olary çig mal hökmünde satmak üçin ilkinji gezek işlemek, hyzmatlary ýerine ýetirmek üçin işgärler bilen üpjün etmek* |
| | | 01.61 | 01.61.00 | Ösümlikçilik pudagyndaky hyzmatlar<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *sylag almak üçin ýa-da şertnama esasynda ýöriteleşdirilen hyzmamtlary: ýerleri işläp bejermek, ekiş we hasyl ýygnama boýunça hyzmatlar, howadan we ýöriteleşdirilen enjam bilen elde dermanlary ekinlere pürkmek, miweli baglaryň, üzümleriň artykmaç şahalaryny gyrkmak, şaly ekmek, şugundur ekmek we* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *hasylyny ýygnamak, ekinleri zyýan beriji mör- möjeklerden (şeýle hem towşanlardan) we haýwanlardan goramak, oba hojalyk ýerlerini kämilleşdirmek, ony ekişe ýaramly ýagdaýda saklamak, daş-töweregi gorap saklamak we göz öňünde tutulýan ýagdaýda saklamak, suwaryş ulgamlaryny oba hojalygyny ösdürmek maksatlaryna laýyk ulanmakdaky hyzmatlary üpjün etmek*<br>***Bu kiçi klas seýle-de öz içine alýar:*** *oba hojalyk maşynlaryny sürüjisi bilen bilelikde kärendesine bermek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *hasyly ilkinji gezek işlemek (01.63 seret); suwaryş kanallarynyň oba hojalyk maksatlary üçin ulanylmaýan ýagdaýlaryny (36.00 seret); oba hojalyk meýdanlaryndan geçýän drenažlar (43.12 seret); landşaft dizaýny (71.11 seret); oba hojalyk pudagyny agronomlar, ykdysatçylar we beýleki hünärmenler bilen üpjün etmek (74.90 seret); landşaftlary abadanlaşdyrmak (81.30 seret); oba hojalyk ýarmarkalaryny guramak (82.30 seret)* |
| | | | 01.61.10 | Suwaryş ulgamyny ulanmak |
| | | | 01.61.50 | Howadan dermanlary ekinlere pürkmek |
| | | | 01.61.90 | Oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmekdäki beýleki hyzmatlar |
| | | 01.62 | 01.62.00 | Maldarçylyk boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *sylag almak üçin ýa-da şertnama esasynda maldarçylyk pudagyndaky hyzmatlary: mallary saklamak, mallary emeli tohumlandyrmak, mallaryň sanyny we önümçiligini artdyrmak bilen bagly hyzmatlar, sürüniň ýagdaýyny barlamak, mallary öri meýdanlarynda bakmak, mallary sürmek; oba hojalyk guşlaryny biçmek, towuk ýataklaryny arassalamak we ş.m. hyzmatlar; emeli tohumlandyrmak; gylýallary (atlary) köpeltmek; goýunlary gyrkmak; haýwanlary saklamak we idetmek hyzmatlary*<br>***Bu kiçi klas seýle-de öz içine alýar:*** *atlara nal ýasaýan demirçi ussalaryň hyzmatlary*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *haýwanlary saklamak üçin mal ýataklary bilen üpjün etmekde hyzmatlar (68.20 seret); mal lukmanlarynyň (işi) hyzmaty (75.0 seret);haýwanlary daşamak üçin edilýän hyzmatlar (77.39 seret); öý haýwanlaryny saklamak (idemek), iýmitlendirmek hyzmatlary (96.09 seret)* |
| | | 01.63 | 01.63.00 | Oba hojalyk ekinlerini gaýtadan işlemek bilen baglanyşykly hyzmatlar<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *çig mal görnüşinde satmak maksady bilen oba hojalyk önümlerini işläp taýýarlamak (arassalamak, gyrkmak, dezinfeksiýa geçmek we sortlamak); pagta ýygmak, temmäki ýapraklaryny guratmak; kakao ösümliklerini arassalamak; uzak wagt terligini saklamak üçin miweleri mumlamak* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *oba hojalyk önümleriniň önüm öndürijiler tarapyndan işlenip taýýarlanmagy (01.1; 01.2; 01.3 seret); tohumlyk fond üçin tohumlyk önümleri işlemek hyzmaty (01.64 seret); temmäki ýapraklaryny işläp taýýarlamak (12.00 seret); söwda araçylarynyň we kooperatiwleriň hyzmatyny üpjün etmek (46 bölüme seret); oba hojalyk önümlerini çig mal görnüşinde lomaý satmak (46.2 seret)* |
| | | 01.64 | 01.64.00 | Tohum taýýarlamak we ekişe taýýarlanmak (tohum fonduny döretmek) bilen baglanyşykly hyzmatlar<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýygnalan hasyly tohumyň hilini gowulandyrmak maksady bilen ilkinji gezek işlemegiň (ýygnalanda owranan ýa-da gemrijiler, mör-möjekler tarapyndan zaýalanan, heňlän önümleri arassalamak we derman garyndylaryny sepmek we tohumluk önümleriň zaýalanman saklanmagyny üpjün etmek) hyzmatyny guramak, mundan başga-da genetiki taýdan modifisirlenen tohumlyk däneleri arassalamak, gyrkmak, sortlamak, dezinfeksiýa geçmek, tohumlyk däneleriň daşky görnüşini gowulandyrmak işleriniň hyzmaty hem girýär.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *tohumluk üçin ösümlikleri ösdürmek (01.1; 01.2 seret) ýagy alynýan ösümlikleriň tohumlaryny işläp taýýarlamak (10.41 seret); tohumlaryň täze görnüşlerini almak, hilini gowulandyrmak üçin ýa-da olaryň modifikasiýasy üçin ylmy barlaglary geçirmek hyzmatlary (72.11 seret)* |
| | 01.7 | | | Awçylyk, ýabany haýwanlary köpeltmek we ol ugurdaky hyzmatlar |
| | | 01.70 | 01.70.00 | Awçylyk, ýabany haýwanlary köpeltmek we ol ugurdaky hyzmatlar<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *täjirçilik maksatlary üçin awçylyk we ýabany haýwanlary köpeltmek; iýmitlik, derisini almak ýa-da barlag maksatlary üçin derisini almak üçin haýwanlary awlamagy goşmak bilen haýwanat baglarynda ýa-da öý haýwany hökmünde; bagana, süýrenijileriň derisini we awlanan guşlaryň, şol sanda tutulan haýwanlaryň derisini öndürmek; moržlar we týulenler ýaly deňiz süýdemdirijilerini awlamak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *bagana öndürmek, süýrenijileriň derisini we haýwanlary köpeldilýän fermalardaky guşlaryň derisini öndürmek (01.49 seret); görnüşini saklap galmak maksady bilen ýabany haýwanlardan başga fermalarda haýwanlary köpeltmek, (01.4 seret), läheňleri awlamak (03.11 seret); gassaphanalarda deri we ham öndürmek (10.11 seret); sport-höwesjeň awçylyk (93.19); awçylygyň we aw awlamagyň ösmegine ýardam edýän jemgyýetçilik guramalarynyň işi (94.99 seret)* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| **02** | | | | **Tokaý hojalygy we bu ugurlarda hödürlenilýän hyzmatlar**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *tokaýçylyk we agaç taýýarlanyşynyň işlerini, agaçlary köklerinden köpeltmegi we ýabany ösýän tokaý önümlerini ýygnamagy öz içine alýar. Agaç taýýarlamaklyga ilkinji gezek işlenen agaçlardan öndürilýän dykylyk gabyk (ýangyç agaçlary, direg agaçlary, agaç toplumlary) degişlidir. Bu işler tokaýda we ýörite tokaý plantasiýalarynda hem geçirilýär.*<br>***Bu bölüm öz içine almaýar:*** *agaç taýýarlanýan meýdanlarda taýýarlanmaýan, kesmek we profillere bölmek, agaçlary işläp taýýarlamak işleri (16.10 seret).* |
| | 02.1 | | | Tokaýçylyk we beýleki tokaý ösdürmek pudagynyň işleri |
| | | 02.10 | 02.10.00 | Tokaýçylyk we beýleki tokaý ösdürmek pudagynyň işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gurluşykda ulanylýan agaçlary ösdürip ýetişdirmek: agaç nahallaryny oturtmak, ýekelemek, tokaýy we kesilen agaçlar meýdanyny goramak; ýaş ösüntgi tokaýlaryny we balans agaçlaryny ösdürip ýetişdirmek, tokaý nahallaryndan agaç nahallaryny taýýarlamak we olary ösdürip ýetişdirmek işleri*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *täze ýyl arçalaryny ösdürip ýetişdirmek (01.29 seret); nahalhana (tokaý nahalhanasyndan başga) işlerini etmek (01.30 seret); kömelek we ş.m. ýabany ösýän tokaý önümlerini ýygnamak (02.30 seret); insiz ýukajyk agaçlary taýýarlamak (16.10 seret)* |
| | 02.2 | | | Agaç işläp bejermek |
| | | 02.20 | 02.20.00 | Agaç işläp bejermek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *agajy gaýtadan işläp bejerýän önümçilik üçin togalak agaçlary taýýarlamak; direg agaçlary üçin togalak agaçlary öndürmek, magdan känleri üçin direg sütünlerini, elektrik simlerini çekmek üçin sütünleri öndürmek; energetiki maksatlar üçin agaç galyndylaryny täzeden işlemek; agaç kömürlerini öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *täze ýyl agaçlaryny ösdürip ýetişdirmek (01.29 seret); gurluşyk üçin agaçlary ösdürip ýetişdirmek: nahallary oturtmak we goşmaça oturtmak, nahallary göçürip oturtmak we ýekelemek, tokaýy we kesilen agaçlary, meýdany goramak (02.10 seret) ýukajyk agaçlary öndürmek (16.10 seret); buglanyp taýýarlanýan agaç kömürlerini öndürmek (20.14 seret)* |
| | 02.3 | | | Ýabany ösýän tokaý önümlerini ýygnamak (agaçdan başga) |
| | | 02.30 | 02.30.00 | Ýabany ösýän tokaý önümlerini ýygnamak (agaçdan başga)<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýabany ösýän tokaý önümleri, mysal üçin, kömelek, trýufel, ir-iýmişler we hozlar, guttaperça, şepbikler,probka, ösümlik şireleri we ekstraktlary, dub gozajyklary, kaştan hozlary, lişaýnikleri ýygnamak* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ýokarda agzalan önümleriň ýörite ösdirilip ýetişdirilen önümleri, probka agajyndan başgasy (01 seret), ösdirilip ýetişdirilen kömelekler we trýufiller (01.13 seret); ösdürilip ýetişdirilen ir iýmişler we hozlar (01.25 seret); tokaý agaçlaryny ýakmak niýeti bilen ýygnamak (02.20 seret); ýukajyk agaçlaryň önümçiligi (16.10 seret)* |
| | | | 02.30.10 | Ýabany ösýän tokaý kömeleklerini, trýufilleri, miweleri, ir-iýmişleri, hozlary we beýleki iýmäge ýaramly tokaý önümlerini ýygnamak |
| | | | 02.30.90 | Beýleki agaç däl ýabany ösýän (iýmäge ýaramlysyndan başga) tokaý önümlerini ýygnamak |
| | 02.4 | | | Tokaý hojalygy pudagyna degişli hyzmatlar |
| | | 02.40 | 02.40.00 | Tokaý hojalygy pudagyna degişli (tokaý ösdürip ýetişdirmek we agaçlary taýýarlamak) hyzmatlar<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *sylag almak üçin ýa-da şertnama esasynda tokaý hojalygy bilen baglanyşykly (tokaýda (sanaw) tükelleýiş işini geçirmek, tokaýçylyk ugry bilen tokaýlara baha kesmek, tokaýy otdan goramak, tokaýy zyýankeşlerden goramak); agaç taýýarlamak bilen bagly (tokaýyň çäginde pürsleri daşamak we ugratmak)*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** howadan *dermanlary tokaýlara pürkmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *tokaý nahalhanalarynyň iş (02.10 seret); tokaý hojalygyna degişli ýerleri suwarmak (43.12 seret); gurluşyk meýdanlaryny arassalamak (43.12 seret)* |
| **03** | | | | **Balyk tutmak we balykçylyk**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *içki deňiz we süýji suwlaryndaky we açyk dünýä ummanlaryndaky suw bioresurslaryny ulanmak, has takygy, balyk, leňňeç şekilli jandarlary, beýleki bioresurslary, meselem, dür ýygnamak we gupka (köpöýjükli ýönekeý deňiz haýwanlarynyň bir görnüşi) tutmak we ş.m.; balykçylygy, leňňeç şekillileri köpeltmegi girizmek bilen we suw haýwanlaryny we suw otlaryny köpeltmek işinde işiň kömekçi görnüşlerini (meselem, dürleri sançmak işi) amala aşyrmak; balyk tutulýan gämileriniň özünde tutulýan balyklary, leňňeç şekilli suw haýwanlaryny we mollýuskalaryny gaýtadan işlemek.*<br>***Bu bölüm öz içine almaýar:*** *kenar ýakada ýerleşen balyk tutmak işini gönüden-göni amala aşyrmaýan balyk tutulýan gämilerde ýa-da balyk zawodlarda balyklary gaýtadan işlemek; (10.20 seret); balyk tutulýan gämileri gurmak we abatlamak (30.1, 33.15 seret); sport maksatly ýa-da dynç alyş üçin balyk tutmak (93.19 seret).* |
| | 03.1 | | | Balyk önümçiligi<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *tebigy suw şertlerinde ýaşaýan balyklary, mollýuskalary, leňňeç şekillileri tutmak;* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *adamlaryň peýdalanmagy üçin, şeýle hem haýwanlar, guşlar we balyklar üçin iýmleri öndürmekde ulanmak üçin umman we gaýry suwlardaky ýaýran ösümlikleri ýygnamak, balyklary köpeltmäge niýetlenen suw howdanlarynda balykçylyk (balyk ätiýaçlygyny we gaýry deňiz ýaşaýjylaryny köpeltmäge niýetlenen). Ýokarda sanalan işiň görnüşleri elde amala aşyrylýar (meselem, suw joşgunlarynda we gaýtgynlarynda mollýuskalary, midiýalary ýa-da ustrisalary ýygnamak), çeňňekleriň, torlaryň ýa-da balykçy gämileriniň kömegi bilen balyk tutylýan gämileriniň bortundan, kenarýaka suwlarda ýa-da açyk deňizde, derýalarda, deňizlerde we gaýry, şol sanda emeli howdanlarda* |
| | | 03.11 | 03.11.00 | Dünýä ummanlarynyň açyk çäklerinde we içerki deňiz suwlarynda balyk tutmaklyk (deňiz balykçylygy)<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *dünýä ummanlarynyň rugsat edilýän suw meýdanlarynda we içerki deňiz suwlarynda balyk awlamak, tutmak;leňňeç awlamak; deňiz mollýuskalaryny we leňňeç şekillilerini awlamak (tutmak); deňiz pyşdylyny, deňiz kirpisini, asidi we beýleki deňiz jandarlaryny tutmak (awlamak)*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *balyk tutmak bilen gönüden-göni meşgullanýan gämilerde balygy gaýtadan işlemek; merjenleri, gupkalary tutmak we deňiz ösümliklerini ýygnamak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *deňiz süýdemdirijilerini kitden-läheňden başga, meselem, mör-möjekleri we týulenleri (01.70 seret); läheňleri balyk gaýtadan işläp taýýarlaýan zowodlarda we balyk tutulýan gamilerde gaýtadan işläp taýýarlamak (10.11 seret); gury ýerde balygy gaýtadan işläp taýýarlaýan zowodlarda ýa-da balyk tutulýan gämilerde balyklary we leňňeç şekillileri, mollýuskalary gaýtadan işlemek (10.20 seret); kenarýaka ulaglary, suwda gezim edilýän gämileri ekipažy bilen birlikde kärendesine bermek (50.10 seret); balyk awlanyşyna gözegçilik etmek (84.24 seret); sport maksatly we balyk tutmagy halaýanlaryň balyk awlamagy we olary bu ugurdaky hyzmat bilen üpjün etmek (93.19 seret)* |
| | | 03.12 | 03.12.00 | Köllerde, kanallarda, emeli suw howdanlarynda balyk tutmaklyk (süýji suwlarda)<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *kanallarda, akar suw howdanlarynda, köllerde, emeli suw howdanlarda süýji suw jandarlaryny, leňňeç şekillileri, mollýuskalary, suw ösümliklerini ýygnamak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *balyklary, leňňeç şekillileri, mollýuskalary gaýtadan işlemek (10.20 seret); balyk tutulyşyna gözegçiilik etmek (84.24 seret); sport maksatly we balyk tutmaga höweskeleriň balyk tutuşyny bu ugurdaky* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *hyzmatlar bilen üpjün etmek (93.19 seret)* |
| | 03.2 | | | Balykçylyk<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *balykçylyk işi:deňiz we süýji suwlarda ýaşaýan jandarlary (balyklary, mollýuskalary, deňiz ösümliklerini, krokodilleri, amfibiýalary) tebigy gurşaw bilen deňeşdirilende has gowy şertler döretmek bilen olaryň sanyny köpeltmek maksady bilen fermalarda, esasan, ýaş balyklary ösdürilip ýetişdirilýär* |
| | | 03.21 | 03.21.00 | Deňiz balykçylyk<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *deňiz balyk hojalyklarynda, fermalarynda, balyk köpeldilýän ýörite ýerlerde balyk köpeltmek we idetmek.Balyga seleksiýa etmek, şeýle hem* dekoratiw balyklary, *balyk tohumlaryndan ýaş balyklary, ýas ustrisalary, midiýalary, molodlary, omarlary, langustlary, krewetkalary, krablary we ş.m.; seleksiýa ustrisalaryny ösdürip ýetişdirmek, olara ideg etmek, saklamak; iýmit üçin ustrisalary köpeltmek, olara ideg etmek we seleksiýa işini geçirmek. Dür önümçiligi üçin dür mollýuskalaryny (dürleri) köpeltmek, olara ideg we seleksiýa etmek, gyzylotlary we iýmäge ýaramly beýleki suw ösümliklerini ösdürip ýetişdirmek*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *şor, şorrak suwly ýörite suw howdanlarynda deňiz haýwanlaryny, ösümliklerini köpeltmek we ösdürip ýetişdirmek işleri; ýörite hojalyklarda we balyk howdanlarynda deňiz gurçuklarynyň köpeldiliş işleri*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *gurbaga ösdürip ýetişdirmek (03.22 seret); sport maksady bilen goraghanalarda balyk tutmak (93.19 seret)* |
| | | 03.22 | 03.22.00 | Süýji suwda balykçylyk<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *süýji suwlardaky balykçylygy ösdürmek we köpeltmek, olara ideg etmek we balyklaryň seleksiýalary bilen, şeýle hem gelşikli balyklar, ýaş balyklar, balyk liçinkalary we birinji ýylky balyk*lar, balyk tohumlary *bilen meşgullanýan hojalyklaryň işi. leňňeç şekillileri, mollýuskalary ösdürip ýetişdirmek we olara ideg edip saklamak bilen meşgullanýan süýji suw balyk hojalyklarynyň işi, gurbaga ösdürip ýetişdirýän hojalyklaryň işleri*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *şor suwly ätiýaçlyk çeleklerinde balyk tutmak (03.21 seret). sport maksady bilen goraghanalarda balyk tutmak (93.19 seret)* |
| **B (seksiýa): 05-09** | | | | **MAGDAN GAZYP ÇYKARYJY SENAGAT WE KÄNLERI IŞLÄP TAÝÝARLAMAK**<br>***Bu seksiýa öz içine alýar:*** *gazyp alynýan senagat tebigatda gaty jyns görnüşinde (kömür we magdan), suwuk ýagdaýda (nebit) ýa-da gaz görnüşli (tebigy gaz) gabat gelýän minerallaryň gazyp çykarylyşyny öz içine alýar. Gazylyp* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *alynýan baýlyklar ýerasty we açyk känlerde, şeýle hem skwažinalary ulanmak arkaly alynýar.*<br>*Bu seksiýa çig maly satmaga taýýarlamak bilen meşgullanýar: döwmek, guratmak, owratmak, sortlamak, peýdasyny artdyrmak, bişirip tokgalamak, nebitiň suwuny çekdirmek ýaly işleriniň bu görnüşleriniň hemmesini şol birlikler amala aşyrýar, ýagny gazyp çykaryjylar.*<br>*Peýdaly baýlyklary gazyp çykaryş esasy gazyp çykarýan minerallarynyň görnüşleri boýunça bölümlerde, toparlarda, klaslarda klassifisirlenýän 05 we 06 toparlar ýangyç-energetik toplumyny (kömür, magnit, torf, uglewodorod, uran känleri) öz içine alýar: 07 we 08 toparlar ýangyç-energetik toplumyndan başga demir-metal känlerine, dürli minerallara we dag jynslaryna degişli.*<br>*Käbir amallar, esasan hem, suwuk uglewodorodlaryň çykarylyşy sylag almak üçin ýa-da şertnama esasynda (09 bölüme seret) geçirilip bilner.*<br>***Bu seksiýa şeýle-de öz içine alýar:*** *kömür we magdan bişirmek.*<br>***Bu seksiýa öz içine almaýar:*** *gazylyp alnan baýlyklary, minerallary gaýtadan işlemegi (“C”seksiýany ilkinji işläp bejermek önümçiligi); gazylyp alnan jisimleri gurluşyk üçin soň işläp taýýarlamazdan (F bölüm); çykýan çeşmelerinden ýa-da skwažinalardan tebigy mineral suwlary çüýşelere gaplamak (11.07 seret); ýerasty we açyk känlerden gazylyp çykarylýan minerallar bilen bagly bolmadyk, owratma, döwme, käbir topraklary, dag jynslaryny we minerallaryny ilkinji işlemek (23.91 seret).* |
| **05** | | | | **Daş kömür we goňur kömür (lignit) gazyp çykarmak** |
| | 05.1 | | | Daş kömür gazyp almak |
| | | 05.10 | 05.10.00 | Daş kömür gazyp almak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýerasty we açyk känlerden daş kömrüni gazyp çykarmak; daşamak we saklamak üçin oňaýly bolar ýaly we himiki gowulandyrmak niýeti bilen ýuwmak, ululygyna görä toparlara bölmek we elemek, owratmak we ş.m. daş kömri gum üýşmeleginden saýlap çykarmak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *goňur kömri, (ligniti) gazyp çykarmak (05.20 seret); torf gazyp çykarmak (08.92 seret); daş kömrüni gazyp çykarmak işini sylag almak islegi bilen ýa-da şertnama esasynda hyzmatlar bilen üpjün etmek (09.90 seret); daş kömrüni gazyp almak üçin barlag burawlaryny geçirmek (09.90 seret); koks peçlerinde gaty ýangyç önümçiligi (19.10 seret); daş kömür alynjak ýeri taýýarlamak (43.12 seret); daş kömür briketleriniň önümçiligi (19.20 seret)* |
| | 05.2 | | | Goňur kömür (lignit) gazyp almak |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | 05.20 | 05.20.00 | **Goňur kömür (lignit) gazyp almak**<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *goňur kömri ýerasty we açyk känlerden gazyp almak, ýuwmak, ululygyna görä toparlara bölmek, elemek, owratmak we ş.m. işlerini goňur kömrüň hilini gowulandyrmak, we onuň daşalmagyny we saklanylmagyny ýeňilleşdirmek üçin geçirmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *daş kömri gazyp almak (05.10 seret); goňur kömri gazyp almak işleri, sylag almak maksady bilen ýa-da şertnama esasynda amala aşyrmak hyzmatlary (09.90 seret); daş kömri gazyp almak üçin geçirilýän barlag burawlary (09.90 seret); goňur kömür kerpişjiklerini (briketleri) öndürmek (19.20 seret); daş kömür gazyp alynjak meýdanlary taýýarlamak (43.12 seret)* |
| **06** | | | | **Tebigy gazy we çig nebiti gazyp almak**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *çig nebiti gazyp almak, bitumly slanesden çig nebit öndürmek we bitumly çägeden gaz we suwuk uglewodorodlary öndürmek.*<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *nebit we gaz känlerini we ýataklaryny işläp geçmek we peýdalanmak; burawlaýyş, buraw diňlerini (skwažinalary),enjamlaryny, abzallaryny we gurallaryny gurmak –gurnamak (montaž etmek) işleri; separatorlary ulanmak; emulýasiýalary gatlaklara bölüji gurallary, arassalaýjy enjamlary, çig nebiti ýygnaýjy gurallary, nebit we gaz känlerinden we ýataklaryndan ugradylmazyndan öň gazy ýa-da nebiti gaýtadan işlemek boýunça ýerine ýetirilýän beýleki işler.*<br>***Bu bölüm öz içine almaýar:*** *nebit we gaz ýataklaryny, skwažinalary (guýulary) burawlamak işlerini kärhanalaryň ýa-da daşary ýurt kompaniýalaryň sylag almak ýa-da şertnama esasynda ýerine ýetirmek hyzmatlary (09.10 seret); nebit we gaz ýataklarynda barlag işini geçirmek (09.10 seret); nebit önümlerini arassalamak, gaýtadan işlemek (19.20 seret); geodeziki gözleg işlerini geçirmek (71.12 seret).* |
| | 06.1 | | | Çig nebiti gazyp almak |
| | | 06.10 | 06.10.00 | Çig nebiti gazyp almak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *çig nebiti gazyp almak; bitumly slanesden we çäge gatlaklaryndan çig nebiti almak; dekantasiýa, suwuny aýyrmak, duzuny aýyrmak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *nebit we gaz ýataklaryndaky guýulary burawlamak (barlag işleri hem girýär) işlerini kärhanalaryň ýa-da daşary ýurt kompaniýalaryň sylag almak ýa-da şertnama esasynda ýerine ýetirmek hyzmatlary (09.10 seret); nebit we gaz känleriniň we ýataklarynyň barlag işleri (09.10 seret); nebiti gaýtadan işlemek esasynda suwuk nebitden gazy aýyrmak (19.20 seret); nebit önümlerini gaýtadan işläp arassalamak (19.20 seret); turba geçirijileriň ýa-da gaz geçirijileriň işlerini üpjün etmek* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *(49.50 seret); geodeziki we gözleg işlerini geçirmek (71.12 seret)* |
| | 06.2 | | | Tebigy (ýakylýan) gazy gazyp çykarmak |
| | | 06.20 | 06.20.00 | Tebigy (ýakylýan) gazy gazyp çykarmak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gaz halyndaky uglewodorodyň (tebigy gazyň) gazyp alnyşy we önümçiligi, kondensatlary çykarmak; suwuklandyrylan uglewodorodlaryň dekantasiýasy we seperasiýasy; gazyň desulfurasiýasy; ugratmak üçin tebigy gazy suwuklandyrmak we gaýtadan gazlandyrma*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *nebiti we gaz ýatagyndaky skwažinalary (guýulary) burawlamak (barlamak işi hem muňa girýär) işlerini kärhanalaryň sylag almak esasynda ýerine ýetirmek hyzmatlary (09.10 seret); nebit we gaz känlerinde we ýataklarynda barlag işlerini geçirmek (09.10 seret); nebiti gaýtadan işlemek esasynda nebitden gazy aýyrmak (19.20 seret); senagat gaz önümçiligi (20.11 seret); turba geçirijileriniň ulanylyşy (49.50 seret); geodeziki we gözleg işleri (71.12 seret)* |
| **07** | | | | **Metal magdanlaryny gazyp almak**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *ýerasty we açyk usul bilen metal magdanlaryny (şeýle hem demir magdanlaryny) gazyp almak; magdan känlerini baýlaşdyrmak (döwmek we owratmak, ýumak, bişirmek, magnit we grawatasiýa ýoly bilen magdanlary baýlaşdyrmak, guratmak, usulyna görä toparlara bölmek, elemek, magdany filotasiýalamak, kalsinirlemek we ýakmak)*<br>***Bu bölüm öz içine almaýar:*** *demir kolçedany ýakmak (20.13 seret), alýumin oksidiniň önümçiligi (24.42 seret); domna peçlerini ulanmak (24 bölüme seret)* |
| | 07.1 | | | Demir magdanlaryny gazyp almak |
| | | 07.10 | 07.10.00 | Demir magdanlaryny gazyp almak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *demir magdanlaryny we düzüminde demir saklaýan demir magdanlaryny gazyp almak; demir magdanlarynyň aglomelorasiýasy we baýlaşdyrylyşy*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *demir we magnit kolçedanyny gazyp almak we taýýarlamak (08.91seret)* |
| | 07.2 | | | Reňkli metallary gazyp almak<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *reňkli metal magdanlaryny gazyp almak* |
| | | 07.21 | 07.21.00 | Uran we toriý magdanlaryny gazyp almak<br>***Bu kiçi kiçi klas öz içine alýar:*** *uran we toriý magdanlaryny gazyp almak we olaryň ilkinji peýdasyny artdyrmak; sary kek (uran konsentranry) önümçiligi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *uran we toriý magdanlaryny baýlaşdyrmak (20.13 seret); anyklaýyş maksatlary üçin* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *radioaktiw maddalary öndürmek (21.20 seret); metall uranlaryny öndürmek (23.30 seret); eretmek we arassalamak (24.46 seret)* |
| | | 07.29 | 07.29.00 | Beýleki reňkli metallary gazyp almak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *magdanlary gazyp almak, esasan, reňkli metallary düzüminde saklaýan gymmat magdanlary taýýarlamak; alýumin (boksitler), mis, sink, gurşun, galaýy, marganes, hrom, nikel, kobalt, molibden, tamtal, wanadiý we ş.m.; gymmatbahaly metallary: altyny, kümşi, platinany hasaba alyp*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *uran we toriý magdanlaryny gazyp almak we olary baýlaşdyrmak (07.21 seret); alýumin oksidiniň önümçiligi (24.42 seret); nikel we mis şteýn önümçiligi (24.44;24.45 seret)* |
| | | | 07.29.10 | Mis magdanyny gazyp almak, ony baýlaşdyrmak |
| | | | 07.29.20 | Nikel magdanyny gazyp almak we ony baýlaşdyrmak |
| | | | 07.29.30 | Alýumin (düzümi çig mally) gazyp almak we ony anyklaýyş maksatlary üçin baýlaşdyrmak |
| | | | 07.29.40 | Gymmat bahaly metallaryň gazylyp alynmagy we olaryň baýlaşdyrylmagy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *altyn, kümüş, platina we platinalar toparyna girýän metallaryň gazylyp alynmagy; gymmat bahaly metallaryň çykýan ýerlerinde iş geçirmek we ulanmak işleri* |
| | | | 07.29.50 | Gurşun, sink, galaýy magdanlaryny gazyp almak we olary baýlaşdyrmak |
| | | | 07.29.90 | Beýleki toparlara goşulmadyk başga reňkli metal magdanlaryny gazyp almak we olary baýlaşdyrmak |
| **08** | | | | **Beýleki gazylyp alynýan peýdaly magdanlar**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *daş karýerlerinden gazyp alnyşy ýaly almowiýa gazyp almak, dag jynslaryny döwmek, duz känlerini işlemek. Gazylyp alnan dag jynslary we minerallar gurluşynda (çäge, daş we ş.m.), gurluşyk materiallary (palçyk, gips we ş.m) bolan himiki önümleri öndürmekde ulanylýar*<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *dag jynslarynyň we minerallaryň ilkinji işleniş proseslerini: döwmek, ownatmak, ýumşatmak, arassalamak, guratmak, sortlamak, garyndy taýýarlamagy* |
| | 08.1 | | | Gurluşyk üçin daş, çäge, palçyk gazyp almak |
| | | 08.11 | 08.11.00 | Bezeg gurluşyk daşlaryny: hek, gips, mel, gatlakly toýun gazyp almak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *açyk usul bilen mermer, granit, gumdaş we ş.m. gödek ýonulan we kesilen bezeg we gurluşuk daşlaryny karýerlerden işläp çykarmak: daşlary döwmek we ownatmak; hek daşyny döwmek we* owratmak; *gips daşyny we angidriti gazyp almak; hek we dolomit gazyp almak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *himiýa senagaty üçin* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *minerallary we dökün öndürmek üçin çig mallary gazyp almak (08.91 seret); daşlary kesmek, gaýtadan işlemek we bezeg işlerini geçirmek känlerden başga ýerde (23.70 seret); kalsinirlenen dolomit gazyp almak (23.52 seret)* |
| | | | 08.11.10 | Bezeg we gurluşyk daşaryny gazyp almak |
| | | | 08.11.20 | Hek daşyny we gips gazyp almak |
| | | | 08.11.30 | Hek we kalsinirlenmedik dolomit gazyp almak |
| | | | 08.11.90 | Gatlakly toýun (çägesöw) gazyp almak |
| | | 08.12 | 08.12.00 | Çagyl daşlaryny we çäge gazyp almak, toýun we kaolin gazyp almak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** senagat we gurluşyk üçin çäge, çagyl gazyp almak, çägäni, daşy we çagly urup döwmek we owratmak; oda çydamly toýun we kaolin gazyp almak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** bituminoz çägesini gazyp almak (06.10 seret); himiýa senagaty üçin minerallar we dökün öndürmek üçin çig mal gazyp almak (14.30 seret)* |
| | | | 08.12.10 | Çagyl daşlaryny we çäge gazyp almak |
| | | | 08.12.90 | Toýun we kaolin gazyp almak |
| | 08.9 | | | Beýleki toparlara girizilmedik peýdaly magdanlary gazyp almak |
| | | 08.91 | 08.91.00 | Himiýa senagaty we dökün önümçiligi üçin mineral çig mallaryny gazyp almak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** tebigy fosfaty, kaliý duzuny, tebigy kükürt gazyp almak we gaýtadan işlemek; tebigy sulfatbarini (barit) we karbonat barini (witerit), tebigy boraty, tebigy magniý sulfatyny (kiserit) gazyp almak, mineral reňkleýjileri we plawik şpatlary gazyp almak; goýak gazyp almak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** duz gazyp almak we duz önümçiligi (08.93 seret); demir kolçedany ýakmak. (20.13 seret); himiki dökünleri we azot birleşmelerini öndürmek (20.15 seret)* |
| | | | 08.91.10 | Tebigy fosfat we kaliý duzuny gazyp almak |
| | | | 08.91.20 | Tebigy kükürt gazyp almak |
| | | | 08.91.90 | Beýleki himiýa senagaty we dökün önümçiligi üçin mineral çig mallaryny gazyp almak |
| | | 08.92 | 08.92.00 | Torf gazyp almak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** torf gazyp almak, saklamak, hilini gowulandyrmak we ugratmak maksady bilen torfy işläp taýýarlamak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** torfy sylag almak üçin ýa-da şertnama esasynda gazyp almak (09.90 seret); torf briketlerini öndürmek (19.20 seret); torfuň bazasynda ösümlikler üçin torf, tebigy toprak, çäge, toýun, dökün garyndysyny taýýarlamak (20.15 seret); torfdan haryt öndürmek (23.99 seret)* |
| | | 08.93 | 08.93.00 | Duz gazyp almak |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýerasty duz känlerinde eretmegi we gazyp çykarmagy hasaba almak bilen duz gazyp almak, duzly deňiz we beýleki suwlary bugartmak ýollary bilen duz öndürmek; duzly erginleri öndürmek; duzy ownatmak, arassalamak we rafinirlemek (durlamak)* ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *iýmek üçin ýodlanan duz öndürmek (10.84 seret); duzly suwy süýjetmek esasynda agyz suwuny öndürmek (36.00 seret)* |
| | | 08.99 | 08.99.00 | Beýleki toparlara goşulmadyk başga peýdaly magdanlary gazyp almak ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýerasty gazyp alyş usuly bilen dürli minerallary we materiallary gazyp almak; abraziw materiallary: asbest, diatomin, tebigy grafit, steatit (talk), polluk şpatlary we ş.m.; gymmatbaha daşlar; kwars, silýudlary we ş.m.; tebigy asfaltlary we bitumlary gazyp almak* |
| | | | 08.99.10 | Tebigy asfalty we bitumy gazyp almak |
| | | | 08.99.20 | Tebigy gymmat bahaly (almazdan başga) we ýarym gymmat bahaly daşlary gazyp almak |
| | | | 08.99.21 | Tebigy gymmat bahaly (almazdan başga) daşlary gazyp almak |
| | | | 08.99.22 | Tebigy ýarym gymmat bahaly (almazdan başga) daşlary gazyp almak |
| | | | 08.99.30 | Tebigy almaz daşlaryny gazyp almak |
| | | | 08.99.40 | Pemza we tebigy abraziw materiallary gazyp almak |
| | | | 08.99.90 | Dag jynslaryny we beýleki materiallary gazyp almak |
| **09** | | | | **Peýdaly magdanlary gazyp almak boýunça hödürlenilýän hyzmatlar** ***Bu bölüm öz içine alýar:*** *sylag almak üçin ýa-da şertnama esasynda gazylyp alynýan peýdaly magdanlary gazyp almak bilen bagly hyzmatlar, gazylyp alynýan magdan,magdan känlerini gazyp almak, barlag işlerini geçirmek, geologiki barlag işlerini geçirmek we nusgalyk materiallar almak bilen bagly hyzmatlar; barlag burawlama, ugrukdyrylan burawlama we gaýtadan burawlama, şol sanda gara we reňkli metallar känini işlemek bilen bagly hyzmatlar, buraw diňlerini (wyşkalaryny) gurnamak we abatlamak hem-de sökmek işleri we burawlaýyş gurallaryny gurnamak, nebit we gaz skwažinalaryna oturdylan turbalary sementlemek, skwažinalardan (nebiti we gazy) nasoslap çykarmak, skwažinalaryň dykylmagy we ýapylmagy we ş.m. işler, emele gelen emulsiýalary bölmek üçin separatorlary işlemek, arassalaýyş we çig nebiti almak üçin ulanylýan gurallary işletmek bilen bagly hyzmatlar* |
| | 09.1 | | | Tebigy gaz we nebit almak bilen bagly hyzmatlar |
| | | 09.10 | 09.10.00 | Tebigy gaz we nebit almak bilen bagly hyzmatlar ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *sylag almak üçin ýa-da şertnama esasynda nebit we gaz gazyp almak bilen bagly* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *hyzmatlar:işlenilip duran, nebit we gaz çykýan ýerlerde gazyp almak we işi doly gutarmak göz öňünde tutulan ugur boýunça burawlamak we gaýtadan burawlamak; ýarym burawlaýyş işleri; burawlaýyş gurallaryny gurnamak, ony abatlaýyş işleri we iş gutarandan soňra sökmek; nebit we gaz ýataklaryndaky skwažinalara oturdylan turbalary sementlemek, turbalardan nebit-gazy nasoslap çykarmak; skwažinalaryň dykylmagy we ýapylmagy we ş.m. gaz önümlerini ugratmak maksady bilen tebigy gazy gazyp alynýan ýerinde suwaltma we uglewodlary öndürmek. Nebit-gaz çykarylýan ýataklary ýangyndan goramak we ýangyna garşy göreş çärelerini geçirmek* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *sylag almak üçin ýa-da şertnama esasynda nebit we gaz gazyp almak (06.10;06.20 seret); peýdaly magdan gazyp alnyşy bilen bagly gurallary we maşynkalary abatlamak işleri (33.12 seret); gaz önümlerini ugratmak maksady bilen gazylyp alynýan ýerlerinde, daşarda gazy suwaltma we belgileme işleri (52.21seret); geofiziki, geologiki we seýsmiki gözleg, barlag işlerini sylag almak we şertnama esasynda ýerine ýetirmek (71.12 seret)* |
| | | | 09.10.10 | Tebigy gaz almak we nebit çykarmak üçin skwažinalary burawlamak |
| | | | 09.10.20 | Tebigy gaz önümlerini ugratmak üçin gazy suwaltma we gaýtadan ýene gaz halyna getirmek |
| | | | 09.10.30 | Nebitgaz toplumynyň desgalaryna hyzmat etmekde senagat howpsuzlygy boýunça işler |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *nebitgaz işleriniň we geologiýa-gözleg işleriniň enjamlaryny taýýarlamak, tehniki taýdan hyzmat etmek we abatlamak bilen bagly işler: şol sanda: buraw gurnama enjamlaryny, ýerasty guýulary düýpli abatlamak üçin gurnamalary, taşlandylara garşy enjamlary, armatury we guýularyň düýbüni jebisleşdirme (germetizasiýalaşdyrma) üçin abzaly, çüwdürim armaturyny, nebit çykarmak üçin sorujylary, göçme sorujy we gysyjy enjamlary, ýuwujy enjamlary, awtoçelekleri we turşulyklary daşaýan maşynlary, toparlaýyn ölçeg enjamlaryny, nebiti we gazy gaýtadan işleýän zawodlar üçin enjamlary, tehniki enjamlary, blok sorujylary we gysyjy beketleri işe goýberiş-sazlaýyş amallary üçin gurallary we enjamlary, nebiti we gazy burawlamak we çykarmak üçin enjamlary, gözegçilik we düzgünleşdiriş gurallaryny taýýarlamak, tehniki taýdan hyzmat etmek we abatlamak, buraw abzallaryny we nebit-gaz işleriniň enjamlaryny ýygnamak we götermek üçin tehnologiýa taýdan ýük göteriji enjamy, geofiziki barlaglar we guýulary synag etmek üçin enjamlara, nebit we gaz guýularyna hyzmat etmek we olary abatlamak; guýulary* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *ýuwmak üçin enjamlary we abzallary taýýarlamak, tehniki taýdan hyzmat etmek we abatlamak; buraw üçin turbalary taýýarlamak, tehniki taýdan hyzmat etmek we abatlamak; magistral turbageçirijileri üçin turbalary, fason önümlerini, enjamlary, baglaýjy düzgünleşdiriji, goraýjy armaturyny, gözegçilik we düzgünleşdiriş gurallaryny taýýarlamak, tehniki taýdan hyzmat etmek we abatlamak, nebit we gaz senagatynyň önümçiliklerini we desgalaryny ulanmak bilen bagly işler: nebit, gaz we gaz kondensatly ýataklary işlemek; magistral turba geçiriji ulgamlaryny ulanmak; nebiti, gazy gaýtadan işleýän zawodlary ulanmak; nebiti we gazy toplumlaýyn taýýarlaýyş enjamlaryny, separasiýa enjamlaryny, sorujy we gysyjy beketleri, rezerwuar parkyny, nebit-gaz çykaryjy hem-de nebiti we gazy gaýtadan işleýän toplumlaryny ulanmak; nebit, gaz we gaz kondensatly ýataklarda, termal suwly ýataklarda, ýerasty we açyk känlerde geofiziki meýdan işlerini, senagat-geofiziki barlaglaryny alyp barmak (atyş we partlaýyş işlerini geçirmekligi goşmak bilen); çüwdürime garşy göreş we gazdan halas ediş işleri («Uglewodorod serişdeleri hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda nebit işlerini alyp barýanlar muňa girmeýär)* |
| | | | 09.10.90 | Tebigy nebiti we gazy gazyp almak bilen bagly beýleki hyzmatlar |
| | 09.9 | | | Gazylyp alynýan peýdaly magdanlary gazyp almak bilen bagly beýleki hyzmatlar |
| | | 09.90 | 09.90.00 | Gazylyp alynýan peýdaly magdanlary gazyp almak bilen bagly beýleki hyzmatlar<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *sylag almak üçin ýa-da şertnama esasynda beýleki gazylyp alynýan peýdaly magdanlary gazyp almak bilen bagly hyzmatlar (05;07;08) gazylyp alynýan känlerde barlag işlerini, geologiki gözlegleri we nusgalyk almak işlerini sylag almak üçin ýa-da şertnama easynda ýerine ýetirmek hyzmatlary (barlag üçin geçirilýän burawlaýşy hasaba almak bilen şahtalardan sorduryp çykarmak ýa-da şahtalary çalykdyrmak işleri)*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *känleriň we şahtalaryň üçünji tarapdan ulanylyşy (sylag almak ýa-da şertnama esasynda) (05,07,08 seret); känlerden peýdaly magdanlary gazyp çykarmak üçin ulanylýan maşynlary we gurallary abatlamak işleri (33.12 seret); sylag almak ýa-da şertnama esasynda guýularda geofiziki, geologiki barlag işlerini we seýsmologiki barlag işlerini alyp barmak (71.12 seret)* |
| | | | 09.90.10 | Daş kömri gazyp almak we baýlaşdyrmak bilen bagly hyzmatlar |
| | | | 09.90.20 | Magdan gazyp alyjy senagatda senagat howpsuzlygy boýunça işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *dag-magdan işlerini, gazylyp* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *alynýan peýdaly magdanlaryň känlerini, gidrotermal, bejeriş we senagat suwlarynyň hem-de palçyklaryň känlerini gazyp almak işlerini; dag-magdan önümçiliklerini we desgalaryny gurmak bilen bagly işler: ýerasty magdan çykarylýan ýerleri we desgalary gurmak; karýerleri we magdan çykaryjy kärhanalaryň ýokarky (ýerüsti) tehnologiýaly toplumyny gurmak; gidrotehniki desgalary gurmak; ýerasty ulag desgalaryny gurmak; ýörite ýerasty desgalary gurmak; dag-magdan önümçiliklerinde we desgalarynda gurnamak, sazlamak we gözleg işlerini geçirmek; dag-magdan önümçiliklerini we desgalaryny ulanmak bilen bagly işler: gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ýataklaryny ýerasty usul bilen işlemek; gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ýataklaryny açyk usul bilen işlemek; gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ýataklaryny ýerasty we açyk usul bilen bilelikde işlemek; magdan çykarylan ýerleri we tebigy ýerasty giňişlikleri halk hojalygynyň desgalaryny ýerleşdirmek üçin peýdalanmak, ýerasty magdan çykarylýan ýerleri we desgalary gurmak; karýerleri we magdan çykaryjy kärhanalaryň ýokarky (ýerüsti) tehnologik toplumyny gurmak; ýörite ýerasty desgalary gurmak; dag-magdan enjamyny abatlamak bilen bagly işler, dag-magdan önümçiliklerini we desgalaryny ulanmak bilen bagly işler: gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ýataklaryny ýerasty usul bilen işlemek; gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ýataklaryny açyk usul bilen işlemek; gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ýataklaryny ýerasty we açyk usul bilen bilelikde işlemek; magdan çykarylan ýerlerini we tebigy ýerasty giňişliklerini halk hojalygynyň desgalaryny ýerleşdirmek üçin peýdalanmak («Uglewodorod serişdeleri hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda nebit işlerini alyp barýanlar muňa girmeýär)* |
| | | | 09.90.90 | Beýleki mineral çig mallaryny we gurluşyk daşlaryny gazyp almak bilen bagly hyzmatlar |
| **C (seksiýa): 10-33** | | | | **IŞLÄP BEJERÝÄN ÖNÜMÇILIKLER (IŞLÄP BEJERÝÄN SENAGAT)**<br>*Gaýtadan işläp bejerýän senagat materiallary, maddalary täze önümiň komponentlerini işläp bejermegiň ähli görnüşlerini (mehaniki işleri, fiziki we himiki gurluşlaryny üýtgetmek) öz içine alýar. Gaýtadan işläp bejermekde ilkinji materiallar, esasan, oba hojalyk çig mallary, tokaý önümleri, balyk tutmak, şeýle-de gazylyp alynýan daşdan we minerallardan ybaratdyr.*<br>*Aralykdaky üýtgetmeler: azyk önümleriniň täzelenmegi we üýtgemegi hem täzeden işläp bejeriş senagatyna degişli bolup duryar. Öndürilen önümleriň ulanmaga taýýar* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *görnüşinde bolmagy ýa-da indiki täzeden işlemelere ýarymfabrikat bolup hyzmat etmegi mümkin, meselem, alýumin önümçiliginde arassalanan alýuminler alýumin simlerini öndürmek üçin çig mal bolup hyzmat edýär. Şeýle hem alýumin önümlerini öndürmek üçin alýuminler gaýtadan işlemelere sezewar edilýär. Öndürilýän maşynlara we gurallara degişli ýöriteleşdirilen önümiň düzümleri (komponentleri) jikme-jik taýýarlanylýar, düzgüne görä, olar şu toparlara – maşyn we gurallary öndürýän önümçilige degişli edilýär. Şeýle bolsa, ýöriteleşdirilen plastmassa önümleri we olara degişli bölekleriň iň gowy galyplary bu topara girizilen 22.2.* <br> *Ýöriteleşdirilmedik önümiň, maşynlaryň we gurallaryň şaýlarynyň, meselem, klapanlaryň, şesterinkalaryň, porşnlaryň, elektrik motorlaryň, elektrik simleriň öndürilişi“. Gaýtadan işläp bejerýän önümçiligiň “S” seksiýasynyň degişli toparynda nähili maşynlaryň, gurallaryň hataryna girýändigine seretmezden klassifisirlenýär”. Öndürilýän önümiň komponentlerini gurnamak işleri täzeden işläp bejerýän senagata degişlidir. Käte taýýar önümiň önümçiligi hem galyndy materiallardan işlenendigine garamazdan “Gaýtadan işläp bejerýän önümçilige” degişli hasaplanýar. Mysal üçin, galyndy kümüşlerden önüm öndürmek “Gaýtadan işläp bejerýän önümçilige”degişli edilýär.* <br> ***Bu seksiýa öz içine almaýar:*** *oba hojalyk önümlerini ilkinji işlemek (A seksiýa seret); tokaý önümlerini taýýarlamak (A seksiýa seret); gazylyp alynýan dag jynslaryny we minerallaryny gazyp almak (B seksiýa seret); tehniki hyzmatlar we ýöriteleşdirilen maşynlary we önümçilik enjamlaryny abatlamak (33 bolüme seret); ýöriteleşdirilen maşynlary we önümçilik gurallaryny gurnamak (13.20 seret); galyndylary ilkinji derejeli çig mala öwürmek üçin işlemek (38.3 seret); awtoulag serişdelerini abatlamak (45 seret); azyk önümlerini gönüden-göni ýerinde sarp etmek üçin öndürmek (56 bölüme seret); obýektleri gurmak; olary dikeltmek üçin käbir amallary ýerine ýetirmek (F seksiýa seret); satuw üçin harytlary çekmek we gaplamak, suw ösümlikleri çüýşelere gaplap satuwa taýýarlamak. Buýurma esasynda kompýuterleri ýygnamak, gurnamak, galyndylary sortlamak, şahsy buýurmalar esasynda metallary kesmek, buýrujylaryň talaplaryna görä harytlaryň görnüşini özgerdip öndürmek (G seksiýa seret); ulanylýan şahsy enjamlary we kompýuterleri abatlamak (95 seret).* |
| **CA (kiçi seksiýa): 10-12** | | | | **AZYK ÖNÜMLERI (IÇGILERI HASABA ALYP) WE TEMMÄKI ÖNÜMLERINI ÖNDÜRMEK** <br> ***Bu kiçi seksiýa öz içine alýar:*** *içgi suwlaryny içine almak* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *bilen maldarçylykda, balykçylykda öndürilýän önümleri gaýtadan işläp, işlemäge sarp edilýän azyk önümlerini öndürmek, mallar üçin ot-iýim öndürmek muňa girmeýär. Iýilmeýän ýarym fabrikatlar hem bu topara girýär. Önümiň bir görnüşiniň önümçiligi köpelýän önümiň beýleki görnüşiniň öndürilmegine şert döredýär, (meselem, mallaryň soýulmagy deri, ham önümleriniň hem alynmagyna getirýär we bir topara degişli bolýar; künjara öndürmek ýag önümçiligi bilen baglanyşykly ýüze çykýar). Bu bölüm öndürilýän önümleriň görnüşlerine görä ownuk toparlara bölünen: et, balyk, gök önümler we miweler, ýaglaryň görnüşleri, un üwelýän, ýarma öndürýän senagat, mallar üçin ot-iým öndürmek, içgi önümleri we temmäki azyk önümlerini öndürmek.* |
| | | | | *Azyk önümçiligi sylag almak ýa-da şertnama esasynda hem öndürilip bilner. Önüm öndürip, ony öndürilen ýerinde satmak, ýerlemek (meselem, çörek-bulka önümleri we konditer önümleri we ş.m.) işlerini amala aşyrýan guramalaryň işleri hem gaýtadan işläp bejerýän senagata degişlidir.* |
| | | | | *Eger öndürilýän önümiň mukdary az bolup, onuň esasy işi söwda-satuw bolanda bu guramalar S seksiýa, ýagny "Lomaý we bölek söwda maşynlary we awtoulaglary abatlamak toparyna degişlidir". Öndürilen ýerinde sarp etmek üçin azyk önümlerini taýýarlamak 56-njy bölüme goşulandyr. Mallar üçin galyndylardan, şol sanda gassaphana galyndylaryndan ot-iým taýýarlamak önümçiligi 10.9 topara goşulan, ýöne azyk önümleriniň galyndylaryny ilkinji gezek işlemek senagaty 38.3 topara we 38.21 klasa goşulan.* |
| **10** | | | | **Azyk önümlerini öndürmek** |
| | 10.1 | | | Et önümlerini öndürmek |
| | | 10.11 | 10.11.00 | Et önümçiligi (gaýtadan işlemek we saklamak), guş etinden başga<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *iri şahly mallary, goýunlary, geçileri, doňuzlary, atlary we beýleki mallary soýmak, täze, sowadylan ýa-da doňdurylan läş görnüşindäki etleri bölmek, çekmek işleri; ikinji derejeli et önümlerini gaýtadan işlemek*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *gury ýerde ýa-da ýöriteleşdirilen gämilerde kitleri, läheňleri soýmak we etini gaýtadan işlemek; soýulýan mallardan derileri, çig hamlary, tüýli derileri öndürmek; iýilýän mal ýaglaryny ýakyp arassalamak; ikinji derejeli önümleri gaýtadan işlemek; derilerden ütülip alynýan ýüňleri öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *oba hajalyk guşlaryndan ýaglaryň önümçiligi (10.12 seret); etleri çekip gaplamak (82.92 seret)* |

2-nji tablisanyň dowamy

| **Bölüm** | **Topar** | **Klas** | **Kiçi klas, görnüş** | **Ady** |
|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** |
| | | | 10.11.10 | Täze, sowadylan we doňdurylan etleriň we etleriň ikinji derejeli bölekleriniň önümçiligi |
| | | | 10.11.90 | Soýlan mallardan we ýabany haýwanlardan öndürilýän beýleki önümler |
| | | 10.12 | 10.12.00 | Oba hojalyk guşlaryndan et we et önümlerini öndürmek (gaýtadan işlemek we saklamak)<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *guş soýulýan gassaphanalarda guşlary soýmak, böleklere bölüp, çekip taýýarlamak; paýlara bölünen guş etleriniň önümçiligi, sowadylan we doňdurylan oba hojalyk guşlaryndan iýilýän ýaglaryň önümçiligi*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *guş perlerini we sütüklerini öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *etleri gaplamak (82.92 seret)* |
| | | | 10.12.10 | Täze sowadylan we doňdurylan guş etleriniň we iýilýän ikinji derejeli et önümleriniň önümçiligi |
| | | | 10.12.90 | Soýulýan guşlaryň etlerinden beýleki önümleri öndürmek |
| | | 10.13 | 10.13.00 | Etden we guş etinden önümleriň (taýýar önümler) öndürilişi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *guradylan, duzlanan, kakadylan we ş.m. etleri öndürmek; sosiskalar, salýamiler, mortadeller, gaply we beýleki kolbasalar; konserwler, paştetler, guýmalar, gaýnadylan butlary, et ekstratlary, şireleri we beýlekiler; taýýar etli tagamlary öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *taýýar doňdurylan et önümleriniň önümçiligi (10.85 seret); içi etli çorbalary öndürmek (10.89 seret); lomaý et söwdasy (46.32 seret); etleri gaplamak (82.92 seret)* |
| | | | 10.13.10 | Duzlanan, şerebä ýatyrylan, guradylan ýa-da kakadylan etler we guş etiniň önümleri, ikinji derejeli iýilýän et önümleriniň önümçiligi |
| | | | 10.13.90 | Şöhlat önümleri we beýleki taýýar et önümleri we ikinji derejeli çorbalyk et önümleri we mal ganlaryndan öndürilýän önümleriň önümçiligi |
| | 10.2 | | | Balyklary mollýuskalary we leňňeç şekillileri gaýtadan işlemek we konserwirlemek |
| | | 10.20 | 10.20.00 | Balyklary, mollýuskalary we leňňeç şekillileri gaýtadan işlemek we konserwirlemek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *balyklary, leňňeç şekillileri, mollýuskalary gaýtadan işlemek we konserwirlemek; sowatmak, doňdurmak, guratmak, kakatmak, duzlamak, şerebä ýatyrmak, konserwirlemek we ş.m. balyk, leňňeç şekilliler we mollýuska önümlerini öndürmek; gaýnadylan balyk, balyk eti, süýdi, işbili, işbiliň ornuny çalşyjylar we ş.m. taýýar balyk tagamlaryny öndürmek; diňe balygy gaýtadan işlemek we konserwirlemek bilen meşgullanýan gämileriň işi; adamyň sarp etmegi üçin ýa-da mal iýmiti hökmünde peýdalanmak üçin ýaramly balyk ununy öndürmek* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *diňe balygy gaýtadan işlemek, konserwirlemek we deňiz ösümliklerini gaýtadan işlemek bilen meşgullanýan ýöritelşdirilen gämileriň işleri* ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *hem balyk tutmak hem balygy gaýtadan işlemek we konserwirlemek bilen meşgullanýan gämileriň işi (03.11 seret); ýörite gaýykly bortlarda kitleri gaýtadan işlemek (10.11 seret); deňiz önümlerinden we balykdan ýaglary öndürmek (10.41 seret); doňdurylan taýýar balyk tagamlaryny öndürmek (10.85 seret); balyk çorbasyny öndürmek (10.89 seret)* |
| | | | 10.20.10 | Balyklary, leňňeç şekillileri, mollýuskalary sowatmak, doňdurmak we olary täze durkunda saklamak |
| | | | 10.20.90 | Balyklary, leňňeç şekillileri, mollýuskalary başga usullar bilen gaýtadan işlemek we olardan iýmäge ýaramly we iýilmeýän önümleri öndürmek |
| | 10.3 | | | Gök önümleri we miweleleri gaýtadan işlemek |
| | | 10.31 | 10.31.00 | Ýeralmany gaýtadan işlemek we ýapmak ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýeralmany ilkinji işlemek we saklamak. Taýýarlanylan doň ýeralmany öndürmek, ýeralmadan guradylan şüle öndürmek, ýeralmadan sowuk nahar (zakuska) öndürmek; ýeralma çipsilerini öndürmek, iri we ownuk üwelen ýeralma ununy öndürmek; ýeralmany mehaniki arassalamak* ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *ýeralmany senagatda arassalamak* |
| | | 10.32 | 10.32.00 | Miwe we gök önümlerden şireli içgileri öndürmek ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *miwelerden we gök önümlerden şire almak, konsentratlary we nektarlary taýýarlamak önümçiligi* |
| | | 10.39 | 10.39.00 | Miweleri we gök önümleri başga usullar bilen gaýtadan işlemek we konserwirlemek ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *doňdurylan önümlerden we konserwlerden başga, esasyny miwe we gök önümler tutýan azyk önümlerini öndürmek önümçiligi, miweleri, gök önümleri we hozlary konserwirlemek; doňdurmak, guratmak, ýaga ýa-da sirkä ýatyrmak; jebis gaplarda konserwirlemek; miwelerden we gök önümlerden azyk önümlerini we pastalary taýýarlamak jem, žele, marmelad öndürmek; göwrulan, duzlanan ýa-da başga usullar bilen hoz öndürmek; hozdan azyk önümlerini we pastalary öndürmek* ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *miwe we gök önümleriň bazasynda işdäaçarlary, işdäaçar garyndylaryny (gaplanan görnüşde), kesilip taýýarlanan we arassalanan gök önümleri, soýa çig maly bolan tof öndürmek* ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *miwe we gök önümlerden şire öndürmek (10.32 seret) guradylan kösükli ösümliklerden iri* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *we ownuk üwelen un öndürmek (10.61 seret); miweleri we hozlary konserwirlemek (10.82 seret), gök önümlerden taýýar tagamlar öndürmek (10.85 seret), emeli konsentratlary öndürmek (10.89 seret)* |
| | 10.4 | | | Ösümlik we mal ýaglaryny öndürmek<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *ýakylan doňuz ýaglaryndan we beýleki iýmäge ýaramly haýwanlaryň ýaglaryndan başga ösümlik we mal ýaglaryny öndürmek* |
| | | 10.41 | 10.41.00 | Ösümlik we mal ýaglaryny öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *arassalanmadyk ösümlik ýagyny öndürmek: zeýtun, soýa, palma, günebakar, pagta, raps (surepka), gorçisa, zygyr we ş.m.; ýagsyzlandyrylmadyk, iri we ownuk üwelen ýagy alynýan ösümlikleriň dänesinden un öndürmek; arassalanan ösümlik ýaglaryny öndürmek: zeýtun, soýa we ş.m.; ösümlik ýaglaryny ilkinji gezek işlemek: ýuwmak, gaýnatmak, kislotalar bilen arassalamak, polimerizasiýa, degidratasiýa, gidrogenizasiýa we ş.m.geçirmek*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *iýilmeýän haýwanlardan ýag önürmek; balyk we deňiz süýdemdirijilerinden ýag öndürmek; pagta süýümlerini we beýleki ýag önümçiliginiň galyndylaryndan önüm öndürmek, meselem, sarun*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *doňuz we beýleki iýilýän mallaryň ýaglaryny ýakmak we arassalamak (10.11 seret), margarin öndürmek (10.42 seret), mekgejöweni çygly üwemek (10.62 seret), mekgejöwen ýagyny öndürmek (10.62 seret), efir ýaglaryny öndürmek (20.53 seret) himiki prosesler arkaly ýaglary ikinji işlemek (20.59 seret)* |
| | | | 10.41.10 | Arassalanmadyk ösümlik we mal ýaglaryny öndürmek |
| | | | 10.41.90 | Arassalan ösümlik we mal ýaglaryny öndürmek |
| | | 10.42 | 10.42.00 | Margarin we beýleki dürli görnüşli ýaglary öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *margarin öndürmek, ýagy, garyndylary we şoňa meňzeş pasta şekilli önümleri öndürmek, dürli kulinar ýaglaryny öndürmek* |
| | 10.5 | | | Süýt önümlerini öndürmek |
| | | 10.51 | 10.51.00 | Süýdi gaýtadan işlemek we syr (peýnir gaýnatmak) öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *çig sowuk süýtleri öndürmek, olary pasterizirlemek, zyýansyzlandyrmak we gomogenizirlemek, şeýle hem ýokary gyzgynlykdaky ilkinji işlemegi amala aşyrmak. Bişmedik çig süýtden çig gaýmak almak; goýy süýtleri gatykly we gatyksyz, şeýle hem gury süýtleri öndürmek; mesge öndürmek; ýogurt (gatyk), peýnir (syr), dorag, çüýrän süýtden turşy suw (syworotka) almak we kazein, laktoza ýaly önümleri öndürmek, süýtli içgileri öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *çig sygyr süýdüni öndürmek* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *(01.41 seret); geçi we goýun, baýtal, düýe çig süýtlerini öndürmek (01.43; 01.44; 01.45 seret); emeli süýt we syr (peýnir) önümçiligi (10.89 seret).* |
| | | | 10.51.10 | Sowuk süýt we çig gaýmak öndürmek (sliwka) |
| | | | 10.51.90 | Syr (peýnir) we beýleki uýadylan süýt önümleri öndürmek |
| | | 10.52 | 10.52.00 | Buzgaýmak öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *buzgaýmagyň çig gaýmakly we beýleki doňduryan desertler ýaly görnüşlerini öndürmek.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *buzgaýmak - kafeleriniň işi (56.10 seret)* |
| | 10.6 | | | Krahmal, krahmally önümleri, un we ýarmalary öndürmek<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *gök önümlerden un ýa-da ýarma üwemek, şaly üwemek we arassalamak, şeýle hem bu önümlerden garyndylar we pasta öndürmek, bu topara mekgejöweni çygly üwemek, krahmal we krahmal önümlerini öndürmek hem girýär* |
| | | 10.61 | 10.61.00 | Un we ýarma öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *däneleri ilkinji işlemek (iri we ownuk görnüşli un bugdaý, arpa, süle, mekgejöwen ýarmasyny üwemek); tüwini ilkinji gezek işlemek; üwemek, alnan tüwini arassalamak, tüwüden un öndürmek, iýilýän hozlardan, gury gök önümlerden, kösükli ösümliklerden, köki miweli gök önümlerden iri we ownuk üwelen un öndürmek; dänelerden ertirlik üçin önümler öndürmek; çörek, köke, tort, şekernanlary, guýmaç bişirmek üçin un garyndylaryny öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *iri we ownuk üwelen ýeralma unlary (10.31 seret); mekgejöweni çyg üwemek (10.62 seret)* |
| | | | 10.61.10 | Tüwini ilkinji işlemek, tüwi ununy öndürmek |
| | | | 10.61.20 | Tüwiden beýleki dänelerden we gök önümlerden we hozlardan un öndürmek |
| | | | 10.61.90 | Ýarma, däne ownuklaryny, ertirlik üçin patraklar we dürli görnüşli önümler öndürmek |
| | | 10.62 | 10.62.00 | Krahmal we krahmal önümlerini öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *tüwiden, ýeralmadan, mekgejöwenden krahmal öndürmek we ş.m.; mekgejöweni çig üwemek; glýukoza toşabyny, maltoza we ş.m. öndürmek; glýuten we tapoik öndürmek, mekgejöwen ununy öndürmek.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *laktoza öndürmek (10.51 seret); şekerçiňrik we şugundyr gantlaryny öndürmek (10.81 seret); emeli bal we karamel öndürmek (10.82 seret)* |
| | 10.7 | | | Çörek-bulka önümlerini öndürmek (bişirmek) |
| | | 10.71 | 10.71.00 | Çörek we beýleki undan öndürilip uzak saklanylmaýan konditer önümlerini öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *çörek we bulka öndürmek; uzak saklanylmaýan konditer önümlerini (şekernanlarynyň görnüşleri, tortlary öndürmek)* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *uzak saklanýan konditer önümlerini öndürmek (10.72 seret); un önümleri (makaron) (10.73 seret); restoranlar we başga guramalar tarapyndan çalt sarp edilýän un önümlerini bişirmek (56 seret)* |
| | | 10.72 | 10.72.00 | Uzak saklanýan konditer un önümlerini: suhari we kökeleri öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *suhari, guradylan çörek, bulka önümleri we kökeleri öndürmek; uzak saklanýan konditer un önümlerini, tort, şekernanlaryň görnüşlerini öndürmek; süýji we duzly işdäaçar öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ýeralmadan işdäaçar önümlerini öndürmek (10.31 seret)* |
| | | 10.73 | 10.73.00 | Makaron önümlerini (makaron, aşlar, kuskus we ş.m. önümleri) öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *un önümleri: makaron, aş, bişirilen we bişirilmedik, işlekli we içi boş kuskus öndürmek; doňdurylan ýa-da konserwirlenen gaplanan makaron önümlerini öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *taýýar kuskusdan öndürilen tagamlar (10.85 seret); makaron önümlerinden öndürilen çorbalar (10.89 seret)* |
| | 10.8 | | | Azyk önümleriň başga görnüşlerini öndürmek<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *gant we gant önümlerini: kofe, çaý, kakao, ýörite goşundylar we taýýar tagamlary öndürmek* |
| | | 10.81 | 10.81.00 | Gant önümçiligi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gandy guradyp kerpiç görnüşli bölmek, (saharoza) şekerçiňrikden, gant şugundyryndan, klendan, palmadan alnan şirelerden gandyň deregini tutujysyny öndürmek; gant toşaplaryny, melassa, klen toşabyny öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *glýukoza, glýukoza toşabyny, maltoza (10.62 seret) öndürmek* |
| | | 10.82 | 10.82.00 | Gantdan kakao şokalad we konditer önümlerini öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *kakao uny, kakao ýagy, kakaodan goýy we suwuk ýaglary öndürmek; şokolad we şokolad konditer önümlerini öndürmek; gantdan konditer önümleri; karamel, nuga, ak şokolad öndürmek,çeýnelýän sakgyçlary, pastelalary we nogul ýaly önümleri öndürmek; ganda ýatyrylan miweleri, miwe gabygyndan ganda ýatyrylan sukatlary öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *saharoza öndürmek (10.81 seret)* |
| | | 10.83 | 10.83.00 | Çaý we kofe öndürmek we täzeden işlemek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *kofe dänelerini, kofeinden arassalap gowurmak; kofeden ekstraktlary we konsentratlary, üwelen kofe, ereýän kofe ýaly önümleri öndürmek; kofe ýerine ulanylýanlary öndürmek; çaý garyndylaryny, mate taýýarlamak; çaýy çekip (ölçäp) çaý* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *haltajyklaryna, gaplara gaplamak*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *çaý otlaryndan (narpyz, romaşka, werbena we ş.m.) içgilik suwuklyklary taýýarlamak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *inulin öndürmek (10.62 seret); ruhuňy täzeleýji içgileri, piwo, çakyr we beýleki içgi önünlerini öndürmek (11 seret); derman serişdeleri hökmünde ulanylýan derman otlarynyň içgilik suwuklyklary öndürmek (21.10 seret)* |
| | 19.2 | | | Arassalanan nebit önümleriniň we uglewodorodlardan |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | öndürilen ýangyjyň başga görnüşleriniň önümçiligi |
| | | 19.20 | 19.20.00 | Arassalanan nebit önümleriniň we uglewodorodlardan öndürilen ýangyjyň başga görnüşleriniň önümçiligi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *çig nebitiň fraksion distillýasiýasy netijesinde ýa-da bitumly minerallardan suwuk ýangyçlary,gazy ýa-da beýleki önümleri öndürmek. Nebiti gaýtadan işlemek prosesi fraksion distillýasiýany, göni distillýasiýany, katalitiki riformingi we krekingi öz içine alýar*<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *motor ýangyçlaryny (benzin, sintetiki benzini goşmak bilen, kerosin we ş.m.) öndürmek; ýangyç öndürmek (ýeňil, orta we agyr distillýat (dizel) ýangyjyny, nebiti gaýtadan işleýän zawodlarynda öndürilen etan, propan, butan we ş.m. öndürmek; nebitden (gaýtadan kowmanyň galyndylaryny hasaba almak bilen) çalgy ýaglaryny (sintetiki we ýarym sintetiki ýaglary goşmak bilen) we konsistent ýaglaryny öndürmek; nebithimiýa senagaty üçin we ýol gurluşyk işleri üçin örtgi önümlerini öndürmek; dürli önümleri: uaýt-spirt, wazelin, parafin we ş.m öndürmek; nebit önümlerinden briket öndürmek; uglewodorod garyndysyny (nebite alkogol goşmak esasynda) öndürmek.*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *torf, daş kömür we goňur kömür briketlerini öndürmek* |
| | | | 19.20.10 | Arassalanan nebit önümleri, şol sanda nebit önümlerinden briket öndürmek |
| | | | 19.20.90 | Torfdan we kömürden ýangyç briketleri öndürmek |
| **CE (kiçi seksiýa): 20** | | | | **HIMIKI ÖNÜMLERI ÖNDÜRMEK** |
| **20** | | | | **Himiki önümleri öndürmek**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *himiki önümleri almak üçin himiki prosesleriň kömegi bilen organiki we organiki däl çig mallary gaýtadan işlemek. Taýýar himiki önümleri almak üçin aralyk önümler hökmünde esasy himiki maddalaryň önümçiligi tapawutlandyrylýar.* |
| | 20.1 | | | Ilkinji görnüşindäki esasy himiki maddalary öndürmek;<br>Esasy himiki maddalary, himiki dökünleri, azot birleşmelerini, ilkinji görnüşindäki plastmassalary, sintetik kauçuk (rezin) önümlerini öndürmek<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *esasy himiki maddalary, dökünleri, azot birleşmesini, ilkinji ýagdaýyndaky plastmassa, sintetik kauçuk öndürmek* |
| | | 20.11 | 20.11.00 | Senagat gazlaryny öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *senagat we lukmançylyk maksatlary üçin suwukdyrylan we gysylan gaz öndürmek; ýönekeý gazlar; suwuk we gysylan howa; sowadyjy agentler (holod agent), senagat gazynyň garyndysy; uglerod dioksidi (kömürturşy gazy) ýaly metal däl organiki däl kislorod* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *birleşmeleri; gorag (izolirleýji) gazlary öndürmek; ýangyna garşy diwarlaryndaky boşluklary doldurmak üçin elementleri öndürmek we kämilleşdirmek* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *etan, metan,butan, propan gazyp çykarmak (06.20 seret); ýangyç gazlaryny (etan, butan, propan ýaly) öndürmek we nebiti gaýtadan işlemek (19.20 seret); galyndylaryň, kömrüň esasynda ýangyç gazlaryny öndürmek (35.21 seret)* |
| | | | 20.11.10 | Ýangyna garşy diwarlardaky boşluklary doldurmak üçin elementleri öndürmek |
| | | | 20.11.90 | Beýleki senagat gazlaryny öndürmek |
| | | 20.12 | 20.12.00 | Boýaglaryň we pigmentleriň önümçiligi |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *esasy ýa-da konsentrat görnüşindäki dürli çig mallardan boýaglary, pigment öndürmek* |
| | | | | ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *fluoressent we lýuminofor maddalar hökmünde ulanylýan önümleri öndürmek* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *taýýar boýaglary we pigmentleri öndürmek (20.30 seret)* |
| | | 20.13 | 20.13.00 | Beýleki esasy organiki däl himiki maddalary öndürmek |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *metaldan başga himiki elementleriň önümçiligi, ýönekeý gaz önümçiligi; azot kislotasyndan başga organiki däl kislotalary öndürmek; aşgarlaryň önümçiligi - aşgalary we ammiakdan başga beýleki organiki däl birleşmeleri öndürmek; ýakylan demir kölçedan önümçiligi; beýleki organiki däl birleşmeleri öndürmek; distillirlenen (bugardylyp alnan) suw öndürmek.* |
| | | | | ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *toriý we uran minerallaryny baýlaşdyrmak* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *senagat gazyny öndürmek (20.11 seret); azot we sulfoazot kislotasyny öndürmek (20.15 seret); ammiak öndürmek (20.15 seret); ammoniý hloridini öndürmek (20.15 seret); kaliý nitratlaryny we nitritlerini öndürmek (20.15 seret); triammonili fosfat (triammonili fosfat), ammoniý karbonatyny (20.15 seret);aromatlaşdyrylan we distillirlenen suwy öndürmek (20.53 seret); esasy metallary öndürmek (24 seret)* |
| | | | 20.13.10 | Baýlaşdyrylan uran önümçiligi |
| | | | 20.13.90 | Beýleki toparlara goşulmadyk esasy organiki däl himiki maddalarynyň başga görnüşlerini öndürmek |
| | | 20.14 | 20.14.00 | Beýleki esasy organiki himiki maddalarynyň önümçiligi |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *termiki kreking we distillýasiýa arkaky alnan beýleki esasy himiki organiki maddalary öndürmek. Bu prosesler öň himiki düzümi kesgitlenen elementleri ýa-da elementleriň himiki aýratynlygyny ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *beýleki esasy organiki himiki* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *maddalary (doýgun we doýgun däl asiklli uglewodorodlary, doýgun we doýgun däl siklli uglewodorodlary, asiklli we siklli spirtleri, şol sanda sintetiki etil spirtini; mono we polikarbon kislotalaryny; şol sanda uksus kislotasyny; beýleki düzüminde kislorod saklaýan funksional toparlary bolan birleşmeleri, şol sanda aldegidleri, ketonlary, hinonlary we beýleki düzüminde kislorod saklaýan birleşmeleri, sintetiki gliserini, düzüminde azot saklaýan funksional toparlary bolan birleşmeleri, aminleri we beýleki organiki birleşmeleri, şol sanda agaç işläp bejermekden alnan önümleri; sintetik ýakymly ysly maddalary öndürmek; daş kömür smolasyny gaýtadan kowma önümçiligi* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** ilkinji görnüşindäki plastmassa öndürmek (20.16 seret); ilkinji görnüşindäki sintetik kauçuk önümçiligi (20.17 seret); salisil we asetislosalisil kislotalaryny öndürmek (21.10 seret); arassalanmadyk gliserin önümçiligi (20.41 seret); efir ýagyny öndürmek (20.53 seret)* |
| | | | 20.14.10 | Uglewodorodlaryň we olaryň ýasama görnüşleriniň önümçiligi |
| | | | 20.14.20 | Siklli we siklsiz spirtleriň önümçiligi |
| | | | 20.14.90 | Beýleki toparlara goşulmadyk başga esasy organiki himiki maddalaryň önümçiligi |
| | | 20.15 | 20.15.00 | Dökün we azotly birleşmeleriň önümçiligi |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:** dökün öndürmek**:** arassa ýa-da goşundyly azot, fosfor we kaliý dökünlerini; moçewina, arassalanmadyk tebigy fosfat we arassalanmadyk tebigy kaliý duzlaryny öndürmek; azotly önümleri öndürmek**:** azot kislotalary we sulfaazot, ammiak, ammoniý hloridi, kaliý nitratlary we nitritleri, triammonili fosfatlar (triammoniý fosfaty), ammoniý karbonatlaryny öndürmek* |
| | | | | ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:** küýzelerde ekilýän ösümlikler üçin esasyny torf tutýan garyndylaryny öndürmek; esasyny tebigy toprak,çäge,toýun we minerallar tutýan ösümlikler üçin garyndylar* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** goýak gazyp almak (08.91 seret) pestisid ýaly agrohimiki önümleri öndürmek (20.20 seret)* |
| | | | 20.15.10 | Ösümlik we haýwan dökünleri we olaryň garyndylary (ders, kompost, biogumus we ş.m) |
| | | | 20.15.11 | Biogumus wermikompostyň önümçiligi |
| | | | 20.15.12 | Zoogumusuň önümçiligi |
| | | 20.16 | 20.16.00 | Ilkinji görnüşdäki plastmassa önümçiligi |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:** sintetik smolany, ilkinji görnüşindäki plastmassany, polimeri we onuň ýörite ýa-da standart esasdaky polimerleriň we olaryň garyndylaryny, şeýle-de ýörite ýa-da standart esasdaky smola garyndylaryny öndürmek* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:** ilkinji görnüşdäki plastmassa* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *önümçiligi; polimer şol sanda polietilen, polipropilen, polistrol, poliwinilhlorid, poliwinilasetat, poliakrilat goşmak bilen poliamid; fenol we epoksid smolasy we poliuretan; alkidli we beýleki çylşyrymly poliefir smolasy we ýönekeý poliefir; kremniý organiki polimeri (silikon); esasyny polimer tutýan ionçalyşyjy smolasy (polimer ionitleri)*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *sellýuloza önümçiligi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *emeli we sintetik süýümleri, ýüpekleri we sapaklary öndürmek (20.60 seret); plastmassadan öndürilen önümleri ownatmak (38.32 seret)* |
| | | 20.17 | 20.17.00 | Ilkinji görnüşindäki sintetik kauçugyň önümçiligi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ilkinji görnüşdäki sintetik kauçugy öndürmek; faktis (rezin garyndylar üçin plastifikator) we lateks; tebigy we sintetik kauçuk üçin garyndylary we kauçuga meňzeş smolany (meselem, bolat) öndürmek* |
| | 20.2 | | | Pestisidleriň we beýleki agrohimiki önümleriň önümçiligi |
| | | 20.20 | 20.20.00 | Pestisidleriň we beýleki agrohimiki önümleriň önümçiligi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *insektisidleri, rodentisidleri, fungisidleri öndürmek; ösümlikleriň boý alşyny düzgünleşdiriji serişdeleri, dezinfeksiýa serişdeleri we beýleki toparlara goşulmadyk agrohimiki önümleri öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *dökün we azot birikmesini öndürmek (20.15 seret)* |
| | 20.3 | | | Boýaglar, reňkler, laklar we ş.m. reňkleýji serişdeler, çaphana boýaglary we mastika önümçiligi |
| | | 20.30 | 20.30.00 | Boýaglar, reňkler, laklar we ş. m. reňkleýji serişdeler, çaphana boýaglary we mastika önümçiligi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *kraska, emal, lak önumçiligi; taýýar pigmentleri, gluşitelleri we reňkleri öndürmek; aýna görnüşli emallary, glazur, angoblary we ş.m. önümleri öndürmek; mastika önümçiligi; grunt we beýleki oda çydamly şpatlýowka we üstki gatlaklary, diwaryň ýüzüni suwamak üçin garyndy öndürmek; erediji we suwaldyjy çylşyrymly organiki garyndylary öndürmek; taýýar reňkleri, laklary öndürmek;* çaphana *reňklerini öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *reňkleýjileri we pigmentleri öndürmek (20.12 seret); syýa we tuş önümçiligi (20.59 seret)* |
| | | | 20.30.10 | Polimer esasynda reňk, lak, emal önümçiligi |
| | | | 20.30.90 | Beýleki reňkleri (şol sanda çaphana reňkleri), emallary, olar bilen baglanyşykly (erediji, suwaldyjy we ş.m.) önümleri öndürmek |
| | 20.4 | | | Sabyn we ýuwujy, arassalaýjy we ýylmaýjy, ýaldyradyjy serişdeler, parfýumeriýa we kosmetiki serişdeleriň önümçiligi |
| | | 20.41 | 20.41.00 | Sabyn we ýuwujy, arassalaýjy, ýylmaýjy (ýaldyradyjy) |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | serişdeleriň önümçiligi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *organiki üst-işjeň maddalary öndürmek; sabyn önümçiligi; glisirin önümçiligi üst-işjeň serişdeleri (gaty we suwuk görnüşli ýuwujy serişdeleri, sintetik ýuwujy serişdeleri (detergentleri), gap-gaç ýuwujy serişdeleri, matany ýumşadyjy serişdeleri) öndürmek; arassalaýjy we ýaldyradyjy serisdeleri (jaýdaky howany täzelemek üçin aromatizirleýji we dezodirleýji serişdeleri; emeli mum we mum önümleri; derä çalynýan krem we ýalpyldy beriji serişde; agaç önümler üçin krem we ýylmaýjy serişde; kuzowlar, aýna we metal önümler üçin ýaldyradýan serişdeler; arassalaýjy pasta we poroşok, şol sanda pamyk, kagyz, fetr önümleriniň üstüni ýörite serişde bilen örtmek) öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *öňünden kesgitlenen himiki düzümler bilen aýratyn himiki düzümleri öndürmek (20.13; 20.14 seret); nebit önümlerinden alnan sintetik gliserin öndürmek (20.14 seret); kosmetik sabynlary öndürmek (20.42 seret)* |
| | | 20.42 | 20.42.00 | Parfýumeriýa we kosmetiki serişdeleri öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *parfýumeriýa we kosmetiki serişdeleri (atyrlary we ysly suwlary; kosmetiki we makiýaž serişdelerini; günden goranmak we güne ýanmak üçin serişdeler; şampun, saç üçin lak, saçy buýralamak we buýrany ýazmak uçin serişdeler; agyz boşlugyny we dişleri arassalaýjy pastalar, poroşoklar, diş protezleri üçin fiksator serişdeler; sakgal syrmak üçin serişdeler; dezodarantlar, wanna üçin duzlar; tüý aýryjy serişdeler-depilýatorlar); kosmetik sabynlary öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *efir ýagyny arassalamak we böleklere bölmek (20.53 seret)* |
| | 20.5 | | | Beýleki himiki önümleri öndürmek<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *partlaýjy maddalary, efir ýaglaryny we beýleki toparlara goşulmadyk himiki önümleri, meselem, surata düşürmek üçin himiki önümleri (şol sanda filmler üçin plýonka we ýagtylygy duýgur kagyzlar), dürli reaktiwleri öndürmek we ş.m* |
| | | 20.51 | 20.51.00 | Partlaýjy maddalary öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *zyňylýan partlaýjy maddalary, partlaýjy maddalary, pirotehnik önümleri öndürmek.*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *otluçöpleri öndürmek.* |
| | | 20.52 | 20.52.00 | Ýelim öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýelim we taýýar ýelimleýji maddalary, şol sanda rezin esasly ýelimleýji maddalary öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *želatin we onuň ýasamalaryny öndürmek (20.59 seret)* |
| | | 20.53 | 20.53.00 | Efir ýagyny öndürmek |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *tebigy ýakymly ysly önümden essensiýa öndürmek; sakgyç ýaly maddalary öndürmek; buglandyrylyp alnan ýakymly ysly suw; atyr öndürmek üçin we azyk senagaty üçin ýakymly ysly garyndylary öndürmek* ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *sintetik ýakymly ysly maddalary öndürmek (20.14 seret); parfýumeriýa we kosmetiki serişdeleri öndürmek (20.42 seret)* |
| | | 20.59 | 20.59.00 | Beýleki toparlara goşulmadyk himiki önümleriň başga görnüşlerini öndürmek ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *fotoplastinka, fotoplýonka, ýagtylygy duýgur kagyzlary we beýleki ýagtylygy duýgur eksponirlenmedik materiallary öndürmek; surat çykarmakda ulanylýan himiki düzümi öndürmek; želatin we ondan ýasalan zatlary öndürmek; dürli himiki serişdeleri (beýleki toparlara goşulmadyk pepton we onuň ýasamalary, beýleki belok birleşmeleri we onuň ýasamalary; himiki modifisirlenen ýaglar we suwuk ýaglar; dokma önümlerini we deri bezemekde ulanylýan materiallary, ýumşak we gaty galaýylary kebşirlemek işinde ulanylýan pastalary we poroşoklary öndürmek; metaly oýup nagyş etmekde ulanylýan maddalary, semente goşulýan taýýar goşundy, işjeň kömre çalgy ýaglaryň prisadkalary; kauçugyň wulkanizasiýasynyň taýýar çaltlandyryjylary, katalizatorlar we beýleki senagata niýetlenen himiki önümler; antidetonatorlar, antifrizler; gidrawliki geçirijileriň işjeň suwukluklary; anyklaýyş düzümleri we labarotoriýa reaktiwleri) öndürmek; ot söndüriji düzümleri we otdan goraýjy düzümleri öndürmek we kämilleşdirmek* ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *syýa we tuş önümçiligi* ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *aýratyn himiki elementleri ýa-da öňünden taýýarlanan himiki elementleri öndürmek (20.13; 20.14 seret); distillirlenen (bugardylan) suw öndürmek (20.13 seret); esasy organiki himiki maddalaryň başga görnüşlerini öndürmek (20.14 seret); çaphana syýalaryny öndürmek (20.30 seret); asfaltyň bazasynda adeziw öndürmek (23.99 seret)* |
| | | | 20.59.10 | Fotohimiki materiallar önümçiligi |
| | | | 20.59.20 | Želatin we onuň ýasamalaryny öndürmek |
| | | | 20.59.30 | Ot söndüriji we düzümlerini otdan goraýjy serişdeleri öndürmek |
| | | | 20.59.90 | Beýleki toparlara goşulmadyk dürli himiki önümleri öndürmek |
| | 20.6 | | | Himiki süýümleri (emeli we sintetiki) öndürmek |
| | | 20.60 | 20.60.00 | Himiki süýümleri (emeli we sintetiki) öndürmek ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *sintetik we emeli süýümlerden pişge öndürmek; kardo usuly bilen ýa-da darak bilen daralmadyk we beýleki egirmäge taýýarlyk işleri* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *geçirilmedik, sintetik we emeli ştapel süýümlerini öndürmek; sintetik we emeli ýüplükleri, şol sanda ýokary çydamly (berk) ýüplükleri öndürmek; sintetik we emeli monosapaklary we polos öndürmek* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *sintetik we emeli süýümdem tikin sapaklaryny öndürmek (13.10 seret); sintetik we emeli süýümleri egirmek (13.10 seret)* |
| **CF ((kiçi seksiýa): 21** | | | | **FARMASEWTIKI ÖNÜMLERI ÖNDÜRMEK** |
| **21** | | | | **Farmasewtiki önümleri öndürmek** **Bu bölüm öz içine alýar:** *farmasewtiki önümler, şol sanda esasy derman önümçiligi, himiki we tebigy esasyny ösümlik çig maly tutýan dermanlary öndürmek* |
| | 21.1 | | | Esasy farmasewtiki önümleri öndürmek |
| | | 21.10 | 21.10.00 | Esasy farmasewtiki önümleri öndürmek **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *farmasewtiki önümleriň öndürilmegi: lukmançylykda we derman senagatynda peýdalanmak üçin farmakologik işjeň serişdeleriniň substansiýalaryň öndürilmegi; derman taýýarlamak üçin esasy komponentleri: antibiotikleri, esasy witaminleri, O-asetil salisil kislotasyny, salisil kislotasyny we ş.m. öndürmek; gany täzeden işlemek* **Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:** *himiki taýdan arassa gant öndürmek; mäzi gaýtadan işlemek we mäziň ekstraktyny öndürmek işi* |
| | | | 21.10.10 | Esasy farmasewtiki önümleri öndürmek |
| | | | 21.10.11 | Düzüminde neşe we psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklamaýan esasy farmasewtiki önümleri öndürmek **Bu kiçi klas öz içine alýar**: *farmasewtiki önümleriň öndürilmegi: lukmançylykda we derman senagatynda peýdalanmak üçin farmakologik işjeň serişdeleriniň, substansiýalaryň öndürilmegi; derman taýýarlamak üçin esasy komponentleri; gany täzeden işlemek* **Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar**: *himiki taýdan arassa gant öndürmek; mäzi gaýtadan işlemek we mäziň ekstraktyny öndürmek işi* |
| | | | 21.10.12 | Düzüminde neşe we psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklaýan derman serişdelerini öndürmek |
| | 21.2 | | | Farmasewtiki preparatlary we materiallary öndürmek |
| | | 21.20 | 21.20.00 | Farmasewtiki preparatlary we materiallary öndürmek **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *derman önümçiligi şunuň ýaly kesgitlenen immuno-syworotkalary we beýleki ganyň deregini tutýan dermanlary; waksinalary, gomeopatik dermanlary içine almak bilen dürli beýleki dermanlary öndürýär; göwreliligiň öňüni alyjy daşyndan ulanylýan himiki serişdeleri we gormonal-göwreliligiň öňüni alyjy serişdeleri öndürýär; diagnostiki dermanlary, şol sanda göwreliligi kesgitleýji, ýüze çykaryjy dermanlary öndürýär;* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *diagnostika üçin radioaktiw serişdeleri we esasynda biotehnologiýa durýan farmasewtik dermanlary öndürmek* **Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:** *pamyk, marli-hasa, bint, derman siňdirilen daňylyklar, bandaž-guşaklar, hirurgiýada ulanylýan ketgut we ş.m. öndürmek; derman pereparatlaryny öndürmek* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *ösümliklerden melhem (narpyz we ş.m.) taýýarlamak (10.83 seret); stomatologik sement öndürmek (32.50 seret); süňkleri dikeltmek üçin sement öndürmek (32.50 seret); hirurgiýa tutularyny öndürmek (32.50 seret); farmasewtiki harytlaryň bölek-lomaý söwdasy (46.46; 47.73 seret); derman senagatynda ulanmak uçin lukmançylyk-aktiw maddalaryň barlag-öwreniş işlerini geçirmek (72.1 seret); farmasewtiki önümleri gaplamak (82.92 seret)* |
| | | | 21.20.10 | Farmasewtiki preparatlary we materiallary öndürmek |
| | | | 21.20.11 | Düzüminde neşe we psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklamaýan farmasewtiki preparatlary we materiallary öndürmek **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *derman serişdeleriniň önümçiligi şunuň ýaly kesgitlenen immuno-syworotkalary we beýleki ganyň deregini tutýan dermanlary; waksinalary, barlaghanalarda lukmançylyk barlag işlerini geçirmek üçin ulanylýan reaktiwleri, reagentleri, saglygy goraýyş hajatly önümleri, gomeopatik dermanlary içine almak bilen dürli beýleki dermanlary öndürýär; göwreliligiň öňüni alyjy daşyndan ulanylýan himiki serişdeleri we gormonal-göwreliligiň öňüni alyjy serişdeleri öndürýär; diagnostiki dermanlary, şol sanda göwreliligi kesgitleýji, ýüze çykaryjy dermanlary öndürýär; diagnostika üçin radioaktiw serişdeleri we esasynda biotehnologiýa durýan farmasewtik dermanlary öndürmek* **Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:** *zyýansyzlandyrylan we zyýansyzlandyrylmadyk pamyk, marli-hasa, bint, hasadan lukmançylyk ýapgy desmallary, kesindileri, tamponlary, derman siňdirilen daňylyklar, lukmançylyk gips sargylary, plastyrlary, berkidiji-maýyşgak lukmançylyk önümlerini, maýyşgak sargylar, korsetler, bandaž-guşaklar, dyzlyklar, goşarlyk, tirseklik, topuklyk, örme bejeriş bagy, damar giňelmegine garşy jorap, lukmançylyk rezin daňysy, agardylan lukmançylyk hasasyny öndürmek, hirurgiýada ulanylýan ketgut, bir gezeklik hirurgiýa halatlary, geýimleri, bir gezeklik örtgüler, baş gapjagazlar, poletilenden lukmançylyk aýakgap örtükleri we ş.m. öndürmek; derman pereparatlaryny öndürmek, zyýansyzlandyryjy erginleri, bejeriş palçyklaryny we deňiz duzlaryny öndürmek, esasyny dermanlyk ösümlikleri tutýan derman serişdelerini* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *öndürmek, şeýle hem lukmancylyk preparatlaryny gaplamak* |
| | | | 21.20.12 | Weterinariýa üçin, düzüminde neşe we psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklaýan derman serişdelerini öndürmek |
| | | | 21.20.20 | Weterinariýada ulanylýan düzüminde neşe, psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklamaýan farmasewtiki preparatlary we materiallary öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *weterinariýada içki we daşky bejerişde ýa-da mallaryň keseliniň öňüni almakda ulanylýan dermanlary öndürmek* |
| | | | 21.20.30 | Diagnostika geçirmek üçin ulanylýan radioaktiw maddalary öndürmek |
| | | | 21.20.90 | Beýleki dermanlary, farmasewtik pereparatlary we materiallary öndürmek |
| **CG (kiçi seksiýa): 22-23** | | | | **REZIN, PLASTMASSA ÖNÜMLERI WE GAÝRY METAL DÄL MINERAL ÖNÜMLERI ÖNDÜRMEK** |
| **22** | | | | **Rezin we plastmassa önümlerini öndürmek**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *işlenen çig maldan rezin we plastmassa önümlerini öndürmek. Şeýle-de bolsa rezinden we plastmassadan öndürilen ähli önümler bu bölüme girmeýär* |
| | 22.1 | | | **Rezin önümleriň önümçiligi** |
| | | 22.11 | 22.11.00 | Rezinden şina, pokryşka we pokryşkanyň içgisini öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ulag serişdeleri uçin enjamlar we beýleki maksatlar üçin (pnewmatik şina, içkili we içgisiz şina) rezin şinalary öndürmek; şinalar üçin rezin içgileri öndürmek; çykarylýan pokryşka we şina üçin gurşaw lentasyny, protektory dikeltmek üçin taslama we ş.m. rezin şinalary we pokryşkalary dikeltmek, abatlamak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *abatlaýyş işleri üçin rezin materiallary öndürmek (22.19 seret); şinalary, pokryşkalary we içgileri çalşyrmak, abatlamak we dikeltmek (45.20 seret)* |
| | | | 22.11.10 | Rezin şinalaryň, pokryşkalaryň we içgileriň önümçiligi |
| | | | 22.11.90 | Rezin şinalary we pokryşkalary dikeltmek |
| | | 22.19 | 22.19.00 | Beýleki rezin önümleriniň önümçiligi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *tebigy we sintetik rezinden öndürilýän beýleki önümler (berkleşdirilen we berkleşdirilmedik):*<br>*- rezin plita, list, zolak, brus we profil*<br>*- turba, şlangalaryň görnüşleri*<br>*- rezinden konweýer lentasy we geçiriji remen*<br>*- egin-eşikler we aýakgap üçin predmetler*<br>*- rezin pol örtgüleri*<br>*- rezin sapaklary we tanaplar*<br>*- rezin goşulan matalar we ýüplükler*<br>*- rezin halka, petle, prokladka*<br>*- tigirçek üçin rezin örtgüler*<br>*- çişirilýän rezin düşekler* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *- rezin çotgalary öndürmek*<br>*- saçlar üçin daraklar, saçy buýralamak üçin turbajyklar, saçgysgyçlar we ş.m. ebonitden öndürilen önümler*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *rezinden abatlaýyş işi üçin materiallary, rezin siňdirilen matalar ýa-da esasyny kauçuk tutmak şerti bilen kauçuk örtgüli önümleri öndürmek; rezinden öndürilýän suw düşekleri; rezin öňlükler, suwa düşülýän başgaplary,rezinden suw geçirmeýän eşikleri, daýwing eşigini öndürmek, rezin prezerwatiwler we ş.m. öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *şina üçin kord matalary öndürmek (13.96 seret); rezin goşulan matalardan egin-eşikler öndürmek (14.14; 14.19 seret); rezin aýakgaplary öndürmek (15.20 seret); kauçugyň bazasynda ýelim öndürmek (20.52 seret); profil öndürmek (22.11 seret); çişirilýän gaýyk öndürmek (30.11; 30.12 seret); penoplastdan daşy çekilmedik düşekler öndürmek (31.03 seret); rezinden oýnawaçlar, oýunlar, basseýnler, çişirilýän oýnawaçlar, şarlar we ş.m. öndürmek (32.40 seret); kauçugy regenerirleme (38.32 seret)* |
| | | | 22.19.10 | Lukmançylyk rezin önümleriniň önümçiligi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *tebigy we sintetik rezinden öndürilýän beýleki önümler: rezinden sanitar-gigiýeniki önümler (zyýansyzlandyrylan we zyýansyzlandyrylmadyk rezin ellikler; prezerwatiwler, grelka, sprinsowkalar, lukmançylykda ulanylýan aşak düşelýän rezinden kleýonka, lukmançylykda barmaga geýilýän rezin, buz salmak üçin rezinden gap, rezinden gan saklaýjy gysgyç we ş.m.)* |
| | 22.2 | | | Plastmassa önümlerini öndürmek<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *sakgyjy (şol sanda ütül)ilkinji işläp aralyk ýa-da taýýar önüm görnüşine getirmek. Plastmassany gysyş ýoly bilen işlemek usuly bilen, çişirmek, guýma usullary bilen görnüşe getirmek. Alnan önümleriň bu topara girizilenleri örän köpdürlüdir* |
| | | 22.21 | 22.21.00 | Plastmassadan plita, zolak, turba we profil öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *plastmassadan ýarymfabrikatlar (plita, zolak, blok, plýonka, folga, list we ş.m.) öndürmek; plastmassadan taýýar (turba, şlanga, gol we şlanga üçin fiting we ş.m.) önümleri öndürmek; selofan plýonka ýa-da zolak öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ilkinji görnüşdäki plastmassany işlemek (20.16 seret); sintetik ýa-da tebigy rezinden önüm öndürmek (22.1 seret)* |
| | | 22.22 | 22.22.00 | Haryt gaplamak üçin plastmassadan önüm öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *harytlary gaplamak üçin plastmassa önümlerini (plastmassa haltalaryny, sumkalaryny, futlýarlaryny, ýaşşiklerini, gutylaryny,* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *ballonlaryny, çüýşelerini, we ş.m.) öndürmek* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *plastmassadan ýola göterilýän önümleri (sumkalar we ş.m.) öndürmek (15.12 seret)* |
| | | 22.23 | 22.23.00 | Gurluşyk işlerinde ulanylýan plastmassa önümleri öndürmek <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gurluşyk üçin plastmassa önümleri (gapy, äpişge bloklary, korobkalary, gapy polotnolary), penjiräniň gapylaryny, ştorlary, žalýuzlary, plintuslary, baklary, rezerwuarlary) öndürmek; plastmassadan diwar, potolok, pol örtgülerini plastinka ýa-da toplaýyn görnüşde öndürmek; plastmassadan sanitar-tehniki önümleri (wanna, duş, rakowina, unitaz, ýuwujy baçoklar we ş.m.) öndürmek; pol üçin winilden örtgüleri ýa-da lineolum we ş.m. öndürmek; emeli daş (mramor) öndürmek* |
| | | 22.29 | 22.29.00 | Beýleki plastmassa önümleri öndürmek <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *plastmassadan aşhana, naharhana gap-gaçlaryny, hajathana enjamlaryny öndürmek; plastmassadan, dürli armaturadan izolirleýji başgaplary; armaturyň ýagtylandyryjy detallaryny, kanselýariýa we mekdep esbaplaryny, egin-eşikler, mebel üçin furnituralary, heýkeljikleri, konweýer lentasyny we geçiriji remenleri, aýakgap üçin galyplary, portsigaralary,daraklary, saçgysgyçlary, bigudileri we ş.m.) önümleri öndürmek* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *plastmassadan ýola göterilýän önümleri öndürmek (15.12 koda seret); plastmassadan aýakgaplary öndürmek (15. 20 seret); plastmassadan mebel öndürmek (31.01; 31.02; 31.09 seret); penoplastdan daşlanmadyk düşekler öndürmek (31.03 seret); plastmassadan sport inwentarlaryny (32.30 seret); plastmassadan oýnawaçlary (32.40 seret); plastmassadan lukmançylyk we stomatologik önümler öndürmek (32.50 seret); plastmassadan oftolmologik elementler öndürmek (32.50 seret); kaska we beýleki gorag serişdelerini öndürmek (32.99 seret)* |
| **23** | | | | **Gaýry metal däl mineral önümleri öndürmek** <br> ***Bu bölüm öz içine alýar:*** *diňe mineral däl çig maly boýunça birikdirilen dürli görnüşli önümler: aýna we çüýşe önümleri (tekiz aýna, içi boş çüýşe önümleri, tehniki maksatlara niýetlenen aýna-çüýşe önümleri), keramiki önümler, çerepisa we ýakylan toýundan öndürilen önümler, seýle hem sement we suwag (başlangyç çig mal görnüşinden taýýar önüm görnüşine gelýänçä, beton, sement, gips) önümleri. Şeýle hem daşlary kesmek we bezemek işleri, beýleki mineral önümleri öndürmek.* |
| | 23.1 | | | Aýna we aýna önümlerini öndürmek <br> ***Bu topar öz içine alýar:*** *dürli görnüşdäki dürli usullar bilen taýýarlanan (önümçilik prosesleri) we aýna önümler* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | 23.11 | 23.11.00 | List aýnalary öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *list aýnalary, şol sanda armirlenen, reňklenen we ýagtylandyrylan list aýnalary öndürmek* |
| | | 23.12 | 23.12.00 | List aýnalary täzeden işlemek we oňa forma bermek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *bişip berkeşen we köpgatlakly list aýnalary öndürmek;ýüz görülýän aýnalary öndürmek; köpgatlakly aýna izolýatorlary öndürmek; urga garşy izolýasion aýna öndürmek* |
| | | 23.13 | 23.13.00 | Içi boş aýna önümlerini öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *aýnadan we hrustaldan çüýşeler we beýleki gap-gaç önümlerini öndürmek;stakan we beýleki naharhana gap-gaçlaryny aýnadan we hrustaldan öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *aýnadan ýasalan oýnawaçlary öndürmek (32.40 seret)* |
| | | 23.14 | 23.14.00 | Aýna süýümini öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *aýna süýümini we şol sanda steklowata, aýna süýüminden dokalmaýan matalary öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *aýna süýüminden mata öndürmek (13.20 seret); optiki-süýümli kabelleri, maglumatlar geçirmek ýa-da şekilleri göni geçirmek üçin (27.31 seret)* |
| | | 23.19 | 23.19.00 | Beýleki aýna önümlerini öndürmek we aýnany ilkinji işläp bejermek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *aýnadan laboratoriýa, gigiýeniki we farmasewtiki önümleri öndürmek; goşar sagatlary we beýleki sagatlar üçin aýna, optiki aýnalary we optiki işlemelere sezewar bolmadyk optiki elementleri öndürmek; bižuteriýa öndürmekde ulanylýan çüýşe önümlerini öndürmek; aýnadan elektroizolýator we izolýasiýa armatura önümlerini öndürmek; düşelýän aýna bloklaryny öndürmek; aýna turbajyklaryny we sterženleri öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *optiki işlemelere sezewar bolan optiki elementleri öndürmek (26.70 seret); şprisleri we beýleki lukmançylyk laboratoriýa enjamlaryny öndürmek (32.50 seret)* |
| | | | 23.19.10 | Laboratoriýa, gigiýeniki we farmasewtiki aýna önümlerini öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *endoskoplaryň şeýle hem lukmançylykda ulanylýan barlaghana, gigiýeniki we farmasewtiki aýna önümlerini öndürmek* |
| | | | 23.19.90 | Beýleki toparlara goşulmadyk aýna we aýna önümleriniň başga görnüşlerini öndürmek |
| | 23.2 | | | Oda çydamly önümleri öndürmek |
| | | 23.20 | 23.20.00 | Oda çydamly önümleri öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *oda çydamly gurluşyk laýyny* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *öndürmek; oda çydamly keramikadan önüm öndürmek (silikat unundan ýylylyk geçirmeýän keramiki önümleri öndürmek; oda çydamly kerpiçleri, bloklary öndürmek; oda çydamly keramikadan retort, tigl, mufel, forsunka, turbalar we ş.m.) öndürmek*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:** düzüminde magnezit, dolomit we hromit saklaýan önümleri öndürmek* |
| | 23.3 | | | Toýundan öndürilýän beýleki gurluşyk önümleriniň önümçiligi |
| | | 23.31 | 23.31.00 | Keramiki plitalary we plitkalary öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** oda çydamly keramikadan kaminleriň daşlaryny, diwarlary bezemek üçin plitka we mozaika plitalaryny öndürmek; ýere, pola düşemek üçin oda çydamly keramikadan plita we blok öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** emeli kerpiçleri öndürmek (22.23 seret); oda çydamly keramiki önümleri öndürmek (23.20 seret); kerpiç öndürmek (23.32 seret)* |
| | | 23.32 | 23.32.00 | Ýakylan toýundan kerpiç, çerepisa we beýleki gurluşyk materiallaryny öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** toýundan oda çydamly gurluşyk materiallaryny (keramika, kerpiç, üçeklik çerepisa, deflektor we turba we ş.m.) öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** gurluşyk üçin oda çydamly keramiki önümlerini öndürmek (23.20 seret); pola, ýere düşemek üçin keramiki plita we blok öndürmek (23.4 seret)* |
| | 23.4 | | | Keramikadan we farfordan beýleki önümleri öndürmek<br>***Bu topar öz içine alýar:** gazylyp alnan ýa-da magdanly känlerden metal däl minerallar gazylyp çykarylanda alnan çäge, çagyl, daş, toýun ýaly çig mallardan taýýar önümleri öndürmek* |
| | | 23.41 | 23.41.00 | Keramikadan hojalyk we dekoratiw önümleri öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** naharhana üçin keramiki gap – gaçlary we beýleki hojalyk we hajathana üçin gerekli keramiki zatlary öndürmek, heýkeljikleri we dekoratiw keramiki önümleri öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** zergärçilik önümlerine meňzedilen (bižuteriýa önümleri öndürmek) (32.13 seret); keramiki oýnawaçlary öndürmek (32.40 seret)* |
| | | | 23.41.10 | Tamdyr ýasamak |
| | | | 23.41.90 | Beýleki keramiki hojalyk we dekoratiw önümlerini öndürmek |
| | | 23.42 | 23.42.00 | Keramikadan sanitar-tehniki önümleri öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** keramiki sanitar-tehniki, şol sanda rakowina, wanna, bide we ş.m. önümleri öndürmek; keramikadan beýleki inwentarlary öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** oda çydamly keramika önümçiligi (23.20 seret); keramikadan gurluşyk materiallaryny öndürmek (23.3 seret)* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | 23.43 | 23.43.00 | Keramikadan elektroizolýatorlary we izolirleýji armaturalary öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *keramikadan elektro-izolýatorlary we izolirleýji armaturalary öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *oda çydamly keramikadan önüm öndürmek (23.20 seret)* |
| | | 23.44 | 23.44.00 | Beýleki keramiki – tehniki önümleri öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *keramiki, demir magnitleri öndürmek; laboratoriýa, himiki, tehniki maksatlara niýetlenen keramika önümleri öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *emeli daşlary öndürmek (22.23 seret); oda çydamly keramika önümlerini öndürmek (23.20 seret); keramikadan gurluşyk materiallaryny öndürmek (23.3 seret)* |
| | | 23.49 | 23.49.00 | Keramiki önümleriň başga görnüşlerini öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *keramikadan küýzeler, bankalar, kružkalar we ş.m. önümleri öndürmek, harytlary gaplamak we ugratmak üçin önümleri öndürmek; beýleki toparlara goşulmadyk keramika önümlerini öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *keramikadan sanitar - tehniki önümleri öndürmek (23.42 seret); emeli dişleri ýasamak (32.50 seret)* |
| | 23.5 | | | Sement, hek we gips önümçiligi |
| | | 23.51 | 23.51.00 | Sement önümçiligi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *klinker sementi, gidrawlik sementi, şol sanda portlandsementi, glinozemist sementi, şlakowik sementi we superfosfat sementini öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *oda çydamly gurluşyk laýlaryny we beton öndürmek (23.20 seret); sement önümlerini öndürmek (23.69 seret); ulanylmaga taýýar görnüşli beton we gurluşyk laýyny öndürmek (23.63, 23.64 seret); stomatologiýada ulanylýan sementi öndürmek (32.50 seret)* |
| | | 23.52 | 23.52.00 | Hek we gips önümçiligi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *söndürilen we söndürilmedik, gidrawlik sementleri öndürmek; kalsilirlenen (ýakylan) dolomit öndürmek; gips öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *gipsden öndürilen önümler (23.62, 23.69 seret)* |
| | 23.6 | | | Sementden, betondan, gipsden önümleri öndürmek |
| | | 23.61 | 23.61.00 | Gurluşykda ulanmak üçin betondan önümleri öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *betondan, sementden, emeli daşlardan (plitalary, plitkalary, kerpiçleri, şitleri, listleri, panelleri, turbalary, sütünleri we ş.m.) önümleri öndürmek; sementden gurluşyk konstruksiýalar toplumy, betondan ýa-da gurluşyk binalaryny galdyrmak üçin emeli daşlary öndürmek* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | 23.62 | 23.62.00 | Gurluşykda ulanmak üçin gips önümlerini öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gurluşykda ulanmak üçin gips önümlerini (plitalary, listleri, panelleri we ş.m.) öndürmek* |
| | | 23.63 | 23.63.00 | Harytlyk betonlary (taýýar beton garyndysyny) öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *harytlyk betonlary (taýýar beton garyndylaryny) öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *oda çydamly sement öndürmek (23.20 seret).* |
| | | 23.64 | 23.64.00 | Gury beton garyndylaryny öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gurluşykda ulanmak üçin gury laýlary poroşok görnüşinde öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *oda çydamly gurluşyk laýlary öndürmek (23.20 seret); harytlyk betonlary öndürmek (23.63 seret)* |
| | | 23.65 | 23.65.00 | Asbestsementden (süýümli sement) önümler öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ösümlik çig malyndan (agaç süýüminden (ýüňünden), sypaldan, gamyşdan, gargy gamyşdan) gips, sement we ş.m. baglaşdyryjy minerallar bilen garyp gurluşyk materiallary öndürmek; asbestsmentden we süýümli sementden sellýuloza süýümli we ş.m. materiallary (riflenen, we beýleki listleri, panelleri, çerepisalary, kafelleri, turbalary, göwrümli gaplary, ternawlary, çarçuwalary, rakowinalary, bankalary, mebelleri, äpişge çarçuwalaryny) öndürmek* |
| | | 23.69 | 23.69.00 | Betondan, gipsden, sementden beýleki önümleri öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *betondan, gipsden, sementden ýa-da emeli daşdan beýleki (heýkelleri, mebelleri, barelýefleri, we gorelýefleri, wazalary, gül ekilýän küýzeleri we ş.m.) önümleri öndürmek* |
| | 23.7 | | | Dekoratiw we gurluşyk daşlaryny kesmek, işlemek we bezeg işlerini geçirmek |
| | | 23.70 | 23.70.00 | Dekoratiw we gurluşyk daşlaryny kesmek, işlemek we bezeg işlerini geçirmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gurluşyk işlerinde öwlüýälerde ulanmak üçin daşlary kesmek, işlemek we bezeg işlerini geçirmek, ýol örtgülerini, üçekleri ýapmak üçin materiallary we ş.m. öndürmek; daşdan mebeller ýasamak; karýerde kütek işlenen daşlary gaýtadan işlemek işleri*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *karýerlerde kütek işlenen işleri, meselem, kütek kesilen daşlar ýaly işleri (08.11 seret); degirmen daşyny, abraziw daşyny we ş.m. önümleri öndürmek (23.9 seret)* |
| | 23.9 | | | Başga topara goşulmadyk abraziw önümleri we beýleki metal däl mineral önümleri öndürmek |
| | | 23.91 | 23.91.00 | Abraziw önümleri öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *degirmen daşlaryny, ýonujy we ýylmaýjy daşlary we tebigy we emeli abraziw materiallary, şol sanda ýumşak görnüşli abraziw materiallary öndürmek.* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | 23.99 | 23.99.00 | Beýleki toparlara goşulmadyk, metal däl mineral önümleri öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýüplük, mata we olardan öndürilen önümler: başgaplar, aýakgaplar, tanaplar, ýüpler, kagyzlar, asbestden tehniki önümleri öndürmek; esasyny mineral maddalar tutýan friksion materiallary ýa-da sellýuloza we olardan öndürilen montažlanmadyk önümleri öndürmek; mineral izolýasion materiallary (şlakowata, mineral pamyk we ş.m. pamyklary, gatlanan wernikulit, çişirilen toýundan we şoňa meňzeş ýylylyk geçirmeýän, ses geçirmeýän we sesi peseldýän materiallar) öndürmek; beýleki mineral materiallardan (işlenen slýuda we ondan öndürilen önümler, torf, grafit, elektrotehnikada ulanylýanyndan başga we ş.m.) önümleri öndürmek; tebigy asfaltdan ýa-da şoňa meňzeş materialdan (esasyny tebigy asfalt ýa-da bitum tutýan bitomizion garyndylar, nebit bitumy, mineral garasakgyçlary ýa-da asfalt pekasy (şepbigi)), emeli korund önümçiligi; emeli grafiti ýa-da grafit esasly önümleri we beýleki ýarymfabrikat görnüşli uglerod öndürmek; ýangyndan halas ediş gurluşlaryny we ýangyn söndürijileriň serişdelerini öndürmek we kämilleşdirmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *steklowata we steklowatadan öndürilen önümler (23.14 seret); grafitden elektrod öndürmek (27.90 seret); kömürden ýa-da grafitden prokladkalary öndürmek (28.29 seret)* |
| | | | 23.99.10 | Asbestden tehniki önümleri öndürmek |
| | | | 23.99.90 | Beýleki ýerlerde ady agzalmadyk başga metal däl önümleri öndürmek |
| **CH (kiçi seksiýa): 24-25** | | | | **MAŞYNDAN WE ENJAMLARDAN BAŞGA ESASY METAL WE TAÝÝAR METAL ÖNÜMLERI ÖNDÜRMEK** |
| **24** | | | | **Esasy metallary öndürmek**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *çoýun, gara we reňkli metallary öndürmek we täzeden işlemek, (şol sanda: guýma çoýun we döwük- ýenjik çoýun) elektrometallurgiýa önümçiligini hasaba almak bilen; himiki elementleri arassa metala goşmak bilen splaw öndürmek; guýma we başlangyç görnüşdäkiler we ýarymfabrikatlar indiki amallara sezewar edilýär: ýapmak, sozmak, süýündürmek, ekstruziýa we galyplara guýmak işleri, çoýun listleri, çoýun zolaklary, simleri, sim şekillileri, turbalary, şeýle hem taýýar önümlere guýmak üçin suwuk çoýny almak üçin geçirilýär* |
| | 24.1 | | | Çoýun, polat we ferrosplaw önümçiligi |
| | | 24.10 | 24.10.00 | Çoýun, polat we ferrosplaw önümçiligi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *süýndürmek we bezeg işlerini ýerine ýetirmäge niýetlenen peçleri, konwentorlary, sehleri* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *ulanmak; guýma çoýny we öýjükli demriň guýma görnüşini, bloklary we dürli başlangyç görnüşlerini öndürmek; ferrosplaw öndürmek, demir känlerinden gazylyp alnan metal önümleri öndürmek we öýjükli demirden önüm öndürmek; elektrolizleme ýoly we himiki prossesler esasynda iň arassa demir öndürmek; çoýun we polat galyndylaryny we döwük – ýenjiklerini eretmek; poroşok we granula görnüşli demir öndürmek, poladyň bolwankadaky görnüşini öndürmek; polatdan ýarym fabrikatlar öndürmek; polatdan gyzgyn we sowuk süýndürmeler, tekiz süýndürmeler öndürmek, polatdan gyzgyn süýndürmeler esasynda sim şekillileri öndürmek; polatdan gyzgyn süýndürme bilen açyk (doly däl) profiller öndürmek; polatdan dyrnaklyk diregleri we kebşirlenen açyk konstruksiýalary öndürmek; polatdan demir ýol we tramwaý ýollary üçin relsleri öndürmek* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *sowuk süýndürilen önümler (24.31 seret)* |
| | 24.2 | | | Polatdan turbalary, içi boş profilleri we fitingleri öndürmek |
| | | 24.20 | 24.20.00 | Polatdan turbalary, içi boş profilleri we fitingleri öndürmek |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *sepsiz turbalary we turba şekillileri, tegelek we başga görnüşli kesilen, geljekki işläp bejerme üçin tegelek taslamada kesilen (dürli gyzgyn işlemeler ýa-da gyzgyn süýndürme, gyzgyn ekstruziýa) aralyk önümler, gyzgyn süýndürmeler ýa-da üznüksiz guýma esasynda alnan pürs, bolwanka ýaly önümler; sepsiz turbalary we turba şekillileri gyzgyn süýndürme ýa-da gyzgyn ekstruziýa esasynda soňraky işlemeler ýoly bilen alnan önümleri öndürmek; sowuklygyna sozma, süýndürme bilen taýýarlanýan turba we turba şekilli tegelek kesilen, diňe sowuklygyna sozma bilen taýýarlanan tegelek däl kesilen turba we içi boş profil önümlerini öndürmek; kebşirlenen turba we turba şekilli önümleri daşky diametri 406,4 mm-den uly bolmadyk, sowuklygyna çekilen ýa-da gyzgyn sozulan listler we dikligine ýa-da spiral boýunça kebşirlenen önümleri öndürmek; şeýle usul bilen alnan daşky diametri 406,4 mm-den uly bolmadyk tegelek kesilen turba we turba önümlerini öndürmek; kebşirlenen tegelek kesilen daşky diametri 406,4 mm-den uly bolmadyk, sowuk ýa-da gyzgyn süýndürme bilen alnan zolaklardan uzynlygyna ýa-da spiral boýunça kebşirlenip, dürli hilli kesilen turba we turba önümlerini tegelek kesilenden başga önümleri öndürmek; gyzgyn süýndürilen polat plastinadan tekiz birleşme we mufta birleşmesini öndürmek; polatdan öndürilen ýüzi demirlenen birleşdiriji detallar: mufta, sepleri kebşirleýji (sepsiz turbalar üçin) gyzgyn süýndürme bilen alnan önümleri öndürmek: sepsiz turba we turba önümleri üçin polatdan rezbaly birleşdiriji detallary we* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *beýleki birleşdiriji detallary öndürmek* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *guýma usuly bilen turba we turba önümlerini öndürmek (24.52 seret).* |
| | 24.3 | | | Beýleki polady ilkinji işlemeler <br> ***Bu topar öz içine alýar:*** *sowuklygyna işlemek usuly bilen alnan beýleki polat önümler* |
| | | 24.31 | 24.31.00 | Sowuklygyna sozma işi <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *sowuklygyna sozup, ýylmap, arassalap polat simleri we profilleri öndürmek* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *sim öndürmek (24.34 seret)* |
| | | 24.32 | 24.32.00 | Sowuklygyna sozma esasynda inçe zolaklary we lentalary öndürmek <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *tekiz süýndürilen polatdan daşy örtülen ýa-da örtülmedik, toplaýyn ýa-da uzyn, göni lenta şekilli ini 600 mm az bolan, ikinji sowuk süýndürme, gyzgyn süýndürilen tekiz sozulan ýa-da polat simlerden alnan önümler* |
| | | 24.33 | 24.33.00 | Sowuklygyna galyplap çykarylan önüm we polady egme <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *açyk profilleri prokat bejerilýän standa yzygiderli forma berip ýasamak ýa-da profil egiji standa düz polat prokaty egme esasynda önüm öndürmek.* <br> *Üsti beýikli-pesli listleri we köpgatlakly panelleri list demirden, sowuklygyna galyplap çykarylan önüm bilen ýa-da egmeden öndürmek (sinklenen, profirllenen ýere düşelýän önüm öndürmek)* |
| | | 24.34 | 24.34.00 | Polatdan sim öndürmek <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *polatdan sowuklygyna süýme bilen ýa-da polat simleri çekip, geçiriji sim öndürmek* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *polatdan geçiriji simleri we profil öndürmek (24.31 seret); önümleri kebşirlemek, galaýylamak, metallamak üçin sim öndürmek;tikenli simleri öndürmek (25.93 seret)* |
| | 24.4 | | | Reňkli metallary öndürmek |
| | | 24.41 | 24.41.00 | Gymmat bahaly metallary öndürmek <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gymmat bahaly metallary öndürmek: işlenilmedik gymmatbahaly metallary (altyn, kümüş, platina we platinalar toparyna girýän metallar) öndürmek we arassalamak; gymmat bahaly metallardan splawlar öndürmek; gymmatbahaly metallardan ýarymfabrikatlar öndürmek; gymmatbahaly däl metaldan öndürilen önümlere kümüş çaýmak; kümüşden we beýleki gymmatbahaly däl metallara altyn çaýmak; altyna, kümşe we beýleki gymmatbahaly däl metallara platina we platinalar toparyna girýän metallary çaýmak; gymmatbahaly metallardan sozmak, çekmek usuly bilen sim öndürmek; gymmatbahaly metallardan folga (zatlaryň ýüzüni ýükajyk gat bilen ýapmak üçin) öndürmek* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *reňkli metallary guýmak işi (24.53, 24.54 seret); gymmatbahaly metallardan zergärlik önümlerini öndürmek (32.12 seret)* |
| | | 24.42 | 24.42.00 | Alýumin önümçiligi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *alýumin oksidinden alýumin öndürmek; alýumin galyndylardan we alýumin döwük-ýenjiginden elektrolitik arassalama usuly bilen alýumin almak; alýuminden ýarymfabrikat öndürmek; alýumin oksidini öndürmek; alýumin simlerini öndürmek; alýuminden gaplamak üçin folga öndürmek; alýumin folgalaryň esasynda alýumin örtgüler bilen örtmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *reňkli metallary guýmak işi (24.53, 24.54 seret)* |
| | | 24.43 | 24.43.00 | Gurşun, sink we galaýy önümçiligi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *magdan känlerinden gurşun, sink we galaýy gazyp almak; elektrolitik usuly bilen arassalap, galyndylardan we döwük- ýenjikden gurşun, galaýy we sink öndürmek; gurşundan, galaýydan we sinkden splaw öndürmek; gurşundan, galaýydan we sinkden ýarymfabrikat öndürmek; gurşundan, galaýydan we sinkden sozmak, çekmek usuly bilen sim öndürmek; galaýydan folga öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *reňkli metallary guýmak işi (24.53, 24.54 seret)* |
| | | 24.44 | 24.44.00 | Mis önümçiligi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *magdan känlerinden mis gazyp çykarmak; elektrolitik usuly bilen arassalap, mis galydylardan we döwük-ýenjiginden mis öndürmek;misden splaw öndürmek; misden steržen, sim, ereýän predohraniteller üçin plastinka öndürmek; misden sozmak, süýndürmek usuly bilen sim öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *reňkli metallary guýmak (24.53, 24.54 seret)* |
| | | 41.20 | 41.20.00 | Ýaşalýan we ýaşalmaýan binalary gurmak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** 1-12, 13-25 we ondan hem köp gatly ýaşalýan we ýaşalmaýan binalary gurmak we abatlamak, şol sanda:Ýaşaýyş jaýlaryň ähli görnüşleriniň, kottejlaryň we köpöýli jaýlaryň binalarynyň gurluşygy; Ýaşalmaýan binalaryň, şol sanda ähli pudaklaryň senagat binalarynyň:* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *zawodlaryň, fabrikleriň, sehleriň we ş.m.; administratiw binalaryň, mekdepleriň, çagalar baglarynyň, ylmy edaralaryň, medeniýet öýleriň, teatrlaryň, hassahanalaryň, ofisleriň, restoranlaryň, dükanlaryň, myhmanhanalaryň, söwda we dynç alyş merkezleriň, sport desgalaryň, köp gatly maşyn duralgalaryň, ammarlaryň, dini ymaratlaryň we ş.m. gurluşygy - taýýar ýygyndy düzütlerden gurluşyk we gurnama* |
| | | | | ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:** binalary we desgalary, düýpli abatlamak, durkuny täzelemek, giňeltmek, täzeden üýtgedip gurmak we täzeden dikeltmek* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** jaýyň içinde bolmadyk senagat gurluşlaryny gurmak (42.99 seret); binagärlik we inžener gözleg işleri (71.1 seret); gozgalmaýan emläk bilen baglanyşykly gurluşyk taslamalaryny dolandyrmak (71.1 seret)* |
| **42** | | | | **Raýatlara niýetlenen gurluşyklar** |
| | | | | ***Bu bölüm öz içine alýar:** ýaşaýyş jaý we raýatlara niýetlenen, şol sanda täze gurluşyklar, abatlamak işi, täzeden üýtgedip gurmak işleri, taýýar konstruksiýalardan wagtlaýyn desgalary gurmak. Muňa uly awtoýollaryň, demir ýollaryň, köprüleriň we ýerasty geçelgeleriň, suw desgalarynyň, suwaryş ulgamlarynyň, arassalaýjy desgalaryň, elektrik ugurlarynyň, sport desgalarynyň we ş.m. gurluşygy girýär. Ýokarda ady agzalan işleriň belli bir böleginiň ýa-da tutuşlaýyn potratçylar tarapyndan ýerine ýetirilmegi mümkin.* |
| | 42.1 | | | Awtoulag ýollarynyň we demir ýollaryň gurluşygy |
| | | 42.11 | 42.11.00 | Awtomagistrallaryň we şosseleriň gurluşygy |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:** ýokary tizlikli ýollaryň (awtobanlar), şaýollaryň, 1-4 derejeli ýollaryň, pyýadalar üçin ýollaryň, awtoulag ýollarynyň gurluşygy; uçuş-gonuş ýollaryny gurmak; ýollaryň galereýalarynyň gurluşygy, ýollary abatlamak, ýollaryň üstki örtügini täzelemek işleri, köprüleri we ýerasty ýollaryň üstüni täzelemek işleri (ýollara asfalt düşek düşemek, reňkler bilen ýoluň geçilýän böleklerini bellemek, awtoulaglar duralgalaryna reňkler bilen bellik etmek)* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** köçäni ýagtylandyryjy enjamlary gurnamak (43.21 seret); binagärlik we inžener gözleg işleri (71.1 seret); gurluşyk taslamalaryny dolandyrmak işi (71.1 seret)* |
| | | 42.12 | 42.12.00 | Demir ýollaryň gurluşygy |
| | | 42.13 | 42.13.00 | Köprüleriň we geçelgeleriň gurluşygy |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:** köprüleriň, metropolitenleriň, estakadalaryň, tonelleriň, ýerüsti we ýerasty geçelgeleri gurmak, abatlamak we düýpli abatlamak* |
| | 42.2 | | | Raýatlara niýetlenen beýleki gurluşyklary gurmak |
| | | 42.21 | 42.21.00 | Turba geçirijileri gurmak |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *suwuklygy ugratmak üçin paýlaýjy turba geçirijileri gurmak (suw lagym we ýylylyk)*<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *magistral turba geçirijileri (şäher turba geçirijilerini hem hasaba alyp) gurmak; suw turbalaryny gurmak; suwaryş ulgamlaryny (kanallary gurmak; suw üçin rezerwuarlary gurmak; nasos stansiýalaryny gurmak; suw arassalaýjy desgalary gurmak*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *içilýän suw guýularyny burawlamak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar****: gurluşyk taslamalaryny dolandyrmak (71.1 seret)* |
| | | 42.22 | 42.22.00 | Telekommunikasiýa we elektrik toguny geçiriji ugurlary gurmak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *uzak aralyklara aragatnaşyk we elektrik toguny geçiriji ugurlary çekmek; şäher aragatnaşyk we elektrik toguny geçiriji ugurlary;energetik gurluşlary gurmak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *gurluşyklaryň we inženerlik desgalaryň taslamalaryny dolandyrmak (71.1 seret)* |
| | | | 42.22.10 | Elektrik toguny geçiriji ugurlary gurmak we çekmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *uzak aralyklara elektrik toguny geçiriji ugurlary çekmek; şäher elektrik togyny gejiriji ugurlary çekmek; energetik we elektrik gurluşlary gurmak* |
| | | | 42.22.20 | Telekommunikasiýa ugurlaryny gurmak we çekmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *uzak aralyklara aragatnaşyk ugurlaryny çekmek; şäher aragatnaşyk ugurlary; desgalaryň içinde aragatnaşyk geçiriji kabelleri çekmek, gurnamak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *gurluşyklaryň we inženerlik desgalaryň taslamalaryny dolandyrmak; (71.1 seret)* |
| | 42.3 | | | Nebit-gaz toplumynyň we howply desgalaryň gurluşygynda senagat howpsuzlygy boýunça işler |
| | | 42.30 | 42.30.00 | Nebit-gaz toplumynyň we howply desgalaryň gurluşygynda senagat howpsuzlygy boýunça işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:***<br>*- magistral turbageçirijileriň: gazgeçirijileriň, nebitgeçirjileriň we önüm geçirijileriň gurluşygy; howp döredip biljek desgalary we enjamlary: himiki, nebitgaz känlerini, gaz känini, partlamakdan goraýan elektrotehniki enjamy, gözegçilik ulgamyny we enjamlary, heläkçiligiň öňüni alyş enjamy we signalizasiýany bejeriş işlerini, gurluşyk, gurnama, söküp aýyrma işleri, («Uglewodorod serişdeleri hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda nebit işlerinde alnyp barylýanlardan başgalary)*<br>*-nebit we gaz senagatynyň desgalaryny hem-de nebit-gaz senagaty we geologiýa-gözleg enjamlaryny: magistral nebit, gazgeçirijileri; nebiti, gazy gaýtadan işleýän zawodlary; geologiýa-gözleg işleri geçirilýän desgalary,* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *nebit we gaz senagatynyň önümçiliginde we desgalarynda gurnamak, sazlamak işlerini; nebit, gaz kondensatly ýataklary we gaz ýataklaryny abatlamak.* <br> *-gaz hojalygynyň desgalaryny gurmak (gurnama) we goýbermek-sazlamak işleri: şäherleriň we beýleki ilatly ýerleriň daşarky gazgeçirijileriniň (gaz paýlaýjy stansiýadan sarp edijilere çenli) gurluşyk (gurnama) işleri (şäherçeleriň arasyndaky gazgeçirijileri goşmak bilen); şäherleriň we beýleki ilatly ýerleriň daşarky gazgeçirijileriniň (gaz paýlaýjy stansiýadan sarp edijilere çenli) goýbermek-sazlamak işlerini; gorag üçin (korroziýa garşy) polat turbalaryň daşyny izolirlemek; ýerasty gaz geçirijilerini elektrohimiki korroziýadan goraýan serişdeleri gurmak, (gurnamak); ýerasty gazgeçirijileri elektrohimiki korroziýadan goraýan serişdeleri işe goýbermek-sazlamak işlerini; gaz paýlaýjy nokatlaryň, gazgeçirijileriniň hem-de senagat, oba hojalyk kärhanalarynyň we durmuş taýdan hyzmat edýän kärhanalaryň, jemgyýetçilik binalarynyň we ýaşaýyş jaýlarynyň gaz enjamlaryny gurmak, gurnamak; gaz paýlaýjy nokatlaryň, gazgeçirijileriniň we senagat, oba hojalyk kärhanalarynyň we durmuş taýdan hyzmat edýän kärhanalaryň, jemgyýetçilik binalarynyň we ýaşaýyş jaýlarynyň gaz enjamlaryny işe goýbermek-sazlamak işlerini; suwuklandyrylan uglewodorod gazlarynyň enjamyny gurmak, gurnama; suwuklandyrylan uglewodorod gazlary enjamyny işe goýbermek-sazlamak işlerini; ýylylyk elektrik stansiýasynyň, ýylylyk energiýa merkeziniň, döwlet elektrik merkeziniň, kotelnýalaryň, gaz gorelkaly gurallary bolan ýylylyk generatorlarynyň gaz enjamlaryny gurmak, gurnamak; ýylylyk elektrik stansiýasynyň, ýylylyk energiýa merkezleriniň, gaz paýlaýjy elektrik stansiýalarynyň, kotelnýalaryň, gaz gorelkaly gurluşy bolan ýylylyk generatorlaryny goýbermek-sazlamak işlerini.* <br> *-gaz enjamyny taýýarlamak we abatlamak: enjamlar (gurallar) we gözegçilik ulgamyny, heläkçilige garşy goragy, duýduryş we gaz hojalygynyň desgalary üçin bloklaýyş gurallaryny (gaz üpjünçilik ulgamyny) taýýarlamak (abatlamak); gaz ulanylýan gurnamalary goşmak bilen; uglewodorod gazlarynyň gaz gurşawy üçin goraýjylary, baglaýjy (gorag) klapanlaryny, gazyň basyşynyň göni we göni däl hereketini düzgünleşdiriji gurallary taýýarlamak; suw geçirýän we gap görnüşli suw gyzdyryjylary taýýarlamak we abatlamak; kotelnýalar üçin gaz enjamlaryny, gazdan peýdalanýan enjamlar üçin gaz gorelkalaryny taýýarlamak (abatlamak); polietilen turbalaryny we gazgeçirijilerini gurnamak; gazgeçirijileriniň fason böleklerini taýýarlamak we abatlamak; suwuklandyrylan uglewodorod gazlarynyň abzallarynyň gaz* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *enjamlaryny gurnamak işlerini; korroziýa garşy gorag üçin polat turbalaryň daşyny izolirlemek; gaz hojalygy desgalary üçin standart däl enjamlary we täze tehnikanyň nusgalyklaryny taýýarlamak we abatlamak.*<br>*- gaz hojalygynyň desgalaryny düýpli abatlaýyş: ýerasty gazgeçirijiler, suwuklandyrylan uglewodorod gazlarynyň abzallarynyň gaz enjamlaryny gurnamak; ýerasty gazgeçirijilerini elektrohimiki korroziýadan goraýan serişdeleri taýýarlamak we abatlamak; bir gezeklik ulanylýan enjamlar we gaz hojalygynyň desgalary, gaz paýlaýjy nokatlar, ýylylyk elektrik stansiýalary, ýylylyk energiýa merkezleri we gidroelektrik stansiýalary, kotelnýalar; gurnama işleri gazanlary, senagat peçlerini, oba hojalyk kärhanalaryny we durmuş taýdan hyzmat edýän kärhanalary).*<br>*- gurnamak-sökmek we işe goýbermek-sazlamak: enjamlar we gözegçilik ulgamlaryny, heläkçilige garşy gorag we duýduryjy sesleri boýunça, tehnologiýany, elektrotehnikany, kömekçi enjamlary, gözegçi-ölçeg enjamlaryny we awtomatikany, tehnologiýa ulgamlary, gurnamalar, enjamlar boýunça gurnamak-sökmek we işe goýbermek-sazlamak işlerini.*<br>*- partlamadan goralan elektrotehniki enjamy howply önümçilik desgalary üçin enjamlary taýýarlamak bilen bagly işler: toplumlaýyn tehnologiki enjamy taýýarlamak; partlama-ýangyn howply, zäherleýji we agressiw gurşaw üçin enjamy taýýarlamak, partlama-ýangyn howply, agressiw we zäherleýji gurşaw üçin baglaýjy we düzgünleşdiriji armatury, goraýjy gurnamalary; enjamlary we gözegçilik toplumlaryny, düzgünleşdiriş, heläkcılıge garşy gorag we duýduryş ulgamlaryny, şeýle hem gözegçilik we düzgünleşdiriş gurallaryny, tehnıkı prosesleri dolandyryş we ölçeg serişdelerini taýýarlamak.*<br>*-abatlaýyş işlerini: howply önümçilik desgalarynyň tehnologiýa enjamlaryny; himiki –tehnologiýa ulgamlarynyň abatlaýyş işleri we abatlaýyş-ulanyş zerurlyklary üçin gurallary taýýarlamak; partlamadan goralan elektrotehniki enjamlary we awtomatika serişdeleri; kömekçi gurallary; enjamlary we gözegçilik toplumlaryny, düzgünleşdirijileri, heläkçılıge garşy gorag we duýduryş ulgamlaryny, şeýle-de gözegçilik gurallaryny we düzgünleşdirijileri, serişdelerini we tehnologiýa ýagdaýlaryny dolandyryjylary abatlaýyş işlerini.*<br>*- gaz hojalygy desgalaryny ulanmak bilen bagly işler: şäherleriň we ilatly ýerleriň gaz hojalygy desgalarynyň we kärhanalarynyň, (şol sanda jemgyýetçilik binalarynyň we ýaşaýyş jaýlarynyň) gaz enjamlarynyň gaz* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *geçirijilerine tehniki taýdan hyzmat etmek we abatlamak; ýerasty gaz geçirijilerini elektrohimiki korroziýadan goraýan serişdelere tehniki taýdan hyzmat etmek we abatlamak; suwuklandyrylan uglewodorod gazy enjamlaryna tehniki taýdan hyzmat etmek we abatlamak; wentilýasiýa ulgamlarynyň, gözegçilik-ölçeg we awtomatika gurallarynyň işleýşiniň netijeliligini barlamak; gaz geçirijilere we senagat, oba hojalyk kärhanalarynyň we durmuş taýdan hyzmat edýän kärhanalaryň gaz enjamlaryna tehniki taýdan hyzmat etmek; ýylylyk elektrik stansiýasynyň, ýylylyk energiýa merkeziniň, döwlet elektrik merkeziniň, kotelnýalaryň, gaz gorelkasy gurallary bolan ýylylyk generatorlarynyň gaz enjamlaryna, ýerasty gazgeçirijileri elektrohimiki korroziýadan goraýan serişdelerine tehniki taýdan hyzmat etmek we abatlamak;gaz enjamlarynyň we gaz hojalygy desgalarynyň gözegçilik we gorag serişdelerine tehniki taýdan hyzmat etmek we abatlamak.*<br>*- partlama-ýangyn howply önümçilikleriň we desgalaryň enjamlaryny gurnamak we olaryň synagyny, işe goýbermek-sazlamak işlerini geçirmek bilen bagly işler: önümçilikleri, sehleri, uçastoklary, aýry-aýry enjamlary we iri tehnologik desgalary gurmak we durkuny täzelemek boýunça gurluşyk, gurnama işleri.*<br>*- önümcılık desgalary boýunca dänäni saklamak we ony gaýtadan işlemek, gaýtadan işlenen däne önümlerıni, partlamadan goraýjylygy boýunca (tozan we gaz boýunca) gözegçilik gurallarynyň tehniki taýdan hyzmatlary.*<br>*- ähli maksatlar üçin niýetlenen guýulary gurmak, şol sanda guýulary burawlamak işleri («Uglewodorod serişdeleri hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda nebit işlerinde alnyp barylýanlardan başgalary).* |
| | 42.4 | | | Bug gazany-gözegçilik desgalarynyň senagat howpsuzlygy boýunça işleri |
| | | 42.40 | 42.40.00 | Bug gazany-gözegçilik desgalarynyň senagat howpsuzlygy boýunça işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:***<br>*Bug gazany desgalarynyň hojalygy:*<br>*- bug we suw gyzdyrýan gazanlary taýýarlamak: bug gazany-gözegçilik desgalarynyň tejrıbeli nusgalyklaryny taýýarlamak, bug gazany-gözegçilik desgalaryny tapgyrlaýyn, tapgyrlaýyn däl gaýtalanýan we ýeke-täk möçberde öndürmek; goraýjy abzallary taýýarlamak.*<br>*- bug gazany-gözegçilik desgalarynyň durkuny täzelemek, döwre-baplaşdyrmak we düýpli abatlamak; howpsuzlyk gurallaryny we goranyş ulgamlaryny abatlamak.*<br>*- bug gazany hojalygynyn desgalarynda gurnamak-sökmek we goýbermek-sazlamak işleri: howpsuzlyk gurallarynda we goranyş ulgamlarynda goýbermek-* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *sazlamak bilen bagly işler.*<br>*- bug gazany-gözegçilik desgalaryny ulanmak, howpsuzlyk Kadalarynda göz öňünde tutulan halatlaryndaky gözegçiligı, tehniki taýdan hyzmatlary, tehniki barlagyny geçirmek.*<br>*Basyş astynda işleýan gaplaryň desgalary (obýektleri), bug we gyzgyn suw turbageçirijiler:*<br>*- desgalarynyň nusgalyklaryny taýýarlamak; tapgyrlaýyn, tapgyrlaýyn däl gaýtalanýan we ýeke-täk möçberde öndürmek; goraýjy abzallary taýýarlamak.*<br>*- basyş astynda işleýän gaplaryň, bug we gyzgyn suw turbageçirijileri durkuny täzelemek, döwrebaplaşdyrmak we düýpli abatlamak; howpsuzlyk gurallaryny we goranyş ulgamlaryny abatlamak*<br>*- basyş astynda işleýän gaplaryň, bug we gyzgyn suw turbageçirijileri gurnamak-sökmek we goýbermek-sazlamak işleri: howpsuzlyk gurallarynda we goranyş ulgamlarynda göýbermek-sazlamak bilen bagly işler:*<br>*- basyş astynda işleýän gaplaryň, bug we gyzgyn suw turbageçirijileri ulanmak, howpsuzlyk Kadalarynda göz öňünde tutulan halatlaryndaky gözegçiligı, tehniki taýdan hyzmatlary, tehniki barlagyny geçirmek* |
| | 42.9 | | | Başga toparlara goşulmadyk raýatlara niýetlenen beýleki gurluşyklary gurmak |
| | | 42.91 | 42.91.00 | Suw desgalaryny gurmak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *suw, deňiz, derýa, kanalýollaryny, port desgalaryny, sport-syýahat gämileri üçin düşelgeleri, şlýuzlary we ş.m.gaçylary, bentleri gurmak abatlamak, düýpli abatlamak; suwly ýerlerde düýbüni çuňlaşdyrmak işleri; suwasty işleri geçirmek*<br>***Bu klas öz içine almaýar:*** *gurluşyklaryň we inženerlik desgalaryň taslamalaryny dolandyrmak (71.12 seret)* |
| | | | 42.91.10 | Suw desgalaryny abatlamak we düýpli abatlamak, olaryň gurluşygy |
| | | | 42.91.20 | Deňizde düýbüni çuňlaşdyrmak işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *portlara gelýän suw geçiş ýollaryny çuňaltmak, gämi duralgalary, deňiz portunyň akwatoriýasyny çuňaltmak we giňeltmek* |
| | | | 42.91.30 | Deňizde suwasty – tehniki işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *akwatoriýanyň düýbüni we desgalaryň suwasty böleklerini barlamak boýunça suwa girme işleri, gämileriň we beýleki ýüzýän desgalaryň daşky bölegini gözden geçirmek we arassalamak boýunça suwa girme işleri , suwuň astynda kebşirleme işler* |
| | | 42.99 | 42.99.00 | Başga toparlara goşulmadyk raýatlara niýetlenen beýleki gurluşyklary gurmak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *jaýdan başga senagat* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *desgalaryny (şol sanda nebiti gaýtadan işleýän we himiki zawodlar) gurmak; stadionlary, ýüzülýän howdanlary, gimnastika zallaryny, tennis kortlaryny, golf oýnalýan meýdanlary we beýleki (jaýlardan başga) sport desgalaryny gurmak* |
| | | | | ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar**: ýerleriň ýagdaýyny gowulandyrmak işleri bilen ýerleri böleklere bölmek (şol sanda ýol gurluşygy we kommunal gurluşyklar geçirilýän ýerlerde)* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** senagat maşynlaryny we enjamlaryny gurmak (33.20 seret); inženerlik desgalary we gurluşyk taslamalaryny dolandyrmak (71.1 seret); iş geçirilmejek ýerleri gowulandyrmak maksady bilen böleklere bölmek (68.10 seret)* |
| | | | 42.99.10 | Daş-töweregi abadanlaşdyryş işleri |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:** binanyň we desganyň daş-töweregini abadanlaşdyryş işleri, şol sanda: geçelgeleriň, pyýadalar üçin ýodajygyň, meýdançanyň gurulmagy, açyk sport desgalarynyň gurulmagy, emeli landşaftyň döredilmegi we ş.m.* |
| 43 | | | | **Ýörite gurluşyk işleri** |
| | | | | ***Bu bölüm öz içine alýar:** binanyň bölekleýin we bezeg işlerini gutarmak boýunça ýörite gurluşyk işlerini geçirmek. Beýle gurluşyk işleri bir ugur boýunça ýöriteleşdirilendir, umuman, desgalaryň we jaýlaryň dürli görnüşleri ýörite kwalifikasiýa we ýörite enjamlary talap edýär. Muňa pürsleri kakmak, fundament guýmak, suw guýularyny* burawlamak, beton we demir-beton *işleri, daşlar bilen işlemek, ýol düşemek işleri, ýyladyş ulgamlaryny montažlamak, jaýyň üstki basyrgy işleri girýär. Şeýle*-de *eger şol bir birlikler tarapyndan geçirilmedik bolsa metal desgalary montažlamak, düzgüne görä ýörite işleri potratçy ýerine ýetirýär, ýöne abatlaýyş işleri geçirilende, jaýyň hususy eýesi bu işlere gözegçilik edýär. Gurnama inženerçilik enjamlaryny gurnamagy öz içine alýar. Amallar gurluşyk gidýän meýdanlarda ýa-da ussahanalarda geçirilip* bilner. *Gurnama: suw we gaz geçiriji turbalaryň işlerini, ýyladyş ulgamyny, wentilýasion işleri, antenna oturtmak, signal ulgamlaryny we beýleki elektrik ulgamlary, ýangyna garşy signallaryň ulgamlaryny, liftleriň, eskalatorlaryň, senagat sowadyjy ulgamlarynyň, ýollaryň ähli görnüşleriniň ýşyklandyryş we signal ulgamlaryny, ýollaryň, demir ýollaryň, aeroportlarda we portlarda izolýasiýa işlerini, montaž enjamynyň detallarynyň abatlaýyş işlerini öz içine alýar.* |
| | | | | *Ymaratlaryň abatlaýyş we bezeg işleri: aýna bilen baglanyşykly işleri,suwag we boýag işlerini, ses geçirijilige degişli işleri, neçjarçylyk işlerini, diwarlary ýylmamak,* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *pollaryň üstüni örtmek, (parket, lineoleum we ş.m.), gurluşyk gidýän meýdany arassalamak işlerini öz içine alýar.*<br>*Enjamlary sürüjisi bilen kärendesine bermek gurluşyk işleriniň degişli görnüşlerinde klasifisirlenýär* |
| | 43.1 | | | Binany ýykyp aýyrmak we meýdany gurluşyga taýýarlamak |
| | | 43.11 | 43.11.00 | Binany ýykyp aýyrmak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *binalary, desgalary, söküp aýyrmak ýa-da ýykyp aýyrmak işleri* |
| | | 43.12 | 43.12.00 | Meýdany gurluşyga taýýarlamak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýer işleri; gurluşyk meýdançalarynda ýer işleri we arassalamak işleri: ýeri gazmak, ýere toprak dökmek, tekizlemek, dykyzlandyrmak we gurluşyk ýerlerini meýilleşdirmek, garym gazmak, gaty jynslary aýyrmak, partladyş işlerini geçirmek we ş.m.; dag gazyp agtaryş işlerine ýerleri taýýarlamak (açyş işleri, peýdaly magdanlary gazyp almaga beýleki taýýarlyk işlerini geçirmek (nebit we gaz ýataklaryndan başga). çökýän we göçýän topraklary (çäge we ş.m.) berkitmek;*<br>*- gurluşyk maksatly suwuň peselmegini gazanmak (drenaž işleri)*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar****: gurluşyk ýerlerini, oba hojalyk we tokaý hojalyk ýerlerini, meýdanlary guratmak işleri*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ulanylýan nebit we gaz guýularyny burawlamak işi (06.10, 06.20 seret); ýerleri zähersizlendirmek (39.00 seret); suw guýularyny burawlamak (42.21 seret); şahta diwarlaryny gazyp geçmek (43.99 seret)* |
| | | | 43.12.10 | Partladyş işleri bilen bagly toplumlaýyn işleriň geçirilmeginde senagat howpsuzlygy boýunça işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:***<br>*- partladyş işleri: partlaýjy maddalaryň saklanýan ammarlaryny, partlaýjy maddalaryň ýüklenýän-düşürilýän nokatlaryny we zawodda öndürilen partlaýjy maddalary ulanmaga taýýarlaýyş nokatlaryny ulanmak bilen bagly işler: partlaýjy maddalaryň gysga wagtlyk, wagtlaýyn we hemişelik saklanýan ammarlaryny, paýlaýyş kameralaryny, açyk meýdançalary we partlaýjy maddalaryň saklanýan şoňa meňzeş başga ýerlerini ulanmak; ulagyň ähli görnüşlerinde partlaýjy maddalaryň ýüklenýän-düşürilýän nokatlaryny ulanmak; zawodda öndürilen partlaýjy maddalary ulanmaga taýýarlaýyş nokatlaryny ulanmak (bellik: bu işiň görnüşini daşary ýurt kompaniýalary we firmalary üçin çäklendirmeli)*<br>*-peýdalanmaga rugsat edilen partlaýjy maddalary we önümleri ulanmak bilen bagly işler: partladyş işlerini geçirmek.* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *-partladyş işlerinde peýdalanýan enjamlary we gurallary taýýarlamak we abatlamak bilen bagly işler: sarp edijilerde-kärhanalarda partlaýjy maddalary we önümleri öndürmek üçin enjamlary taýýarlamak we abatlamak; ammarlarda ýükleýiş-düşüriş amallaryny mehanizirlemek üçin enjamlary taýýarlamak we abatlamak, şpurlary we guýulary zarýadlamak we dikligine gazmak; partladyş işlerinde we partlaýjy maddalar bilen iş geçirilende partladyş we gözegçilik-ölçeg gurallaryny taýýarlamak we abatlamak.* <br> *- partlaýjy senagat materiallaryna tehniki talaplary we tehniki tabşyryklary, şol sanda olaryň howpsuzlygyna bildirilýän talaplary işläp taýýarlamak; partlaýjy senagat materiallaryny işläp taýýarlamak; partlaýjy senagat materiallaryny synag etmek.* <br> *- partlaýjy maddalary we önümleri taýýarlamak bilen bagly işler: stasionar desgalarda (punktlarda) partlaýjy maddalary we önümleri taýýarlamak, göçme maşynlarda we mehanizmlerde partlaýjy maddalary taýýarlamak.* |
| | | 43.13 | 43.13.00 | Barlag burawlaýşy <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *barlag burawlaýşy esasynda gurluşyk, geofiziki, geologiki we ş.m. barlaglar üçin nusgalyk almak* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ulanylýan nebit we gaz guýularyny burawlamak işi (06.10, 06.20 seret); peýdaly magdanlary gazyp almakda buraw işini geçirmek (09.90 seret); suw guýularyny burawlamak (42.21 seret); şahta diwarlaryny gazyp geçmek (43.99 seret); nebit we gaz ýataklarynda geofiziki, geologiki we seýsmologiki barlaglary geçirmek (71.12 seret)* |
| | 43.2 | | | Elektrik toguny geçiriji we suw geçiriji ulgamlaryny gurnama we beýleki gurluşyk-gurnama işleri <br> ***Bu topar öz içine alýar:*** *binalarda elektrik toguny geçiriji we suw geçiriji ulgamlary, ýyladyş ulgamlaryny, wentilýasiýa we howany kondisionirlemek ulgamlaryny gurnamak we ş.m* <br> ***Bu topar şeýle-de öz içine alýar:*** *gurnamalaryň, örmeleriň dogrulygyny barlamak; synag etmek, abatlamak we tehniki taýdan hyzmat ediş ulgamlaryny enjamlaşdyrmak işleri hem bu topara goşulan* |
| | | 43.21 | 43.21.00 | Elektrik togy bilen gurnama işleri <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gurnama işleri, jaýlarda we beýleki gurluşyk binalarynda abatlamak işi we tehniki taýdan hyzmat etmek işleri; elektrik tok geçirijilerini, elektrik armaturalaryny we elektrik abzallary, şol sanda hemra antennalary, ýangyny duýduryjy signallar ulgamy; ogurlyga garşy signal ulgamlary, köçeleriň gurallaryny; elektrik aragatnaşyk ulgamlaryny; elektrik gyzdyryjy* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *ulgamlary (şol sanda plintuslaryň ýyladylyşy); kompýuter, radio we teleýaýlym ulgamlary, şol sanda kabelli teleýaýlymlar, yşyklandyryjy ulgamlar, ýagtylandyryjy we signal ulgamlary (awtoulaglar, demir ýollar, aeroport, duralgalar we ş.m.)* |
| | | | | ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:** ýangyn söndüriji ulgamynyň abzallaryny we enjamlaryny (ulgamlaryň böleklerini), ýangyn we gorag-ýangyn habar beriji ulgamynyň abzallaryny we enjamlaryny (ulgamlaryň böleklerini), ýangynyň döremeginiň we ýaýramagynyň öňüni almak ulgamynyň abzallaryny we enjamlaryny (ulgamlaryň böleklerini), ýangyn barada adamlara habar beriş we olary guramaçylykly halas ediş ulgamlarynyň abzallaryny we enjamlaryny (ulgamlaryň böleklerini) gurnama, bejerme, abatlama we tehniki hyzmat etmek* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** elektrik toguny geçiriji we telekommunikasiýa ugurlarynyň gurluşygy (42.22 seret); elektron howpsuzlyk ulgamyny belli bir aralykdan dolandyrmak we gözegçilik etmek (80.20 seret)* |
| | | | 43.21.10 | Gurulýan we ulanyşdaky obýektlerde ýangyn habar beriji, ýangyn barada adamlara habar beriş, olary guramaçylykly halas ediş, ýangynlaryň döremeginiň we ýaýramagynyň öňüni alyş ulgamlaryň abzallaryny we enjamlaryny (şol sanda ulgamlaryň böleklerini) gurnamak (sazlamak), abatlamak we tehniki taýdan hyzmat etmek |
| | | | 43.21.20 | Maglumaty işläp taýýarlaýjy we saklaýjy serişdeleriň toplumyny (serwerler toplumyny) we aragatnaşyk (tor) enjamlaryny gurnamak, düzmek, tehniki hyzmatlary bermek işlerini amala aşyrmak |
| | | | 43.21.30 | Maglumat ulgamlaryny kiber hüjümlerinden goraýyş programma enjamlaýyn serişdelerini işläp taýýarlamak, sazlamak, düzmek, tehniki hyzmatlary bermek işlerini amala aşyrmak |
| | | | 43.21.40 | Radio we telewizion antennalaryny şol sanda hemra antennalaryny we beýleki aragatnaşyk enjamlaryny gurnamak, düzmek, sazlamak we tehniki hyzmat etmek işlerini amala aşyrmak |
| | | | 43.21.50 | Elektroenergetika ulgamynda abzallaryň gurnama işlerini ýerine ýetirmek |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:** gurnama işleri jaýlarda we beýleki gurluşyk binalarynda: elektrik tok geçirijilerini, elektrik armaturalaryny we elektrik abzallary; elektrik gyzdyryjy ulgamlary (şol sanda plintuslaryň ýyladylyşy); yşyklandyryjy ulgamlar, ýagtylandyryjy we signal ulgamlary (awtoulaglar, demir ýollar, aeroport, duralgalar we ş.m.)* |
| | | | 43.21.90 | Gaýry elektrik gurnama işleri |
| | | 43.22 | 43.22.00 | Suw geçiriji ulgamlary, ýyladyş ulgamlaryny, wentilýasiýa |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | we howany kondisionirleme ulgamlaryny gurnama (gurnamak)<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gurnama, binalarda we beýleki gurluşyklarda abatlamak işi we tehniki taýdan hyzmat etmek; suw geçiriji ulgamlarda, sanitar-tehniki enjamlarda; gaz ulgamlaryny we gaz enjamlaryny ýyladyş we merkezi ýyladyş ulgamlary, wentilýasiýa we sowadyjy ulgamlar we enjamlar, howany kondisionirleme ulgamlary, gün kollektor ulgamlary (batareýalar); awtomatlaşdyrylan ýangyn söndüriji ulgamlar; awtomatlaşdyrylan usul bilen gazonlary suwaryş ulgamlaryny montaž etmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *elektrik togy bilen ýyladylýan ulgamlary gurnamak (43.21 seret)* |
| | | | 43.22.10 | Gurulýan we ulanyşdaky obýektlerde ýangyn suw geçiriji, ýangyn söndüriji we tüssä garşy gorag ulgamlaryň abzallaryny we enjamlaryny (şol sanda ulgamlaryň böleklerini) gurnamak (sazlamak), abatlamak we tehniki taýdan hyzmat etmek |
| | | | 43.22.20 | Arassaçylyk-tehniki işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gurnama, binalarda we beýleki gurluşyklarda abatlamak işi we tehniki taýdan hyzmat etmek; suw geçiriji ulgamlarda, arassaçylyk-tehniki enjamlarda; gaz ulgamlaryny we gaz enjamlaryny ýyladyş we merkezi ýyladyş ulgamlary, wentilýasiýa we sowadyjy ulgamlar we enjamlar, howany kondisionirleme ulgamlary*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *elektrik togy bilen ýyladylýan ulgamlary gurnamak* |
| | | | 43.22.90 | Suw geçiriji ulgamlary, ýyladyş ulgamlaryny, wentilýasiýa we howany kondisionirleme ulgamlaryny gurnama (gurnamak) |
| | | 43.23 | 43.23.00 | Galdyryjy-ulag enjamlaryny gurnamak (sökmek) goýberiş-sazlaýyş işlerinde we ulanyşynda senagat howpsuzlygy boýunça işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *liftlerı, göteriji mehanızmlerı, we eskalatorlary göteriji desgalar üçin gorag ulgamlarynda we howpsuzlyk gurallarynda işe goýbermek-sazlamak işleri, şol sanda abatlamak we ulanmak işleri, gurnamak-sökmek we işe goýbermek-sazlamak we ulanmak (tehnıkı taydan hyzmat) işleri* |
| | | 43.29 | 43.29.00 | Beýleki gurluşyk- gurnama işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *jaýlardaky liftleri we gurluşlary, beýleki enjamlary montaž etmek, abatlamak we tehniki hyzmatlary etmek; göteriji enjamlary, eskalatorlary, awtomatlaşdyrylan gapylary (çarh görnüşlerini hasaba alyp) abatlamak işi we tehniki hyzmatlary etmek; ýyldyrym sowujy enjamlara, ýylylyk, ses we titreme izolýatorlarynda, howa arassalaýjy ulgamlarda abatlamak işleri, tehhniki taýdan hyzmat etmek* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *senagat enjamlaryny gurnamak (33.20 seret)* |
| | | | 43.29.10 | Izolýasiýa işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gurnamalaryň gorag işleri (öňünden arassalamak we taýýarlamak işleri ýerine ýetirmek bilen): gurnamalary çüýremekden we poslamakdan goramak, demirbeton, metal gurnamalaryň we turbageçirijileriň gorag işleri, elektrohimiýa goragy, gurluşyk gurnamalarynyň himiki we beýleki goragy, seslere we titremelere garşy akustiki gorag, enjamlaryň we turbageçirijileriň ýylylyk örtügi, sowadyjy örtük, bitum garyndyly we çalgy görnüşli örtük, rulon materiallar we bitum esasly materiallar, gyzgyn asfalt, bitumperlit we bitumkeramzit, rulon we list görnüşli polimer we ş.m. materiallardan bolan örtük* |
| | | | 43.29.11 | Gurluşyk konstruksiýalaryna we materiallaryna otdan goraýşyny geçirmek (şol sanda howaçykarlara)<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *demir gurluşlarynyň (şol sanda howaçykarlara), elektrik kabelleriň, polimer materiallaryndan taýýarlanan önümleriň, dokma materiallarynyň, agaçlardan we onuň esasyndaky materiallaryň otdan goraýşyny geçirmek* |
| | | | 43.29.90 | Başga toparlara goşulmadyk beýleki gurluşyk- gurnama işleri |
| | 43.3 | | | Gurluşygyň gutaryş işleri we bezeg işleri |
| | | 43.30 | 43.30.00 | Gurluşygyň gutaryş işleri we bezeg işleri |
| | | 43.31 | 43.31.00 | Suwag işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *binalaryň we beýleki gurluşyklaryň daşky we içki suwag işlerini geçirmek* |
| | | 43.32 | 43.32.00 | Neçjarçylyk we agaç işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *önümlerini we konstruksiýalaryny gurnamak: agaçdan we başga materiallardan işlenen gapy we äpişge bloklaryny we korobkalaryny, aşhana mebellerini we enjamlaryny, basgançaklary, dükan enjamlaryny we ş.m. önümleri gurnamak; potolok we diwarlary agaç paneller bilen örtmek ýaly içki bezeg işleri, süýşýän germewleri we ş.m. gurnamak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *awtomatlaşdyrylan gapylary gurnamak (43.29 seret)* |
| | | 43.33 | 43.33.00 | Poluň we diwaryň ýüzüne örtgi tutmak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *binalarda we beýleki gurluşyklarda poly örtmek işleri, diwar bezeg işleri we gülli kagyzlary (oboýlary) ýelmemek işleri: binalarda we desgalarda pollary, daşky we içki diwarlary betondan we keramikadan plitalar, daş plitalar, kafeller we beýleki materiallardan örtgiler we bezegler bilen örtmek we bezemek işleri; parket we beýleki agaç önümleri bilen pollary örtmek; haly, lineoleum, şeýle hem rezin, plastmassadan önümler bilen pollaryň üstüni örtmek;* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *pollary we diwarlary mermer, granit, şifer we beýleki materiallar bilen örtmek; poluň üstüni tekizlemek; potoloklary örtmek we bezemek işleri* |
| | | 43.34 | 43.34.00 | Reňklemek we aýnalamak işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *binalary içinden we daşyndan reňklemek; inžener ulgamlaryny reňklemek; penjire aýnalaryny we ýüz görülýän aýnalary we ş.m.*gurnamak<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *äpişge aýnalary gurnamak (43.32 seret)* |
| | | 43.39 | 43.39.00 | Beýleki gutardyş we bejergi işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gurluşyk işleri gutarylandan soňra binalary arassalamak işleri; başga* toparlara *goşulmadyk beýleki gutardyş we bezeg işleri.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** otaglary bezemek (74.10 *seret); jaýlaryň we desgalaryň içki arassalaýyş işleri (81.21 seret); jaýlaryň ýöriteleşdirilen içki we daşky arassalaýyş işleri (81.22 seret)* |
| | 43.9 | | | Beýleki ýörite gurluşyk işleri |
| | | 43.91 | 43.91.00 | Binalaryň üstüni basyrmak işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *binalaryň we desgalaryň üstki örtgüleri üçin esasy göteriji elementlerini gurnamak; binalaryň we desgalaryň üçeklerini rulon material*lar, polimer, *emulsiýa-bitum garyndylary, beýleki materiallar, şifer we demir listler bilen basyrmak işleri* |
| | | 43.99 | 43.99.00 | Başga toparlara goşulmadyk beýleki ýörite gurluşyk işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *bir ugra gönükdirilen ýöriteleşdirilen gurluşyk işleri, umuman, dürli binalaryň, desgalaryň görnüşleri üçin ýöriteleşdirilen işleri, enjamlary, hünäri talap edýän işleri ýerine ýetirmek (jaýyň fundamentlerini gurmak, sütünlerini kakmak, suw guýularyny burawlamak, şahta diwarlaryny köwüp geçmek, öz önümi bolmadyk polat konstruksiýalary gurnamak; armaturadan bolan karkas elementleri egmek işi; ýol düşemegi hasaba alyp, kerpiç örmek, daş düşemek işleri; kärendä alnanlary hasaba alyp, köprüleri we sekileri gurmak we sökmek işleri; senagat peçleriniň tüsse çykýan turbalaryny gurmak; jaýlaryň içindäki çyglylygy azaltmak we jaýyň üçegini suw geçmez ýaly berkitmek işi; ýörite kwalifikasiýany talap edýän belentlikde ýerine ýetirilýän işler (meselem, senagat alpinizmi); daşardaky ýüzülýän suw howdanlaryny gurmak; çäge pürkmek, bug pürkmek arkaly jaýlaryň fasadlaryny arassalamak işleri; suwasty işler; ýöriteleşdirilen gurluşyk işlerinden başga gurluşyk işleri üçin göteriji kranlary we beýleki enjamlary kran bilen enjamlaşdyrylan (ýük maşynlaryny we düşürip-ýükleýän beýleki enjamlary sürüjisi bilen bile kärendesine almak)*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *gurluşyk enjamlaryny operatorsyz kärendesine bermek (77.32 seret)* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | 43.99.10 | Pürs kakmak işini hasaba alyp, fundament gurmak<br>***Bu kici klas öz içine alýar:*** *topragy berkitmek üçin ýörite ýer işler, şol sanda topragy emeli usulda doňdurmak, sementleme we ş.m., dürli görnüşli swaý işleri, swaý-daşyny kakmak, şpuntlary we rostwerkleri ýere goýbermek we ş.m.* |
| | | | 43.99.20 | Suw guýularyny we artezian guýularyny burawlamak, gurmak |
| | | | 43.99.30 | Kerpiç we daş örmek |
| | | | 43.99.40 | Gaty ýangyçda işleýän peçleri, kaminleri, beýleki ýylylyk beriji enjamlary we tüsseçykarlary gurmak (örmek we sazlamak) abatlamak, ýüzüni örtmek |
| | | | 43.99.90 | Beýleki toparlara goşulmadyk beýleki ýörite gurluşyk işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *metal, beton we demirbeton gurnamalary oturtmak we gurnamak; galyp we armatur dokamak işleri; ýeňil gorag gurnamalary gurnamak, metal gurnamalar, aýna profil bloklardan ýasalan gurnamalary, daşy alýuminden ýasalan gurnamalary, aýnaplastikadan we beýleki polimer we garyşyk materiallardan ýasalan gurnamalary* |
| **G (seksiýa): 45-47** | | | | **LOMAÝ WE BÖLEK SÖWDASY; AWTOMOBILLERI WE MOTOSIKLLERI ABATLAMAK**<br>***Bu seksiýa öz içine alýar****: bölek-lomaý söwda (üýtgewsiz söwda); harytlaryň ähli görnüşleri we harytlary paýlamak bilen baglanyşykly hyzmat edişi guramak, muňa awtoulag serişdelerini abatlamak işi hem goşulan.*<br>*Söwda (gaýtadan işlemezden) şeýle amallary, manipulýasiýalary öz içine alýar: seçmek, kebşirlemek we ýygnamak, garmak (çägäni ýa-da çakyry), çüýşelere guýmak (öňünden çüýşeleri ýuwup ýa-da ýuwman), ölçemek, bölmek we gaýtadan ownuk gaplara geçirip gaplamak, saklamak (sowatmagy we doňdurmagy hasaba almak bilen). 45 bölüm öz içine awtoulaglary abatlamagy we satmagy alýar, 46 bölüm dürli harytlar bilen lomaý söwda etmegi öz içine alýar; 47 bölüm dürli harytlar bilen bölek söwda etmegi öz içine alýar.*<br>*Lomaý söwda-bu alyp satmagy (üýtgewsiz satmak); täze ýa-da öňki ulanylan harytlary bölekleýin satýan söwdagärlere önümçiligiň, söwda edaralaryny öň ýa-da hünärli ulanyjylaryň ýa-da lomaý söwda edýän söwdagärleriň işidir; kompaniýalaryň ýa-da şahslaryň adyndan haryt almak boýunça hereket edýän agentleriň işi, şeýle hem haryt satmak boýunça-da hereket edýändir, oňa kommersiýa guramalarynyň işiniň esasy görnüşi: lomaý söwda guramalary-lomaý söwdagärler; satýan harytlaryna eýeçilik hukugyny alan lomaý söwdagärler, biržaçylar, senagata* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *hyzmat etmegi ýöriteleşdiren lomaý söwda guramalary-eksportýorlar, importýorlar, satyn alyş kooperatiw birleşikleri, filiallary we satmak boýunça býurolar (bölekleýin edilýän söwda dükany oňa girmeýär), gazylyp alynýan baýlyklary çykarýan senagaty saklaýan guramalar (şahtalardan we zawoddan bölek), öz önümlerini ýerleşdirmek üçin diňe buýurmalary kabul etmek bilen çäklenmän, harytlary göni şahtadan ýa-da zawoddan ýükläp ugratmagy amala aşyrýarlar.* <br> *Oba hojalyk önümini ýerleşdirmek bilen meşgullanýan kooperatiw birleşmeler, taýýarlaýjylaryň araçy agentleriň işleri hem bu seksiýa goşulan, bu seksiýa lomaý söwda bilen baglanyşykly şeýle amallary: ýygym, harytlaryň uly tapgyryny seljermek, olary çaklaň böleklere bölmek (mysal üçin, derman harytlary) täzeden gaplamak, ölçemek, çüýşe gaplara guýmak, saklamak, sowatmak, harydy öz hasabyna eltmek we äkitmek.* <br> *Ýeke- ýekeden satmak, alyp satmak (üýtgewsiz satmak) täze ýa-da öň ulanylan harytlary şahsy sarp ediş üçin ýa-da öý hojalygyň ulanmagy: dükanlary, uniwermaglary, söwda palatkalaryny, kiosklary, buýurmalary aragatnaşyk ulgamynyň üsti bilen ugradýan firmalary, köçede satmagy, aýlap satmagy, sarp edijiler kooperatiwlerini, auksionyň üsti bilen satmagy ýola goýýan firmalaryň işlerini öz içine alýar.* <br> *Bölek satuw söwdagärleriň köpüsi satýan harytlaryna eýeçilik hukugyny alýarlar, ýöne olaryň käbirleri sylag almak üçin ýa-da şertnama esasynda söwda agentleri hökmünde işleýärler* |
| **45** | | | | **Awtomobilleriň we motosiklleriň lomaý we bölek söwdasy; awtomobilleri we motosiklleri abatlamak** <br> ***Bu bölüm öz içine alýar:*** *awtomobil we motosikl bilen baglanyşykly işiň ähli görnüşini (önümçilikden, kärende we kireýden başga): ýük maşynlaryny we tigirli tirkeg çekijileri hem goşup öz içine alýar: täze we ulanylan maşynlary we motosiklleri lomaý we bölek satmak, olary abatlamak we tehniki taýdan hyzmat etmek, awtoulaglaryň we motosiklleriň şaýlaryny, olara degişli bölekleri, geçiriji simleriň lomaý we bölek söwdasy; awtoulaglaryň we motosiklleriň bölek we lomaý söwdasyny guraýjy komission dükanlaryň işleri; awtoulaglary we motosiklleri ýuwmak, ýylmamak we tirkeg işlerini amala aşyrmak.* <br> ***Bu bölüm öz içine almaýar:*** *çalgy materiallaryny, motor ýaglaryny, suwuklygy sowadyjy maddalary bölek söwdasy (46.71, 47.30 seret); awtoulaglary we motosiklleri kärendesine ýa-da kireýine bermek (77 seret)* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | 45.1 | | | Awtoulaglary satmak |
| | | 45.11 | 45.11.00 | Awtoulaglaryň we ýeňil awtoulag serişdeleriniň söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *täze we ulanylan awtoulaglary we motosiklleri lomaý we bölek söwda (şeýle hem agentleriň, Internetiň üsti bilen we auksion arkaly söwda) arkaly ýolagçy awtoulaglaryny, ýöriteleşdirilen tiz kömek maşynlaryny, mikroawtobuslaryny we ş.m. goşmak bilen (agramy 3,5 tonnadan ýokary bolmadyk) satmak. Awtoulag-wezdehodlary, jipleri (agramy 3,5 tonnadan ýokary bolmadyk) lomaý we bölek söwda*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *awtoulaga degişli şaýlary, simsapaklary, bölekleri lomaý we bölek söwda (45.3 seret); sürüjisi bilen bilelikde awtoulaglary kärendesine ýa-da kireýine bermek (49.3 seret); awtoulaglary kärendesine ýa-da kireýine sürüjisiz bermek (77.11 seret)* |
| | | | 45.11.10 | Awtoulaglary we ýeňil awtoulag serişdelerini lomaý söwda |
| | | | 45.11.90 | Awtoulaglaryň we ýeňil awtoulag serişdeleriniň bölek we komission söwdasy |
| | | 45.19 | 45.19.00 | Beýleki awtoulag serişdeleriniň söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *lomaý we bölek söwda (agentleriň, Internetiň üsti bilen we auksion arkaly söwda ) täze ýa-da saklanan awtoulaglary (ýük awtoulaglaryny, tirkegleri, ýarym tirkegleri, syýahatçylyk awtoulag serişdelerini- ýaşaýyş awtofurgonlaryny we tirkegleri) awtoulag-wezdehodlary, jipleri (agramy 3.5 tonnadan ýokary) lomaý we bölek söwda ; ýangyn awtoulaglarynyň lomaý we bölek söwdasy*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *awtoulaga degişli şaýlaryň, simsapaklaryň, bölekleriň lomaý we bölek söwdasy (45.3 seret); sürüjisi bilen bilelikde awtoulaglary kärendesine ýa-da kireýine bermek (49.41 seret); awtoulaglary kärendesine ýa-da kireýine sürüjisiz bermek (77.12 seret)* |
| | | | 45.19.10 | Beýleki awtoulag serişdeleriniň lomaý söwdasy |
| | | | 45.19.90 | Beýleki awtoulag serişdeleriniň bölek we komission söwdasy |
| | 45.2 | | | Awtoulaglary abatlamak işi we olara tehniki taýdan hyzmat etmek |
| | | 45.20 | 45.20.00 | Awtoulaglary abatlamak işi we olara tehniki taýdan hyzmat etmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *awtoulaglary abatlamak işi we olara tehniki taýdan hyzmat etmek (mehaniki abatlamak işi, elektrik enjamlaryny gündelik abatlamak işi, kuzowlary, awtoulag böleklerini abatlamak, ýuwmak, ýylmamak we ş.m., pürkmek arkaly reňklemek, şemalladyjy äpişgeleri we aýnalary abatlamak işi, elektron ulgamlaryny pürküp arassalamak, kürsüleri abatlamak); şinalary, içki kameralary we tigir pokryşkalaryny abatlamak, çalyşmak* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *işleri; poslama garşy iş geçirmek; bölekleri we degişli zatlary gurnamak; tirkege almak* <br> ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *ýangyn awtoulaglaryna, şol sanda ýangyn söndürmek maksatlary üçin niýetlenenlere (ýörite ýangyn uzellerine we olaryň agregatlaryna) hyzmat etmek we abatlamak* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *şinalary dikeltmek işi (22.11 seret); ýolda tehniki kömekleri bermek (52.21 seret)* |
| | | | 45.20.10 | Ýeňil awtoulaglary abatlamak işi we olara tehniki taýdan hyzmat etmek |
| | | | 45.20.90 | Beýleki awtoulaglary abatlamak işi we olara tehniki taýdan hyzmat etmek |
| | | | 45.20.91 | Ýangyn awtoulag serişdeleri abatlamak we olara tehniki taýdan hyzmat etmek |
| | | | 45.20.99 | Beýleki awtoulaglary abatlamak işi we olara tehniki taýdan hyzmat etmek |
| | 45.3 | | | Awtoulag şaýlarynyň, simsapaklarynyň we awtoulaga degişli zatlaryň söwdasy <br> ***Bu topar öz içine alýar:*** *awtoulag şaýlaryny, simsapaklarynyň we awtoulaga degişli zatlaryň, şol sanda şinalaryň we nasoslaryň, otlaýjy sweçalary, yşyklandyryjy enjamlaryň we elektrik bölekleriniň bölek we lomaý söwdasy* |
| | | 45.31 | 45.31.00 | Awtoulag şaýlarynyň, simsapaklarynyň we awtoulaga degişli zatlaryň lomaý söwdasy <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýangyn söndürmek maksatlary üçin niýetlenenleriň (ýörite ýangyn uzellerini we olaryň agregatlaryny goşmak bilen) lomaý satuw söwdasy* |
| | | | 45.31.10 | Awtoulaglaryň belgili enjamlarynyň lomaý söwdasy |
| | | | 45.31.90 | Beýleki awtoulag şaýlarynyň, simsapaklarynyň we awtoulaga degişli zatlaryň lomaý söwdasy |
| | | 45.32 | 45.32.00 | Awtoulag şaýlarynyň, simsapaklarynyň we awtoulaga degişli zatlaryň bölek söwdasy <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýangyn söndürmek maksatlary üçin niýetlenenleriň (ýörite ýangyn uzellerini we olaryň agregatlaryny goşmak bilen) bölek satuw söwdasy* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ýangyjy bölek satmak (47.30 seret)* |
| | | | 45.32.10 | Awtoulaglaryň belgili enjamlarynyň bölek we komission söwdasy |
| | | | 45.32.90 | Beýleki awtoulag şaýlarynyň, simsapaklarynyň we awtoulaga degişli zatlaryň bölek söwdasy |
| | 45.4 | | | Motosiklleriň söwdasy, olaryň şaýlarynyň, simsapaklarynyň we motosikllere degişli zatlarynyň söwdasy, olary abatlamak işi we tehniki taýdan hyzmat etmek |
| | | 45.40 | 45.40.00 | Motosikelleriň sňwdasy, olaryň şaýlarynyň, simsapaklarynyň we motosikllere degişli zatlarynyň söwdasy, olary abatlamak işi we tehniki taýdan hyzmat etmek |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *motosiklleriň, mopedleriň lomaý we bölek söwdasy; motosikelleriň şaýlarynyň, simsapaklarynyň we motosikllere degişli zatlarynyň lomaý söwdasy; dellallaryň işi; motosiklleri abatlamak işi we tehniki taýdan hyzmat etmek* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *tigirleriň we olara degişli şaýlaryň, simsapaklaryň, we olara degişli zatlaryň söwdasy (46.49, 47.64 seret); tigirleri kärendesine ýa-da kireýine bermek (77.39 seret); tigirleri abatlamak işi we tehniki taýdan hyzmat etmek (95.29 seret)* |
| | | | 45.40.10 | Motosiklleriň şaýlarynyň, simsapaklarynyň we motosikllere degişli zatlaryň lomaý söwdasy |
| | | | 45.40.11 | Motosiklleriň we olaryň belgili enjamlarynyň lomaý söwdasy |
| | | | 45.40.20 | Motosiklleriň şaýlarynyň, simsapaklarynyň we motosikllere degişli zatlaryň bölek söwdasy |
| | | | 45.40.21 | Motosiklleriň we olaryň belgili enjamlarynyň bölek we komission söwdasy |
| | | | 45.40.29 | Motosiklleriň beýleki şaýlarynyň, simsapaklarynyň we motosikllere degişli zatlaryň bölek söwdasy |
| | | | 45.40.90 | Motosiklleri abatlamak işi we tehniki taýdan hyzmat etmek |
| **46** | | | | **Awtomobilleriň we motosiklleriň söwdasyndan başga lomaý söwda** |
| | | | | ***Bu bölüm öz içine alýar:*** *öz hasabyna ýa-da araçynyň hasabyna (söwdada) lomaý satuw söwda, muňa içki söwda we daşky halkara söwda (eksport-import) degişlidir.* |
| | | | | ***Bu bölüm öz içine almaýar:*** *awtoulag serişdeleriniň we motosiklleriň lomaý we bölek satuw söwdasy (45.1, 45.4 seret); awtoulag serişdeleriniň we motosiklleriň degişli bölekleriniň, şaýlarynyň, sim sapaklarynyň lomaý satuw söwdasy (45.31, 45.40 seret); awtoulaglari kärendesine ýa-da kireýine bermek (77.1 seret); gaty harytlary we suwuk jisimleri gaplamak, gaz halyndaky harytlary arassalamak, filtrlemek işlerini başgalaryň ýa-da firmalaryň hasabyna amala aşyrmak (82.92 seret).* |
| | 46.1 | | | Söwga agentleriň işi arkaly lomaý söwda etmek (sylag almak üçin ýa-da şertmama esasynda) |
| | | | | ***Bu topar öz içine alýar:*** *komission agentleriň işi, haryt brokerleriniň we beýleki lomaý söwda araçylarynyň öz adyndan ýa-da başganyň adyndan ýa-da firmalaryň adyndan söwda geleşiklerini baglaşmagy; satyjy bilen alyjynyň arasyndaky maglumatlar bilen baglanyşykly bolan ýa-da kommersiýa geleşiklerini komitetiň ady bilen amala aşyrmak işi. Internet arkaly ýa-da auksionyň üsti bilen söwda* |
| | | 46.11 | 46.11.00 | Oba hojalygynda öndürilýän çig mallaryň, diri haýwanlaryň, dokma çig mallarynyň we ýarymfabrikatlarynyň, lomaý |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | söwdasy boýunça söwda agentleriniň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *öz hasabyňa lomaý söwda etmek (46.2- 46.9 seret); dükandan daşda söwda araçylarynyň üsti bilen lomaý satuw söwdasy (47.99 seret)* |
| | | 46.12 | 46.12.00 | Ýangyçlaryň, peýdaly magdanlaryň, metallaryň we himiki maddalaryň lomaý söwdasy boýunça söwda agentleriniň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *dökünleriň söwdasy boýunça araçylaryň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *öz hasabyňa lomaý satuw söwdasy (46.2-46.9 seret); dükandan daşda söwda araçylarynyň üsti bilen lomaý satuw söwdasy (47.99 seret)* |
| | | 46.13 | 46.13.00 | Gurluşyk materiallarynyň we agaç önümleriniň lomaý söwdasy boýunça söwda agentleriniň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *öz hasabyňa lomaý söwda etmek (46.2-46.9 kodlara seret); dükandan daşda söwda araçylarynyň üsti bilen lomaý satuw söwdasy (47.99 seret)* |
| | | 46.14 | 46.14.00 | Maşynlaryň, enjamlaryň, uçýan apparatlaryň, gämileriň lomaý söwdasy boýunça söwda agentleriniň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *oba hojalyk maşynlarynyň söwdasy boýunça agentleriň işi; ofis enjamlarynyň, kompýuterleriň, önümçilik maşynlarynyň, enjamlarynyň, gämileriň we uçýan appatatlaryň söwdasy boýunça agentleriň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *awtoulaglaryň söwdasy boýunça söwda araçylarynyň işi (45.1 seret); awtoulaglaryň auksionda söwdasy (45.1 seret); öz hasabyňa lomaý satuw söwdasy (46.2, 46.9 seret); dükandan daşda söwda araçylarynyň üsti bilen lomaý satuw söwdasy (47.99 seret)* |
| | | 46.15 | 46.15.00 | Mebelleriň, durmuş harytlarynyň, ownuk metal harytlaryň we beýleki metal önümleriň lomaý söwdasy boýunça agentleriň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *öz hasabyňa lomaý söwda etmek (46.2-46.9 kodlara seret); dükandan daşda söwda araçylarynyň üsti bilen lomaý satuw söwdasy (47.99 seret)* |
| | | 61.20 | 61.20.00 | Simsiz aragatnaşyk ulgamynda hyzmat<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ulanmak, tehniki taýdan hyzmat etmek arkaly şekil geçiriji gurluşlara ygtyýar almak, maglumatlary we beýleki habarlary simsiz ulgamyň üsti bilen geçirmegi amala aşyrmak, aragatnaşyk we geçiriji gurluşlara tehniki taýdan hyzmat etmek we ulanmak, ýerüsti liniýalar arkaly, radiotolkunlar ýa-da hemra aragatnaşygynyň ýerüsti tolkunlar bilen goşulyşmagy arkaly aragatnaşygyň endigan bolmagyny üpjün etmek; ykjam telefonlar we beýleki simsiz aragatnaşyklary ulanmak we olara tehniki taýdan hyzmat etmek*<br>*Simsiz aragatnaşyk dürli tehniki serişdeleri we usullary ulanmak arkaly (ýeke ýa-da beýlekiler bilen goşulyşyp) amala aşyrylýar*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *simsiz aragatnaşyk ulgamy hyzmatynyň eýeleriniň we operatoplaryň ýanynda ygtyýarlyk hukugyna eýe bolmak; simsiz aragatnaşyk ulgamy arkaly Internet ulgamyna girmegi üpjün etmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *aragatnaşyk hyzmatyny täzeden satmak (61.90 seret)* |
| | 61.3 | | | Hemra arkaly aragatnaşyk hyzmaty |
| | | 61.30 | 61.30.00 | Hemra arkaly aragatnaşyk hyzmaty<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ulanmak, tehniki taýdan hyzmat etmek arkaly şekil geçiriji gurluşlara ygtyýar almak, hemra arkaly aragatnaşyk ulgamynyň üsti bilen maglumatlary we beýleki habarlary bermek; kabel torlarynyň üsti bilen şekili sesli ýa-da tekst habarlaryny bermek, geçirmek; lokal telestansiýalaryň ýa-da radio alyp eşitdiriş tory gönüden-göni hemra arkaly aragatnaşyk ulgamynyň üsti bilen berilýär (bu ýerde berilýän programmalaryň mazmunly bölümlerini öndürmeýän birlikler klasifisirlenýär)*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *hemra arkaly aragatnaşyk ulgamynyň üsti bilen Internet ulgamyna girmegi üpjün etmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *aragatnaşyk hyzmatyny täzeden satmak (61.90 seret)* |
| | 61.9 | | | Beýleki telekommunikasion hyzmatlar |
| | | 61.90 | 61.90.00 | Beýleki telekommunikasion hyzmatlar<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýörite telekommunikasion hyzmatlary: ýagny hemranyň hereketine, telemetriki aragatnaşygynyň we radiolakasion aragatnaşygynyň işine gözegçilik etmek ýaly hyzmatlar, hemra arkaly aragatnaşyk ulgamyny abatlamagy amala aşyrýar, radar stansiýalaryny* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *ulanmak; hemra arkaly aragatnaşyk ulgamynyň terminal stansiýalaryny, gurluşlaryny, ýerüsti aragatnaşyk bilen baglanyşykly gurluşlary we hemra arkaly aragatnaşyk ulgamy bilen aragatnaşygy ýola goýmaga ukyply gurluşlary ulanmak. FAI-niň eýeçiliginde durmaýan, FAI bilen müşderiniň arasynda Internet ulgamy arkaly aragatnaşygy üpjün etmek; jemgyýetçilik ýerlerinde telefon aragatnaşygyny we Internet ulgamyna girmegi üpjün etmek; Internet ulgamynda sesli aragatnaşygy ýola goýmak; aragatnaşyk hyzmatlaryny täzeden satmak* ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *aragatnaşyk infrastrukturalarynyň üsti bilen Internet ulgamyna girmegi üpjün etmek (61.10; 61.20; 61.30 seret)* |
| **JC (kiçi seksiýa): 62-63** | | | | **HASAPLAÝYŞ TEHNIKASY WE INFORMASION HYZMAT ETMEK ULGAMYNYŇ IŞLERI** |
| **62** | | | | **Programma üpjünçiligini işläp taýýarlamak, maslahat bermek we hasaplaýyş tehnikasy ulgamynda gaýry işler** ***Bu bölüm öz içine alýar:*** *işiň indiki görnüşlerini: informasion usuly ugry boýunça işiň ýagdaýyna baha berip bilmek; modifisirlemek, gözegçilik etmek we programma üpjünçiligini taýýarlamagy bilelikde alyp gitmek, kommunikasion usulyny, programma üpjünçiligini, kompýuter enjamlaryny, hasaplaýyş ulgamyny proýektleşdirmek we meýilleşdirmek; maglumatlary işlemek serişdeleri we müşderileriň hasaplaýyş ulgamyny ulanmagy we saýtlary dolandyrmak işi; hasaplaýyş tehnikasy bilen baglanyşykly beýleki professional we tehniki işler.* |
| | 62.0 | | | Programma üpjünçiligini işläp taýýarlamak, maslahat bermek we hasaplaýyş tehnikasy ulgamynda gaýry işler |
| | | 62.01 | 62.01.00 | Programma üpjünçiligini işläp taýýarlamak ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *modifisirlemegi, gözegçilik we programma üpjünçiligini taýýarlamagy bilelikde alyp gitmegi öz içine alýar* ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gurluşyny we mazmunyny taslamak ýa-da döretmek we işletmek üçin gerekli bolan kompýuter koduny ýazmak (sistemanyň programma üpjünçiligi (modernizirlemegi we operatiw üýtgetmeleri we düzedişleri girizmegi goşmak bilen); tejribe ähmiýetli programmalaryň üpjünçiligi (modernizirlemegi we operatiw üýtgetmeleri we düzedişleri girizmegi öz içine almak bilen); maglumatlar bazasy; Internetiň Web- sahypasy; ulanyjynyň meselesi astynda üpjünçilik programmasyny ýazmak, ýöne ulanyjynyň informasion ulgamy bilen ylalaşykda we bilelikde hereket etmegini maksat edinip, öňden bar bolan standart modifisirlenen tejribe ähmiýetli programma üpjünçiligini ýazmak; EHM-ler we maglumat binýatlary (programma serişdeleri we hasaplaýyş tehnikasynyň* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *maglumat önümleri) üçin programma üpjünçiliklerini işläp düzmek, olary ornaşdyrmak, kämilleşdirmek boýunça hyzmatlary bermek (ýerine ýetirmek) işlerini amala aşyrmak* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** standart programma üpjünçiligini çap etmek (58.29 seret); şahsy ulanyjylar üçin niýetlenilmedik käbir bazarlaryň öz hasabyna programma üpjünçiligini geçirmegi we endik edilmegi (58.29 seret); görnüşler boýunça maslahat bermek we konfigurasiýa apparat serişdeleri we programma üpjünçiliginiň ylalaşygyny ulanmak (62.02 seret)* |
| | | 62.02 | 62.02.00 | Hasaplaýyş tehnikasy ugrundan maslahat bermek <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:** kommunikasion usulyny, programma üpjünçiligini, kompýuter enjamlaryny birleşdiriji, hasaplaýyş ulgamyny taslama işleri we meýilnamalaşdyrmak boýunça maslahat bermek. Bu bölüme ulanyjylary okatmak bilen baglanyşykly hyzmatlar hem girýär* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** uly kompýuter ulgamlaryny gurnamak (33.20 seret); programma üpjünçiligini satmak (46.51; 47.41 seret); personal (konfigurasiýa) gurnamak (62.09 seret); programma üpjünçiliginiň gurluşy, döwlen enjamlary abatlamak (62.09 seret)* |
| | | 62.03 | 62.03.00 | Hasaplaýyş ulgamlaryny dolandyrmak işi <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:** saýtlary dolandyrmagy üpjün etmek, ulanyjylaryň hasaplaýyş sistemalaryny ulanmak ýa-da maglumatlary täzeden işleýän serişdeler, şeýle hem bular bilen baglanyşykly tehniki işler* |
| | | 62.04 | 62.04.00 | Maglumat ulgamlaryny kiber hüjümlerinden goralyşyny (howpsuzlygyny) synagdan geçirmek, barlamak, howpsuzlygy bahalandyrmak işlerini amala aşyrmak |
| | | 62.09 | 62.09.00 | Informasion usuly we hasaplaýyş tehnikasynyň ugry boýunça beýleki işler <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:** başga toparlara goşulmadyk informasion usuly we hasaplaýyş tehnikasynyň ugry boýunça beýleki işler, şeýle hem personal kompýuterleri (konfigurasiýa) gurnamak; programma üpjünçiligini gurnamak, döwlen enjamlary abatlamak* <br> ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:** ýangyn howpsuzlygynyň awtomatlaşdyrylan we habar beriş ulgamlaryny (ulgamlaryň böleklerini) enjamlaryny, abzallaryny we programma serişdelerini gurnamasy we bejermesi* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** uly kompýuter ulgamlaryny gurnamak (33.20 seret) programma üpjünçiligini taýýarlamak (62.01 seret); hasaplaýyş ulgamy boýunça tehniki maslahat bermek (62.02 seret); hasaplaýyş ulgamlaryny dolandyrmak (62.03 seret); maglumatlary işlemek we ýerleşdirmek (63.11 seret)* |
| | | | 62.09.10 | Ýangyn howpsuzlygynyň ulgamlary üçin programma |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | serişdelerini (şol sanda ulgamlaryň böleklerini) işläp taýýarlamak |
| | | | 62.09.90 | Informasion usuly we hasaplaýyş tehnikasynyň ugry boýunça beýleki işler |
| **63** | | | | **Informasion hyzmat etmek ulgamynda işler** <br> ***Bu bölüm öz içine alýar:*** *Internetdäki gözleg bölüminiň işi (WEB - portaly), habarlary işläp taýýarlamak we ýerleşdirmek, şeýle hem esasy maksady habar bilen üpjün etmek bolan beýlekiler.* |
| | 63.1 | | | Habarlary işläp taýýarlamak we ýerleşdirmek, amaly programmalar we olar bilen baglanyşykly işler, Web-portaly ulanmak <br> ***Bu topar öz içine alýar:*** *Internetdäki gözleg portallaryny üpjün etmek, habarlary ýerleşdirmek üçin gerek bolan tehniki şertler bilen üpjün etmek, habarlary täzeden işlemek we beýleki şulara meňzeş işler* |
| | | 63.11 | 63.11.00 | Maglumatlary işlemek, amaly programmalary ýerleşdirmek we şonuň bilen bagly işler <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *maglumatlary ýerleşdirmek we işlemek üçin zerur bolan tehniki şertleri üpjün edýän iş we beýleki şoňa meňzeş işler, şol sanda: Web-saýtlary ýerleşdirmek; maglumat akymlaryny paýlamak (akymlaýyn üznüksiz hyzmat etmek); amaly programmalary ýerleşdirmek we olaryň işlemegini üpjün etmek; maglumatlary işlemek (şol sanda buýrujy tarapyndan berlen maglumatlary doly işläp geçmek, buýrujy tarapyndan berlen maglumatlaryň esasynda ýörite hasabatlary taýýarlamak); maglumatlary girizmek; müşderilere wagt hasabyndan hyzmat etmek (peýdalanyjynyň esasy hasaplaýyş ulgamyna elýeterliginiň wagt boýunça berk tertipleşdirilmegini üpjün etmek)* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *işiň barşynda kompýuter iş guraly hökmünde ulanylýan iş (amala aşyrylýan wezipä baglylykda klassifikasiýalaşdyrylýar)* |
| | | 63.12 | 63.12.00 | Web – portallaryň (Internediň) ulanylyşy <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gözlegin aňsat usulyny üpjün edýän Internetde belli bir formatda bolan, gözleg saýtlaryny ulanmak (meslem, «Ýandeks» we ş.m.) (maglumat bazalaryny döremek we saklamak üçin); mazmuny belli bir senä gönükdirilen KMU ýaly portal funksiýasyny ýerine ýetirýän gaýry Web-saýtlary ulanmak* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *Internetde döwürleýin metbugatlary, kitaplary we žurnallary neşir etmek (58 seret); Internetde teleýaýlym (60 seret)* |
| | 63.9 | | | Maglumatlary işläp taýýarlamak boýunça gaýry işler <br> ***Bu topar öz içine alýar:*** *maglumat agentlikleriniň we beýleki maglumat hyzmatlarynyň işi* <br> ***Bu topar öz içine almaýar:*** *kitaphanalaryň we arhiwleriň işi* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *(91.01seret)* |
| | | 63.91 | 63.91.00 | Habarlar agentlikleriň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *köpçilikleýin habar beriş serişdelerine täzelikleri, suratlary we beýleki materiallary ýetirýän neşirýat agentlikleriň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *özbaşdak fotoreporterlaryň işi (74.20 seret); özbaşdak žurnalistleriň işi (90.03 seret).* |
| | | 63.99 | 63.99.00 | Beýleki toparlara goşulmadyk gaýry maglumat hyzmatlaryna degişli işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gaýry maglumat hyzmatlaryny ýerine ýetirmek; kompýuter bazalaryndan peýdalanyp, telefon arkaly maglumat hyzmatlary; üçünji tarap arkaly maglumat gözlemek (pul hakyna ýa-da şertnama esasynda); metbugata syn we ş.m.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *telefon maglumat mekezleriniň işi (82.20 seret)* |
| **K (seksiýa): 64-66** | | | | **MALIÝE DELLALÇYLYGY WE ÄTIÝAÇLAN-DYRMAK**<br>***Bu seksiýa öz içine alýar*** *maliýe araçylyk işlerini,şol sanda ätiýaçlandyrma, pensiýa üpjünçilik we kömekçi maliýe işlerini. Ondan başga-da bu seksiýa holding-kompaniýalaryň, maýa goýum gaznalarynyň we beýleki maliýe guramalarynyň işi goşulan.* |
| **64** | | | | **Ätiýaçlandyrmak we pensiýa üpjünçiligi boýunça hyzmatlardan başga maliýe dellalçylygy**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *ätiýaçlandyrma, pensiýa üpjünçiligi we hökmany durmuş ätiýaçlandyrmagyna niýetlenenlerden başga maliýe serişdeleriniň alynmagy we täzeden paýlanmagy bilen baglanyşykly işler.*<br>***Bellik:***<br>*Bu bölümiň çäginde ýuridiki birlikleriň klassifikasiýalanmasynyň anyklanmagynda bu döwletde kabul edilen oňa degişli institusional birlikleriň guramasy uly wezipäni ýerine ýetirýär.* |
| | 64.1 | | | Pul dellalçylygy |
| | | 64.10 | 64.10.00 | Pul dellalçylygy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *geçiriji depozitler görnüşinde maliýe serişdelerini almak (talap edilýänçä depozit)* |
| | | 64.11 | 64.11.00 | Merkezi bankyň *işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýeke-täk döwlet pul-karz syýasatyny durmuşa geçirmek boýunça çäreleri amala aşyrýar; kanunçylygyna laýyklykda daşary ykdysady gatnaşyklarda pul kadalaşdyrmasyny we pul gözegçiligini özbaşdak we bank ulgamynyň üsti bilen guraýar hem-de amala aşyrýar; milli pula gatnaşykda daşary ýurt pullarynyň resmi hümmetlerini belleýär; pul belgileriniň emissiýasyny we olaryň dolanyşykdan alynmagyny amala* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *aşyrýar hem-de pul belgileriniň ýeke-täk emitenti bolup durýar; nagt pul dolanyşygyny guraýar; pul belgilerini we beýleki gymmatlyklary hasaba almagyň, saklamagyň, daşamagyň we inkassasiýa etmegiň düzgünlerini belleýär; pul belgileriniň we beýleki gymmatlyklaryň döwlet ätiýaçlyk gaznalaryny döredýär; kanunçylygyna laýyklykda karz edaralarynyň bellige alynmagyny, bank işiniň, gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar bilen baglanyşykly işiň ygtyýarlylandyrylmagyny amala aşyrýar; hasaplaşyklary geçirmegiň düzgünlerini belleýär we olaryň geçirilişine gözegçiligi amala aşyrýar; merkezleşdirilen döwlet býujetiniň hasaplaryna, karz edaralarynyň we beýleki müşderileriň hasaplaryna hyzmat edýär; döwletiň ätiýaçlyk altyn goruny goşmak bilen, halkara ätiýaçlyklarynyň (altyn pul aktiwleriniň) saklanylmagyny we hyzmat edilmegini üpjün edýär; kanunçylygyna we maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna laýyklykda bellige alnan karz edaralarynda buhgalterçilik hasaba alnyş we maliýe hasabatlylyk ulgamynyň kadalaşdyrylmagyny amala aşyrýar; bank hasaplaryny açmagyň we bank amallaryny geçirmegiň umumy düzgünlerini belleýär; halkara guramalary we daşary ýurt döwletleri bilen, şeýle hem daşary ýurt döwletleriniň fiziki we ýuridik şahslary bilen hasaplaşyklary amala aşyrmagyň tertibini kesgitleýär; karz edaralaryny gaýtadan maliýeleşdirmegi amala aşyrýar we olar üçin soňky basgançakdaky karz beriji bolup durýar; töleg balansynyň düzülmegini guraýar; bank kadalaşdyrmasyny we bank gözegçilik barlagyny amala aşyrýar; karz edaralary hem-de gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar bilen baglanyşykly işi amala aşyrýan şahslar tarapyndan jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy çäreleriň geçirilişine gözegçiligi amala aşyrýar; daşary ýurt korrespondent banklaryndan we beýleki karz edaralaryndan şertnamalaýyn şertlerde depozitleri kabul edýär; bank amallarynyň we geleşikleriň ähli görnüşlerini amala aşyrýar; kanunçylyga laýyklykda öz ygtyýaryna girýän beýleki wezipeleri amala aşyrýar. Merkezi bank Ministrler Kabinetiniň bankiri, geňeşçisi we fiskal agenti bolup durýar* |
| | | | 64.11.10 | Merkezi bankyň *işi* |
| | | | 64.11.20 | Pul biržasynyň işleri. ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *birža söwdalaryň meýdanyny bermek; birža söwdalary guramak we geçirmek; bu ugurda guramaçylyk-araçylyk, maglumat beriş we geňeşdarlyk hyzmatlaryny etmek;birža geleşikleri bilen bagly hasaplaşyk-kliring hyzmatlaryny ýerine ýetirmek; birža* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *söwdalary bilen bagly beýleki işler* |
| | | | 64.11.90 | Merkezi bankyň beýleki işleri |
| | | 64.19 | 64.19.00 | Gaýry pul-karz dellalçylygy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *merkezi bankdan başga maliýe guramalarynyň pul araçylygy, şol sanda karz-pul guramalarynyň işi (täjirçilik banklar we bank amallaryny ýerine ýetirmeklige rugsady bolan karz edaralary): hasaplaşyk we kassa amallary; goýumlar boýunça amallar,şol sanda lomaý goýumlar we başga bankdaky goýumlar; karz bermek; kredit kartlary bilen baglanyşykly işler; walýuta amallary; poçta nagt däl hasaplaşyklar we poçta-amanat banklaryň işleri (kommunal hyzmatlaryň tölegleri; poçta pul geçirmeleri we ş.m.); depozit kabul edýän, ipoteka karzlaryny berýän (jaý almak üçin) ýöriteleşdirilen guramalaryň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *depozit kabul etmeýän, ipoteka karzlaryny berýän (jaý almak üçin) ýöriteleşdirilen guramalaryň işi (64.92 seret); faktoring amallaryny geçirmek (64.99 seret); maliýe araçylygy boýunça maslahat bermek (66.19 seret)* |
| | | | 64.19.10 | Karz edaralarynyň bank amallary<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *karz edaralarynyň (şol sanda, daşary ýurt banklaryň şahamçalarynyň we daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky karz edaralaryň) bank amallary:*<br>*- karz, depozit we girew amallaryny geçirmek; ýuridik we fiziki şahslaryň, şol sanda korrespondent banklaryň hasaplaşyk we/ýa-da kassa hyzmatlaryny amala aşyrmak;*<br>*- milli we/ýa-da daşary ýurt pulunda hususy we/ýa-da çekilen serişdeleri öz adyndan we öz hasabyna gaýtarylmak, tölenilmek we möhletlilik şertlerinde ýerleşdirmek;*<br>*- fiziki we ýuridik şahslaryň (milli we/ýa-da daşary ýurt pulunda) bank hasaplaryny, şol sanda gymmatbahaly metallardaky hasaplaryny açmak we ýöretmek;*<br>*- gymmatbahaly metallary goýumlara (depozitlere) çekmek we ýerleşdirmek;*<br>*- töleg-hasaplaşyk resminamalaryny inkassirlemek;*<br>*- gymmatly kagyzlar, maliýe gurallary, şol sanda başga maliýe amalyna esaslanýanlary bilen amallar;*<br>*- bank kepilliklerini bermek;*<br>*- söwda däl bank amallaryny geçirmek;*<br>*- halkara hasaplaşyklaryny we konwersiýa amallaryny geçirmek* |
| | | | 64.19.11 | Fiziki şahslaryň tabşyrygy boýunça milli we/ýa-da daşary ýurt pulunda bank hasaplaryny açmazdan, pul serişdeleriniň geçirilmegini amala aşyrmak |
| | | | 64.19.12 | Nagt we nagt däl görnüşlerde daşary ýurt puluny satyn almak we satmak |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | 64.19.13 | Karz edaralaryň plastik kartlaryny dolanyşyga goýbermek we (ýa-da) ekwaýring |
| | | | 64.19.14 | Ýuridik we fiziki şahslar bilen şertnama boýunça pul serişdelerini we gaýry emlägi ynanyşykly dolandyrmak |
| | | | 64.19.19 | Beýleki toparlara goşulmadyk karz edaralarynyň beýleki bank amallary |
| | 64.2 | | | Holding-kompaniýalarynyň işleri |
| | | 64.20 | 64.20.00 | Holding-kompaniýalarynyň işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *başga kompaniýalaryň gymmatbahaly kagyzlaryna (ýa-da maýalarynyň böleklerine) eýe bolmak, olary saklamak we gözegçilik etmek işi, şeýlelikde, ol kompaniýalara gözegçilik etmek we dolandyrmak; emma bu holding – kompaniýalar beýleki kompaniýalar üçin administrtiw-dolandyryş işlerini ýerine ýetirmeýärler*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *başga kompaniýalary dolandyrmak boýunça holding – kompaniýalarynyň işi (70.10 seret)* |
| | 64.3 | | | Trast - kompaniýalaryň, maýa goýum fondlarynyň we şuňa meňzeş maliýe edaralaryň işi |
| | | 64.30 | 64.30.00 | Trast - kompaniýalaryň, maýa goýum fondlarynyň we şuňa meňzeş maliýe edaralaryň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar****: paýdarlar ýa-da benefisiarlar üçin maliýe aktiwlerini ýygnamaklyk üçin döredilen maliýe guramalaryň işi. Maýa goýmagyň aýratyn häsiýetlerine (diwersifikasiýa, töwekgellik, girdejililiginiň göterimi we ş.m.) uýgunlaşan gymmatbaha kagyzlaryň (aktiwleriň) paketi. Bu guramalaryň işi göterim, diwident we gaýry girdeji almaklyga gönükdirilen, emma olarda işgär az bolup, olar öz hyzmatlaryny satmakdan hiç hili peýda gazanmaýarlar*<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *üýtgeýän maýaly maýa goýum kompaniýalary; belli bir maýaly maýa goýum kompaniýalaryň işi; maýalary ýerleşdirmek boýunça gaznalaryň işi; karz berijiniň karz üzülenden soňra gaýtaryp berýän emläk almagy; esasan hem başga maliýe araçylaryň hasabyna eýeçilige edilýän goýum (meselem, trast-kompaniýalaryň hasabyna)*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *holding-kompaniýalaryň işi (64.20 seret); pensiýa üpjünçiligi (65.30 seret); gaznalary dolandyrmak (66.30 seret)* |
| | 64.9 | | | Ätiýaçlandyrmadan we pensiýa üpjünçiliginden başga gaýry maliýe araçylyk<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *maliýe guramalaryň işinden tapawutly maliýe araçylyk işi*<br>***Bu topar öz içine almaýar:*** *ätiýaçlandyrma we pensiýa üpjünçiligi (65 seret).* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | 64.91 | 64.91.00 | Maliýe lizingi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *lizing, hereket edýän wagty aktiwleriň takmynan gulluk möhletini öz içine alýar we kireýine alyjy esasan hem, olary ulanmakdan gelýän hemme girdejini öz içine alýar we oňa eýeçilik etmek bilen baglanyşykly hemme töwekgelligi öz üstüne alýar. Aktiwler öz gezeginde soňunda öz bahasyny ödäp hem biler, ödemän hem biler*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *amaly lizing (kärendä berilýän harytlaryň görnüşi bilen klassifisirlenýär – 77seret)* |
| | | 64.92 | 64.92.00 | Karzlaşdyrmagyň gaýry görnüşleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *dürli görnüşlerdäki depozit kabul etmeýän guramalar tarapyndan ( şol sanda bank däl karz edaralary) karzyň berilmegi:*<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *dürli görnüşlerdäki depozit kabul etmeýän guramalar (şol sanda bank däl karz edaralar) tarapyndan karz berilmegi: depozit kabul etmeýän ýöriteleşdirilen guramalar tarapyndan sarp ediş karzlaryny we ipoteka karzlaryny bermek (jaý almak üçin); kredit kartlar bilen baglanyşykly işler*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *depozitleri kabul edýän guramalar tarapyndan ipoteka karzlaryny bermek (64.19 seret); amaly lizing (kireýine berilýän harytlaryň görnüşi bilen klassifisirlenýär – 77 seret); muzdsuz ssudalary bermek (dotasiýa, subsidiýa) jemgyýetçilik guramalary tarapyndan (94.99 seret)* |
| | | | 64.92.10 | Lombardlaryň işi |
| | | | 64.92.11 | Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar bilen baglanyşykly lombardlaryň işi |
| | | | 64.92.12 | Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar bilen baglanyşykly bolmadyk beýleki lombardlaryň işi |
| | | | 64.92.80 | Ýuridiki şahslaryň, gymmat bahaly metallaryň we gymmat bahaly daşlaryň goragy, saklanmagy we gatnadylmagy boýunça işler |
| | | | 64.92.90 | Beýleki toparlara goşulmadyk karz bermegiň beýleki görnüşleri |
| | | 64.99 | 64.99.00 | Beýleki toparlara goşulmadyk gaýry maliýe araçylyk<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *karz bermekliklden başga, esasan hem maliýe serişdelerini ýerleşdirmek bilen baglanyşykly gaýry maliýe araçylyk; faktoring amallary; gymmatbahaly kagyzlara maýa goýumlar, meslem, aksiýalar, obligasiýalar, wekseller, ynamly paý gaznalarynyň gymmatbaha kagyzlary we ş.m.; dillerleriň öz hasabanyna amala aşyrylýan gymmatbaha kagyzlar bilen amallar; esasan hem başga maliýe araçylaryň hasabyna eýeçilige edilýän goýum (meselem trast-kompaniýalaryň hasabyna); swoplaryň, opsionlaryň we beýleki arbitraž geleşikleriniň baglaşylmagy; wençur kompaniýalarynyň,* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *maýa goýum klublaryň we ş.m. işleri* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *maliýe lizingi (64.91 seret); başga adamlaryň tabşyryklary boýunça gymmatbaha kagyzlar bilen amallar (66.12 seret); gozgalmaýan emlägi alyp-satmak, kireýine bermek we lizing (68 seret); hasaplar boýunça tölegleri tutup galmak (82.91 seret); muzdsuz ssudalary bermek (dotasiýa,sibsisiýa) jemgyýetçilik guramalary tarapyndan (94.99 seret)* |
| | | | 64.99.10 | Maliýe serişdelerini ýerleşdirmek bilen baglanyşykly gaýry maliýe araçylyk |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *maliýe serişdelerini ýerleşdirmek, karzlary bermekden başga: gymmatly kagyzlara maýa goýumlary; dillerler tarapyndan öz hasabyna gymmatly kagyzlar bilen amala aşyrylýan amallar; esasan beýleki maliýe araçylarynyň hasabyna amala aşyrylýan maýa goýumlar (maýa goýum gaznasy)* |
| **65** | | | | Hökmany durmuş üpjünçilikden başga atiýaçlandyrmak, gaýtadan ätiýaçlandyrmak we pensiýa üpjünçiligi |
| | | | | ***Bu bölüm öz içine alýar:*** *döwlet renta ätiýaçlandyrmak we beýleki ätiýaçlandyrmagyň görnüşleri boýunça şertnamalara (polislere) gol çekmek, şol sanda bolmagy mümkin ätiýaçlyk hadysalar üçin maliýe aktiwleriň portfelini düzmek maksady bilen baýrak salmak. Şeýle-de täzeden ätiýaçlandyrma boýunça işler hem goşulan.* |
| | 65.1 | | | Ätiýaçlandyrmak |
| | | | | ***Bu topar öz içine alýar:*** *uzak wagtlaýyn we gysga wagtlaýyn ätiýaçlyk töwekgelligini tygşytlylyk alamatlary bilen ýa-da onsuz ýapmak* |
| | | 65.11 | 65.11.00 | Ömri ätiýaçlandyrmak |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *döwlet renta ätiýaçlandyrmak we beýleki ätiýaçlandyrmagyň görnüşleri boýunça şertnamalara (polislere) gol çekmek, ömür ätiýalandyrmasy, ömür ätiýalandyrmasy bilen baglanyşykly zähmete ukypsyzlykdan ätiýaçlandyrma,birden ölmekden ätiýaçlandyrma, şeýle-de bölekleýin ömür ätiýçlandyrmasy düýpli tygşytlylyk alamatlary bilen ýa-da onsuz* |
| | | 65.12 | 65.12.00 | Gaýry ätiýaçlandyrmalaryň görnüşleri (ömür ätiýaçlan-masyndan başga) |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *durmuş ätiýaclandyrmasyna degişli däl ätiýaçlandyrma;heläkçilikli wakadan we ýangyndan ätiýaçlandyrma; kesellerden ätiýaçlandyrma; emläk ätiýaçlandyrmasy; awtotransportyň, suw, howa we gaýry transportlaryň ätiýaçlandyrmasy; pul ýitgilerinden (zyýanyndan) we graždan jogapkärçiliginden ätiýaçlan-dyrma* |
| | | | 65.12.10 | Döwlet ätiýaçlandyrmasy (ömür ätiýaçlandyryşyndan başga) |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ätiýaçlandyryşyň hökmany we* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *meýletin görnüşleri* |
| | | | 65.12.20 | Döwlete dahylsyz ätiýaçlandyrma (ömür ätiýaçlandyryşyndan başga)<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ätiýaçlandyryşyň meýletin görnüşleri* |
| | 65.2 | | | Gaýtadan ätiýaçlandyrma |
| | | 65.20 | 65.20.00 | Gaýtadan ätiýaçlandyryş<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *başga ätiýaçlandyryjylaryň ätiýaçlandyryş polisleri bilen baglanyşykly töwekgelçiligi bölekleýin ýa-da doly öz üstüňe almagy* |
| | 65.3 | | | Pensiýa üpjünçiligi |
| | | 65.30 | 65.30.00 | Pensiýa üpjünçiligi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *hökmany däl pensiýa üpjünçilik; pensiýa çykanlygy sebäpli döwlet we döwlet däl (öz goýumlaryňy göz öňünde tutýan) girdeji üpjünçiligi, şol sanda pul serişdeleriniň inwestirlenmegi we inkassirlenmegi bilen baglanyşykly işler*<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *pensiýa çykmanlygy üçin tölegleriň üpjünçiligi; pensiýa gaznalaryň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *pensiýa gaznalaryny dolandyrmak (66.30 seret); hökmany durmuş ätiýaçlandyrma programmalaryny dolandyrmak (84.30 seret)* |
| **66** | | | | **Maliýe dellalçylyk we ätiýaçlandyrmak ulgamynda kömekçi işler** |
| | 66.1 | | | Maliýe araçylyk we ätiýaçlandyrma ulgamlarynda kömekçi hojalyklar<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *gymmatbaha kagyzlary, borçnamalary, harylaryň kontraktlaryny almak we satmak bilen baglanyşykly işleri aňsatlaşdyrmak işleri* |
| | | 66.11 | 66.11.00 | Malýe bazarlaryny dolandyrmak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *maliýe bazarlarynyň işlemegi we olara gözegçilik etmek (şol fýuçers, döwlet edaralarynyň gözegçiliginden başga; fond biržalarynyň, haryt biržalarynyň we ş.m. işi; maliýe bazarlarynda söwdany guramak bilen baglanyşykly işler* |
| | | 66.12 | 66.12.00 | Fond gymmatlyklary bilen birža amallary<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *başga adamlaryň tabşyrygy bilen maliýe bazarlarynda amallary ýerine ýetirmek we onuň bilen balanyşykly işler (meselem, fond biržalarynda brokerleriň işi); kommision haky esasynda gymmatbaha kagyzlary dolandyrmak işleri; alyş - çalyş nokatlarynyň işleri we ş.m.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *öz hasabyna amala aşyrylýan amallar (64.99 seret); gaznalary dolandyrmak (66.30 seret)* |
| | | | 66.12.10 | Başga şahslaryň tabşyrygy boýunça maliýe bazarlarynda amallary amala aşyrmak we onuň bilen baglanyşykly işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *başga şahslaryň tabşyrygy boýunça maliýe bazarlarynda amallary amala aşyrmak* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *(meselem: gazna biržalarynda dellalçylyk amallary)* |
| | | | 66.12.20 | Gymmatly kagyzlar bilen geleşikler boýunça dellalçylyk işi |
| | | 66.19 | 66.19.00 | Maliýe araçylygy ulgamynda gaýry kömekçi işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *beýleki toparlara goşulmadyk maliýe araçylygyna garanyňda kömekçi bolup durýan hemme işler; ipoteka amallary boýunça brokerleriň işi; maliýe serişdelerini ýerlemekde we başga maliýe araçylyk işlerinde maslahat bermek; maslahat bermek boýunça geňeşçileriň, baha kesijileriň, maklerleriň we başga maliýe araçylarynyň işi; pul haky esasynda ýa-da bergidarlyk esasynda hossarlaryň we goraýjylaryň (gymmatlyklary saklamak boýunça) işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ätiýaçlyk agentleriniň we brokerleriň işi (66.22 seret); gaznalary dolandyrmak (66.30 seret)* |
| | 66.2 | | | Ätiýaçlyk we pensiýa üpjünçilikde kömekçi işler<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *agentleriň we brokerleriň satuw, gepleşikler, ätiýaçlandyrmanyň baglaşylan şertnamalary we pensiýa üpjünçiligi çäklerinde, şeýle hem şikaýatlary ýola goýmak we adalat kazyýetine ugratmak işi boýunça işleri (eminiň gatnaşmagynda geçirilýän kazyýet)* |
| | | 66.21 | 66.21.00 | Zyýan çekmek we töwekgelçilik etmekde ätiýaçlyk boýunça baha kesijileriň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ätiýaçlyk bilen berk baglanyşykly ýa-da oňa degişli iş we töwekgelçilik, çekilen zyýanlariň öwezini dolmak boýunça ätiýaçlyk baha kesijileriniň işi. Şeýle hem çekilen zyýan we ýetirilen zeleliň öwezini dolmak boýunça edilýän talabyň esaslydygyny kesgitlemek we ätiýaçlyk polisi esasynda çekilen zyýanyň üstüni ýapmak we düzgünleşdirmek boýunça ätiýaçlyk baha kesijileriniň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *gozgalmaýan emläge baha kesmek (68.31 seret); başga maksatlar üçin baha kesmek (74.90 seret); barlag-derňew işlerini geçirmek (80.30 seret)* |
| | | 66.22 | 66.22.00 | Ätiýaçlandyryş wekilleriniň we dellallaryň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ätiýaçlandyryş wekilleriniň we araçylarynyň ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak üçin gepleşikler geçirmek we söwda boýunça işi* |
| | | 66.29 | 66.29.00 | Ätiýaçlandyrma we pensiýa üpjünçiligine ýardam berýän beýleki iş<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ätiýaçlyk we pensiýa üpjünçiligine degişli başga işler ýa-da olar bilen berk baglanyşykly (maliýe araçylygyndan başga, ätiýaçlyk ýagdaýlary boýunça dörän nägilelikleri sazlaşdyrmak we ätiýaçlyk agentleriniň işi): halas edilen emläge eýeçilik etmek; ätiýaçlyk höweslendiriji baýragynyň hasaby we ätiýaçlyk töwekgelçiligini kesgitlemek boýunça agentleriň işi* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *deňiz gämilerini halas etmek işi (52.22 seret)* |
| | 66.3 | | | Fondlary dolandyrmak |
| | | 66.30 | 66.30.00 | Fondlary dolandyrmak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *özara şärikli gaznalary, diýmek, inwestision kompaniýalary tarapyndan dolandyrylýan açyk görnüşli (gaznalary) paý tristalaryny dolandyrmak; maýa goýum gaznalary dolandyrmak; pensiýa gaznasyny dolandyrmak* |
| **L (seksiýa): 68** | | | | **GOZGALMAÝAN EMLÄK BILEN BAGLY AMALLAR**<br>***Bu seksiýa öz içine alýar:*** *gozgalmaýan emlägi almak ýa-da satmak boýunça kärendeçileriň, agentleriň ýa-da araçylaryň işi; gozgalmaýan emlägi kärendesine bermek; gozgalmaýan emläge baha kesmek ýa-da karzçynyň gozgalmaýan emlägi yzyna almagy we karz alnan pul üzülenden soňra yzyna bermegi. Bu iş hususy gozgalmaýan emläk bilen ýa-da kärendesine alnan gozgalmaýan emläk bilen, şol sanda üçünji tarapyň hasabyna amala aşyrylyp bilner. Şeýle-de gozgalmaýan emlägi dolandyrmak we gozgalmaýan emläge eýeçilik hukugyny kesgitlemek işi hem goşulandyr.* |
| **68** | | | | **Gozgalmaýan emläk bilen bagly amallar** |
| | 68.1 | | | Hususy gozgalmaýan emlägi almak ýa-da satmak |
| | | 68.10 | 68.10.00 | Hususy gozgalmaýan emlägi almak ýa-da satmak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *köpöýli jaýlarda we beýleki ýaşaýyş jaýlarynda hususy gozgalmaýan emlägi (tutuş ýa-da belli bir bölegini) almak ýa-da satmak, hususy ýerini satmak; ýaşalmaýan jaýlarda, şol sanda sergi zallaryny, ammar üçin niýetlenen jaýlary we ş.m.*<br>*- ýerleriň ýagdaýyny gowulandyrmak niýeti bilen hiç hili iş geçirmezden, ýerleri böleklere bölmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *gozgalmaýan emlägi satmaga taýýarlamak (41.10 seret); ýerleriň ýagdaýyny gowulandyrmak niýeti bilen degişli işleri geçirip, ýerleri böleklere bölmek (42.99 seret)* |
| | 68.2 | | | Hususy gozgalmaýan emlägi kärendä bermek |
| | | 68.20 | 68.20.00 | Hususy gozgalmaýan emlägi kärendä bermek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *hususy gozgalmaýan emlägi (köpöýli jaýlary we beýleki ýaşaýyş jaýlaryny; ýaşalmaýan jaýlary, şol sanda sergi zallaryny, ammar jaýlaryny,söwda zallaryny we ş.m.ýerleri) kärendä we ulanmaga bermek, hususy gozgalmaýan emlägi kärendä bermäge taýýarlamak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *myhmanhanalary, goş-golamly otaglary, kempingleri, ýaşamak üçin tirkegleri we gelenler ýa-da az wagtlyk ýaşaýanlar üçin gaýry ýerleri peýdalanmak (55 seret)* |
| | 68.3 | | | Sylag almak üçin ýa-da şertnama esasynda gozgalmaýan |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | emläk bilen baglanyşykly amallary geçirmek |
| | | 68.31 | 68.31.00 | Gozgalmaýan emläk bilen baglanyşykly amallar boýunça agentleriň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gozgalmaýan emläge baha kesmek, kärendesine bermek, almak-satmak bilen baglanyşykly araçylyk işi; gozgalmaýan emläk bilen baglanyşykly amallar boýunça agentleriň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *hukuk ugrundan iş (69.10 seret)* |
| | | | 68.31.10 | Gozgalmaýan emläge baha kesmek işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *sylag almak üçin ýa-da şertnama esasynda gozgalmaýan emlägi almak-satmak ýa-da kärndesine bermek bilen baglanyşykly baha kesmek boýunça hyzmatlar* |
| | | 68.32 | 68.32.00 | Gozgalmaýan emlägi dolandyrmak<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *hukuk ugrundan iş (69.10 seret); binalaryň işlemegini (meselem, arassalamak we ş.m.) goldamak boýunça kömekçi işler (81.10 seret); institusional guramalary, meselem, harby bazalary, tussaghanalary (türmeleri) we ş.m. dolandyrmak (administratiw-dolandyryş toplumlarynyň işlerinden başga) (82.11; 81.10 seret)* |
| **M (seksiýa): 69-75** | | | | **HÜNÄRMENLIK, YLMY WE TEHNIKI IŞLER** |
| **MA (kiçi seksiýa): 69-71** | | | | **HUKUK ULGAMYNDA BUHGALTERÇILIK HASABA ALYŞ, DOLANDYRMAK, BINAGÄRLIK, INŽENER GÖZLEGLERI, TEHNIKI SYNAGLAR WE GÖZEGÇILIK ULGAMYNDA IŞLER** |
| **69** | | | | **Hukuk we buhgalterçilik hasaba alnyşy ulgamyndaky iş**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *bir tarapyň bähbidi üçin beýleki tarapyň garşysyna kazyýetde ýa-da kazyýet edaralarynda aklawjylaryň çykyş etmegi ýa-da olaryň gözegçiligi astynda bu işiň amala aşyrylmagy, şeýle hem zähmet bilen baglanyşykly jedellerde, raýat we jenaýat işlerinde wekilçilik etmek we maslahat bermek, umumy soraglar boýunça maslahatlar we görkezmeler bermek, hukuk resminamalaryny taýýarlamak: kompaniýanyň hasaba alnandygy baradaky resminamalary, şahadatnamany, guramalaryň düzgünnamalaryny we ş.m. kompaniýanyň döredilmegi baradaky resminamalary, patentleri, awtorlyk şahadatnamalaryny, miras goýmak we ynanç hatlary barada hukuk namalaryny taýýarlamak we ş.m.; kepillendiriş, döwlet kepillendiriş edaralary, kazyýet ýerine ýetirijileriniň, ekspertleriň, arbitrleriň işleri.*<br>*Şeýle hem audit we buhgalterçilik hasaba alnyşy ulgamynda hyzmatlary etmek, şol sanda maliýe hasabatlylygyny düzmek boýunça işi, salgyt maslahatlaryny bermek boýunça işi, maliýe auditini geçirmek boýunça işi öz içine alýar.* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | 69.1 | | | Hukuk işleri |
| | | 69.10 | 69.10.00 | Hukuk pudagynda iş<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:***<br>*kazyýetde, kazyýet edaralarynda ýa-da beýleki edaralarda taraplaryň bähbidini goramak we wekilçilik etmek:*<br>*• raýat işlerinde maslahat bermek we wekilçilik etmek;*<br>*• jenaýat işlerinde maslahat bermek we wekilçilik etmek;*<br>*• zähmet bilen baglanyşykly jedellerde maslahat bermek we wekilçilik etmek;*<br>*-umumy soraglar boýunça teklipler we maslahatlar bermek;*<br>*ýuridiki resminamalary taýýarlamak:*<br>*• ýuridiki şahsyň döredilmegi bilen baglanyşykly, hasaba alyş şahadatnamasyny, kärhanalaryň düzgünnamalaryny (tertipnamalaryny) we ş. m. resminamalary taýýarlamak;*<br>*• patentler we awtorlyk hukuklary;*<br>*• hukuk namalary, wesýetnamalary, ynanç hatlary we ş.m. taýýarlamak*<br>*- döwlet notariuslaryň, notariuslaryň, döwlet bellige alyjylaryň, kazyýet ýerine ýetirijileriniň, ekspertleriň we arbitrlaryň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *kazyýet işleri (84.23 seret)* |
| | | | 69.10.10 | Adwokatlar kollegiýasynyň we ýuridiki maslahathanalaryň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *- adam hukuklaryny we azatlyklaryny, ýuridiki şahslaryň kanuny bähbitlerini goramak maksady bilen, kanunçylykda bellenilen tertipde professional kömegini bermek üçin gönükdirilen adwokatlyk işini*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *adwokatlaryň beýleki birleşikleriniňi, adwokatlyk işini özbaşdak amala aşyrýan adwokatlaryň işini* |
| | | | 69.10.11 | Fiziki we ýuridik şahslara hukuk kömegini bermek işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *fiziki we ýuridik şahslara professional hukuk kömegini bermek üçin gönükdirilen şahslaryň işini:*<br>*• adam hukuklaryny we azatlyklaryny, ýuridiki şahslaryň kanuny bähbitlerini goramaklyga gönükdirilen ýuridik kömegini bermek:*<br>*kazyýetde, kazyýet we beýleki edaralarda taraplaryň bähbitlerini goramak; raýat, jenaýat, administartiw, arbitraž we beýleki işlerde maslahat bermek we wekilçilik etmek;*<br>*zähmet we beýleki jedellerde maslahat bermek we wekilçilik etmek;*<br>*• ýuridik şahslary döretmek bilen bagly maslahatalary bermek we resminamalary taýýarlamak: esaslandyryş şertnamalary, hyzmatdaşlyk hakynda şertnamalary, kärhanalaryň düzgünnamalaryny (tertipnamalaryny) şeýle hem, ynançly dolandyrmak* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** |
| | | | | *hakynda şertnamalary we beýleki resminamalary taýýarlamak;*<br>• *patentler we awtorlyk hukuklary bilen bagly, maslahatlary bermek we resminamalary taýýarlamak*<br>• *hukuk namalaryň taslamalaryny we beýleki resminamalary taýýarlamak;*<br>*kanunçylykda göz öňünde tutulan beýleki işleri amala aşyrmak* |
| | | | 69.10.20 | Notarial işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *kanunçylykda bellenen tertipde notarial işi amala aşyrmak bilen, notarial hereketleri we beýleki işleri amala aşyrmaga gönükdirilen döwlet notariuslaryň, notariuslaryň işini* |
| | | | 69.10.30 | Gozgalmaýan emläge bolan hukuklary we onuň bilen bagly geleşikleri döwlet tarapyndan bellige almak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *kanunçylykda bellenen tertipde gozgalmaýan emläge bolan hukuklary we onuň bilen bagly geleşikleri döwlet tarapyndan bellige almak bilen bagly bellige alyş hereketleri we beýleki işleri amala aşyrmaga gönükdirilen döwlet bellige alyjylaryň işi* |
| | | | 69.10.40 | Hukuk pudagynda gaýry işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *emläk jedellerini düzgünleşdirmek işini; üçinji taraplar hökmünde resminamalary saklamak üçin kabul etmek boýunça işini; ýokarky kiçi klaslarda görkezilmedik beýleki hukuk işlerini* |
| | 69.2 | | | Buhgalterçilik hasaba alnyşy ulgamynda hyzmatlary etmek boýunça, salgyt maslahatlaryny bermek boýunça, maliýe auditini geçirmek boýunça iş<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *buhgalterçilik hasaba alnyşyny alyp barmak (dikeltmek), şol sanda hasaba alyş syýasatyny saýlamak we düzmek, maliýe hasabatlylygyny düzmek, buhgalterçilik hasaba alnyşy boýunça maslahatlary bermek boýunça işi, salgyt maslahatlaryny bermek we müşderileriň adyndan salgyt edaralarynda wekilçilik etmek, şol sanda salgyt deklarasiýalaryny taýýarlamak boýunça işi, maliýe auditini geçirmek işi*<br>***Bu topar öz içine almaýar:*** *jemleýji maglumatlary girizmek we gaýtadan işlemek boýunça işi, şol sanda buhgalterçilik hasaba alnyşynyň maksatlary üçin (63.11 seret); buhgalterçilik hasaba alnyşy ulgamy bilen, býujetiň ýerine ýetirilişine gözegçiligiň düzgünleri bilen bagly dolandyrmak boýunça maslahatlary bermek işi (70.22 seret); hasap boýunça tölegleri töletdirmek (82.91 seret)* |
| | | 69.20 | 69.20.00 | Buhgalterçilik hasaba alnyşy ulgamynda hyzmatlary etmek boýunça, salgyt maslahatlaryny bermek boýunça, maliýe auditini geçirmek boýunça iş<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *kompaniýalaryň we beýleki* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** |
| | | | | *kärhanalaryň söwda amallaryny hasaba almak;maliýe hasabatyny taýýarlamak, olaryň dogrudygyny barlamak we tassyklamak; sahsy taraplar ýa-da kärhanalar üçin girdejiler baradaky salgyt beýannamasyny taýýarlamak; maslahatçylaryň işine müşderileriň adyndan salgyt müdirliginiň öňünde wekilçilik etmek (ýuridik wekilçiligin-den başga)* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *tablisadaky maglumatlary işläp taýýarlamak we jemlemek boýunça iş, şol sanda buhgalterçilik hasaba alnyşynyň maksady üçin (63.11seret); buhgalterçilik hasaba alnyşynyň taslamasyny düzmek, önümçilik çykdajylarynyň hasabatynyň meýilnamasyny düzmek, döwlet býujetiň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek ýaly dolandyryş boýunça maslahat bermek (70.22 seret); hasap boýunça tölegi tutup galmak (82.91 seret)* |
| | | | 69.20.10 | Buhgalterçilik hasaba alnyşy ulgamynda hyzmatlary etmek iş <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *buhgalterçilik hasaba alnyşyny alyp barmak (dikeltmek), şol sanda hasaba alyş syýasatyny saýlamak we düzmek, maliýe hasabatlylygyny düzmek, buhgalterçilik hasaba alnyşy boýunça maslahatlary bermek, maliýe hasabatlylygyny kabul etmek ýygnamak we jebislendirmek işi* |
| | | | 69.20.20 | Salgyt maslahatlaryny bermek boýunça iş <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *salgyt maslahatlaryny bermek we müşderileriň adyndan salgyt edaralarynda wekilçilik etmek, şol sanda salgyt deklarasiýalaryny taýýarlamak boýunça işi* |
| | | | 69.20.30 | Maliýe auditini geçirmek işi <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *auditorçylyk işi (umumy audit; ätiýaçlandyryş guramalarynyň auditi; bank işiniň auditi; maýa goýum institutlarynyň auditi), maliýe hasabatyny taýýarlamak, olary seljermek, olaryň dogrulygyny tassyklama işleri, maslahat alyşmagy hem goşmak bilen* |
| **70** | | | | **Merkezi ofisleriň işleri, dolandyrmak ulgamynda işler** |
| | 70.1 | | | Merkezi ofisleriň işleri <br> ***Bu topar öz içine alýar:*** *täjirçilik işini dolandyrmak boýunça maslahat we ýardam bermek, şol sanda maliýe we býujet ugruny meýilnamalaşdyrmak, guramak, netijeliligini we gözegçiligini üpjün etmek, buhgalterçilik hasaba alnyşynyň düzgünini düzmek, önümçilik çykdajylarynyň hasabatynyň meýilnamasyny düzmek, býujetiň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, maliýe dolandyryşy, önümçiligi, marketingi, adam baýlyklaryny dolandyryşy boýunça maslahat bermek* <br> ***Bu topar şeýle-de öz içine alýar:*** *şol kompaniýanyň başga birliklerini ýa-da başga kompaniýalary syn etmek we* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *dolandyrmak, başgaça aýdylanda baş ofislerde işiň alnyp barlyşy* |
| | | 70.10 | 70.10.00 | Merkezi ofisleriň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *firmanyň başga birligi, şeýle hem firmalaryň we olaryň şahamçalarynyň (özbaşdak kärhanalaryň) ösüşiniň ugruny kesgitleýän we meýilleşdirýän, dolandyryş, gözegçilik we dolandyryş wezipelerini merkezi dolandyryş ofisler we baş dolandyryş (merkezi) ofisler amala aşyrýar*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *dolandyrmaga gatnaşmaýan holding-kompaniýalaryň işi (64.20 seret)* |
| | 70.2 | | | Dolandyryş ugry boýunça maslahat bermek |
| | | 70.21 | 70.21.00 | Jemgyýet bilen aragatnaşyk boýunça maslahat bermek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *guramalaryň abraýyny ýokary galdyrmaga we guramalaryň şahsy taraplar bilen, hökümet bilen, jemgyýet bilen, saýlawçylar bilen, paýçylar bilen we ş.m. arasyndaky gatnaşyklary gowulandyrmak usuly boýunça maslahat bermek, dolandyryş we işjeň, ýerine ýetiriji (operatiw) kömekleri bermek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *mahabat we habar beriş agentliginiň işi (73.1 seret); sorag etmek usuly bilen jemgyýetiň pikiri arkaly bazary öwrenmek (73.20 seret)* |
| | | 70.22 | 70.22.00 | Dolandyrmak we täjirçilik işi boýunça maslahat bermek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:***<br>*- täjirçilik kärhanalaryna we döwlet gullugyna umumy dolandyryş ugry boýunça tejribelik kömegini bermek, maslahat bermek we görkezme bermek, mysal üçin:*<br>*• kärhananyň (kompaniýanyň) strategiýasyny işläp düzmek, şol sanda strategik biznes-planlary işläp düzmek;*<br>*• buhgalterçilik hasabynyň düzgüniniň taslamasyny düzmek, önümçilik çykdajylarynyň hasabatynyň meýilnamasyny düzmek, býujetiň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek;*<br>*• dolandyryş kararyny kabul etmek;*<br>*• telekeçilik işi boýunça üýtgetmeleri meýilleşdirmek;*<br>*• dolandyryş maglumatlarynyň ulgamyny saýlamak we ş.m.*<br>*- täjirçilik kärhanalaryna we döwlet gullugyna meýilleşdirmek, guramak, netijeliligini we gözegçiligi üpjün etmek we dolandyrmak boýunça habarlar we ş.m. ugurlar boýunça maslahat bermek we kömek etmek, mysal üçin:*<br>*• maliýe dolandyryşy boýunça;*<br>*• marketing dolandyryşy boýunça;*<br>*• adam baýlyklaryny dolandyrmak boýunça;*<br>*• önümçiligi dolandyrmak boýunça;*<br>*• beýleki täjirçilik işleri boýunça* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *hasaplaýyş ulgamy boýunça hyzmatlar (62.01 seret); ýuridiki hyzmatlar (69.10 seret); buhgalterçilik hyzmaty (69.20 seret); binagärçilik, inženerlik gözlegi we olar bilen baglanyşykly tehniki ugurlar boýunça maslahat bermek (71.11, 71.12 seret); bilim ugrundan maslahat bermek (85.60 seret); agronomçylyk ugrundan we oba hojalyk pudagy boýunça maslahat bermek. (74.90 seret); işçileri hakyna tutma agentliginiň işi (78.10 seret)* |
| | | | 70.22.10 | Ýangyn howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça çäreleri işläp düzmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýerine ýetiriji häkimiýet we edara-kärhanalar we guramalar bilen bilelikde ýangyn goragynyň işlerini guramak; ýangynlaryň öňüni almak boýunça çäreleri işläp düzmek; ýangyn howpsuzlygynyň düzgünleriniň we kadalarynyň talaplary barada ylmy-tehniki düşündirişleri bermek; ýangyn howpsuzlygy babatynda ygtyýarnama alyjylaryň ygtyýarnama almazyndan öňki materiallaryň taýýarlygyny amala aşyrmak* |
| | | | 70.22.90 | Beýleki täjirçilik işleri we dolandyrmak meseleleri boýunça maslahat bermek |
| **71** | | | | **Binagärlik we inžener gözlegleri ulgamynda işler; tehniki synaglar we gözegçilik**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *binagärçilik ugry boýunça maslahat bermek, gurluşyk taslamasyny düzmek we beýleki inženerlik işlerine ýolbaşçylyk etmek, çyzgylar düzmek, gurluşygyň gidişine gözegçilik etmek, ölçeg işlerini geçirmek, ýerleri surata düşürmek we karta çyzmak*<br>***Bu bölüm şeýle-de öz içine alýar:*** *himiki, fiziki we beýleki synaglary geçirmek; ýer astynyň gurluşy, nebitiň, tebigy gazyň, gaz kondensatynyň we minerallaryň hem-de ýerasty suwlaryň ýataklary barada maglumat berýän üstki ölçegler we synlamalar, çuň gözleg burawlama* |
| | 71.1 | | | Binagärçilik we inžener gözlegleriniň işi we bu ugurlar boýunça tehniki maslahatlar bermek hyzmaty |
| | | 71.11 | 71.11.00 | Binagärçilik işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *binagärçilik ugrundan maslahat bermek (binalary taslama işleri, iş çyzgylaryny düzmegi hasaba alyp, şäheri meýilleşdirmek, landşaft binagärçiligini hasaba alyp)*<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gurluşyk babatda taslamadan öňki we taslama resminamalarynyň hem-de çykdajy sanawlarynyň döwlet seljerişini geçirmek işileri; şähergurluşyk işini kämilleşdirmek, şäherlerde we obalarda gurluşyk işleri geçirilende ulanyş hem-de gözellik görkezijilerini milli aýratynlyklara hem-de ýerli tebigy-howa şertlerine laýyklykda ýokarlandyrmak boýunça geçirilýän işleri; binagärlik, taslama we gurluşyk babatda kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny işläp* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *taýýarlamak işleri* <br> ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *ýangyn howpsuzlygy meseleleri boýunça taslama işlerini ýerine ýetirmek: içki we daşky ýangyn söndüriş (şol sanda awtomatiki), ýangyn we gorag-ýangyn habar beriji (şol sanda habar beriş), tüssä garşy gorag ulgamlary (şol sanda ulgamlaryň bölekleri), ýangyna garşy diwarlary gurnamak boýunça taslamalaşdyrmak işleri* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *hasaplaýyş tehnikasy boýunça maslahat bermek (62.02, 62.09 seret); interýerleri bezemek (74.10 seret)* |
| | | 86.10 | 86.10.00 | Hassahanalaryň işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *hassahana guramalarynyň işleri; lukmançylyk işi, şol sanda hirurgiýa, anyklaýyş, terapewt, operasiýalary geçirmek, analiz we başga anyklaýyş barlaglar we ş.m.; hassahanalarda bolmaklyk üçin, ýagny ýaşamaklyk, iýmit we ş.m. şertleri döretmeklik.*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *näsaglary bejerme we olara seretme işlerini alyp barýan köpugurly hassahanalarda ýa-da ýöriteleşdirilen hassahanalarda, şypahanalarda, profilaktoriýalarda we gaýry lukmançylyk guramalarynda köp wagtlap ýa-da az wagtly bolmak; ruhy keselli hassahanalarda, kemakyllylar üçin hassahanalarda, reabilitasiýa merkezlerinde, ýokanç keseller hassahanasynda we başga näsaglaryň ýatymlaýyn bejergi almaklary üçin şertleri bar bolan lukmançylyk sagaldyş guramlarynda bolmak, şeýle hem harby hassahanalarda we tussaghanalaryň hassahanalarynda bolmak.*<br>*Bu iş ugry, esasan hem ýatymlaýyn bejergi alýan näsaglara degişli bolup, lukmanlaryň gözegçiliginde bolmagy göz öňunde tutýar.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *tehniki we barlag synaglary (71.20 seret); weterinariýa işi (75.00 seret); meýdan* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *şertlerinde ýaragly güýçleriniň şahsy düzümine lukmançylyk hyzmatlaryny ýerine ýetirmek (84.22 seret); ýatymlaýyn bejergi alýan näsaglara özbaşdak lukmançylyk maslahatçylary tarapyndan hyzmatlary ýerine ýetirmek (86.2) seret; hassahana ýerleşdirmezden stomatologiýa hyzmatlaryny ýerine ýetirmek (86.23 seret); tiz kömek işi (86.90 seret); sanitar-ulag serişdeleri bilen näsaglary daşamak (86.9 seret)* |
| | 86.2 | | | Lukman tejribesi we stomatologiýa çygrynda işler |
| | | 86.20 | 86.20.00 | Lukman tejribesi we stomatologiýa çygrynda işler<br>***Bu kiçi klass öz içine alýar:*** *umumy ugurly lukmanlar, hünärmen lukmanlary we hirurglar tarapyndan ýerine ýetirilýän umumy ýörite lukmançylyk çygrynda lukmançylyk maslahatlary we bejeriş*<br>*Bu iş gatnaw şertlerde näsaglar üçin hususy tejribeli lukman toparlary we saglyk öýlerinde ýerine ýetirilip bilner*<br>*Bu ýere hassahanalarda hususy maslahat bermek, firmalaryň, mekdepleriň, gojalar öýüniň iş we gaýry guramalaryň düzüminde bolan hem-de öý lukmançylyk kömegi, saglyk öýlerinde we lukmançylyk nokatlarynda (gatnaw şertlerde ) ýerine ýetirilýän işler girizilen. Esasan hem, näsaglar gatnaw şertlerde bolup, umumy ugurly lukmanlara ugradylyp bilner (terapewtler)* |
| | | 86.21 | 86.21.00 | Umumy lukman tejribesi çygrynda işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *umumy lukmançylyk çygrynda umumy ugurly lukmanlar tarapyndan ýerine ýetirilýän hyzmatlar*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *hassahanalaryň işi (86.10 seret); orta saglygy goraýyş işgärleriniň işi, ýagny akuşerleriň, şepagat uýalarynyň, tehnik-fizioterapewtleriň işi (fizioterapewtiki otaglaryň işgärleri) (86.90 seret)* |
| | | 86.22 | 86.22.00 | Ýörite lukman tejribesi çygrynda işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýörite lukmançylyk çygrynda hünärmen lukmanlar we hirurglar tarapyndan ýerine ýetirilýän hyzmatlar. Şeýle-de maşgala meýyilleşdirmegi boýunça sterilizasiýa we göwrelilgi kesmek ýaly hyzmatlary ýerine ýetirýän merkezleriň işi goşulan*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *hassahanalaryň işi (86.10 seret); orta saglygy goraýyş işgärleriniň işi, ýagny akuşerleriň, şepagat uýalarynyň, tehnik-fizioterapewtleriň işi (fizioterapewtiki otaglaryň işgärleri) (86.90 seret)* |
| | | | 86.22.10 | Lukmançylyk kosmetologiýasy hyzmatlary ulgamynda lukmançylyk işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *döwlet lukmançylyk edaralarynda lukman-kosmetologlar, umumy ugurly lukmanlar, hünärmen-lukmanlar, hirurglar tarapyndan alyp barýan anyklaýyş-maslahat, bejeriş-öňüni alyş, dikeldiş, hirurgiki, gigiýeniki we beýleki çäreleriň toplumyny* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | 86.22.19 | Beýleki ýörite lukmançylyk tejribesi ulgamynda işler |
| | | 86.23 | 86.23.00 | Stomatologiýa çygrynda işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *umumy we ýörite häsiýetli stomatologiýa çygrynda hyzmatlary ýerine ýetirmek; ortodontiýa çygrynda hyzmatlary ýerine ýetirmek.*<br>*Bu iş saglyk öýlerinde, guramalaryň operasiýa otaglarda we hususy diş bejeriş hyzmatlary ýerine ýetirilip bilner*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *eger-de özleri goýmaýan bolsalar stomatologlar – tehnikler tarapyndan ýasama dişleri, protezleri we protez enjamlaryny ýasamak (32.50 seret); hassahanalaryň işi (86.10 seret); orta saglygy goraýyş işgärleriň işi, ýagny akuşerleriň, şepagat uýalarynyň, tehnik- fizioterapewtleriň işi (fizioterapewtiki otaglaryň işgärleri) (86.90 seret)* |
| | 86.9 | | | Saglygy goramak çygrynda gaýry işler |
| | | 86.90 | 86.90.00 | Saglygy goramak çygrynda gaýry işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *hassahanalar we lukmanlar tarapyndan däl-de, näsaglara seretmek boýunça ýuridiki hukuk berlen orta saglygy goraýyş işgärleriniň adamyň saglygyny goramak boýunça işleri*<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *optometriýa, gidroterapiýa, sagaldyş massažlary, zähmet terapiýasy bilen bejermek, gepleýiş ýetmezçiliginiň bejergisi (logopediýa), aýaklary sagaldyş, gomeopatiýa, manual refleksoterapiýa, iňňe sançmaklyk çygyrlarynda şepagat uýalarynyň, akuşerleriň, fizioterapewt-tehnikleriň we başgalaryň ýerine ýetirýän işi. Bu işler saglyk öýlerinde, guramalaryň, mekdepleriň we ş.m. düzüminde bolan lukmançylyk nokatlarynda, hassahanalardan başga saglyk guramalarynda, şeýle hem maslahat otaglarynda we başga ýerlerde ýerine ýetirilip bilner*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *stomatologiýanyň kömekçi işgärleriniň, ýagny diş lukman-terapewtleriň, mekdep stomatologiýa otaglarynda şepagat uýalarynyň we gigiýena-stomatologlaryň ýerine ýetirýän hyzmatlary; lukmançylyk barlaghanalarynyň işi we gaýry diagnostika merkezleri, gan barlagyny geçirýän barlaghanalar we ş.m.; gan banklarynyň, döl banklarynyň, transplantasiýa üçin organ banklarynyň we ş.m.); sanitar-ulag serişdeleri arkaly hassalary daşamak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *eger-de özleri goýmaýan bolsalar stomatologlar – tehnikler tarapyndan ýasama dişleri, protezleri we protez enjamlaryny ýasamak (32.50 seret); ýörite awtoulag bolmazdan näsaglary daşamak (49.50, 51 seret); azyk önümleriniň hilini barlamak boýunça barlaglar (71.20 seret); tehniki barlaglar we synaglar (lukmançylyk çygrynda däl) (71.20 seret); hassahanalryň işi (86.10 seret); stomatologiýa we sagaldyş tejribesi* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *çygryndaky işler (86.2 seret); hassalara hyzmat etmek bilen orta lukmançylyk işgärli guramalar (87.10 seret)* |
| **QB (kiçi seksiýa): 87-88** | | | | **ILATA DURMUŞ TAÝDAN HYZMAT ETMEK** |
| **87** | | | | **Ýaşaýyş şertlerini üpjün etmek bilen ilata durmuş taýdan hyzmat etmek** |
| | 87.1 | | | Ýaşaýyş şertlerini döretmek we orta lukmançylyk hünärli işgärler bilen hassalara seretmekde durmuş hyzmatlary |
| | | 87.10 | 87.10.00 | Ýaşaýyş şertlerini döretmek we orta lukmançylyk hünärli işgärler bilen hassalara seretmekde durmuş hyzmatlary<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *şepagat uýalarynyň we gaýry orta we kiçi likmançylyk işgärleriniň hyzmatlaryna mätäç bolan adamlara hyzmat etmek boýunça guramalaryň işi; sagalýanlar üçin sanatoriýalaryň işi; şepagat uýalarynyň hyzmatlary bilen dynç alyş öýleriniň işi; ideg orta lukmançylyk hünärli işgärler bilen ýerine ýetirilýän guramalaryň işi; hususy kesel bejeriş jaýlarynyň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *professional lukmanlaryň işi (86 seret); ideg orta lukmançylyk işgärleri bilen ýerine ýetirilýän üpjünçiliksiz (az üpjünçilikli) gartaň adamlar üçin neýetlenen guramalaryň işi. (87.30 seret); internat-öýlerinde we ş.m guramalarda ýaşamaklyk bilen durmuş taýdan hyzmatlary ýerine ýetirmek (87.90 seret)* |
| | 87.2 | | | Aň öşüşi yza galýan, alkogol we narkotiki serişdeleri kän ulanýan, psihiki ýa-da fiziki kemçilikli adamlar üçin ýaşamak şertlerini döretmeklik bilen durmuş taýdan hyzmat etmek |
| | | 87.20 | 87.20.00 | Aň öşüşi yza galýan, alkogol we narkotiki serişdeleri kän ulanýan, psihiki ýa-da fiziki kemçilikli adamlar üçin ýaşamak şertlerini döretmeklik bilen durmuş taýdan hyzmat etmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *aň oşüşi yza galýan, alkogol we narkotiki serişdeleri kän ulanýan, psihiki ýa-da fiziki kemçilikli adamlar üçin durmuş taýdan hyzmat etmek (hassahanalarda we gospitallarda hyzmat etmekden başga). Muňa ideg, iýmit bermek, gözegçilik we käbir lukmançylyk hyzmatlary girýär*<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *arakhorlar we neşekeşler üçin dikeldiş guramalaryň işi (bejergisiz); aň we duýgurlygy kemli adamlaryň sagalmagy üçin niýetlenen öýleriň işi; aň ösüşi yza galýan adamlar üçin guramalaryň (öýleriň, internatlaryň) işi; fiziki kemçilikli, şol sanda körler we kerler hem-de lallar üçin niýetlenen guramalaryň (öýleriň, internatlaryň) işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *psihiatriýa hassahanalaryň işi (86.10 seret); ýaşaýyş şertlerini döretmek bilen durmuş taýdan hyzmatlar (meslem, öýsüzler üçin wagtlaýyn ýaşaýyş gonalga) (87.90 seret)* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | 87.3 | | | Gartaşan we işe ukypsyz adamlar üçin ýaşaýyş şertlerini döretmek bilen durmuş taýdan hyzmatlary ýerine ýetirmek |
| | | 87.30 | 87.30.00 | Ýaşaýyş şertlerini üpjün etmek bilen gartaşan we işe ukypsyz adamlara durmuş taýdan hyzmat etmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *özbaşdak ýaşamaga isleg bildirmeýän (ýa-da) özüne hyzmat we hereket etmek, ukybynyň çäklidigi sebäpli, özleriniň esasy durmuş isleglerini özbaşdak kanagatlandyrmaga mümkinçiliklerini kem-käsleýin ýa-da doly ýitirendikleri bilen baglanyşykly, keseki kömegine mätäç adamlara durmuş taýdan hyzmatlar. Muňa ideg, iýmit bermek, gözegçilik we öý işleri (ýygnaşdyrmak) girýär; aýratyn ýagdaýlarda gaýry birtaraply guramalaryň tejribeli, orta lukmançylyk hünärli işgärleri tarapyndan ideg hem üpjün edilýär*<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gartaşanlara we işe ukypsyzlara kömek edýän guramalarynyň işi; dynç alyş öýleriniň işi (lukmançylyk hyzmatsyz); orta lukmançylyk personalynyň käbir hyzmatlary bilen gartaň we işe ukypsyz adamlar üçin guramalaryň (öýleriň, internatlaryň) işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *şepagat uýalarynyň hyzmat etmegi bilen gartaşan we işe ukypsyz adamlar üçin niýetlenen guramalaryň işi (87.10 seret); ýaşaýyş şertlerini döretmek bilen gaýry durmuş taýdan hyzmatlar (87.90 seret)* |
| | 87.9 | | | Ýaşaýyş şertlerini döretmek bilen durmuş taýdan hyzmat etmegiň gaýry görnüşleri |
| | | 87.90 | 87.90.00 | Ýaşaýyş şertlerini döretmek bilen durmuş taýdan hyzmat etmegiň gaýry görnüşleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:***<br>*- gije-gündiz ýerine ýetirilýän we çagalara, gartaňlara we özüne seretmeklik işini ýerine ýetirip bilmeýän ýörite adam toparlaryna gönükdirilen durmuş taýdan hyzmatlary ýerine ýetirmek, emma bilim bermek we bejermek onuň esasy ýörelgesi bolup durmaýar:*<br>*• ýetim üçin gonalga (çagalar öýi)*<br>*• çagalar üçin internatlar we umumyýaşaýyş jaýlary*<br>*• gije-gündiz işleýän bakjalar*<br>*• öýsüzler üçin gonalga*<br>*• ýeke galan enelere we olaryň çagalaryna ideg edýän edaralar we ş.m.*<br>*- durmuş we şahsy meseleleri bar bolan adamlar üçin gaçybatalgalar*<br>*- düzgün bozujylary (şol sanda kämillik ýaşyna ýetmedikler), birinji gezek kazyýet jogapkärçiligine çekilenleri düzetmek edaralarynyň (ýörite internatlaryň we ş.m.) işi.*<br>*Bu iş döwlet we hususy guramalar tarapyndan ýerine ýetirilýär*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *hökmany durmuş* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *ätiýaçlandyrmasy, meýilnamalar esasynda ýerine ýetirilýän işler (84.30 seret); orta lukmançylyk hünärli işgärler bilen hassalara hyzmat edýän guramalaryň işi (87.10 seret); gartaşanlara we işe ukypsyzlara ýaşaýyş şetlerini döretmek bilen durmuş taýdan edilýän hyzmatlar (87.30 seret); ogullyga (gyzlyga) almak (88.99 seret); heläkçilikde zyýan çeken adamalary gysga wagtlaýyn göçüriş bilen üpjün etmek (88.99 seret)* |
| **88** | | | | **Ýaşaýyş şertlerini üpjün etmezden ilata durmuş taýdan hyzmat etmek** |
| | 88.1 | | | Gartaşanlara we işe ukypsyzlara ýaşaýyş şertlerini döretmezden durmuş taýdan hyzmat etmek işleri |
| | | 88.10 | 88.10.00 | Gartaşanlara we işe ukypsyzlara ýaşaýyş şertlerini döretmezden durmuş taýdan hyzmat etmek işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *döwlet gulluklary, hususy we jemgyýetçilik guramalary tarapyndan ýa-da ýörite hünärmenleri tarapyndan gartaşanlara we işe ukypsyzlara öýlerinde we başga ýerlerde ýerine ýetirilýän durmuş taýdan hyzmat etmek, maslahat bermek, haýyr-sahawat işleri we şuňa meňzeş gaýry işler*<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gartaşanlary we ise ukypsyzlary görmäge barmak; gartaňlara we işe ukypsyzlara gündiz ideg etmek; işe ukypsyzlaryň professional uýgunlaşmalary*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *hökmany durmuş ätiýaçlandyrmak meýilnamalary esasynda ýerine ýetirilýän işler (84.30) seret;çagalara gündiz ideg etmek (88.91 seret); ýaşaýyş şertlerini döretmek bilen ilata durmuş taýdan hyzmat etmek (87.30 seret)* |
| | 88.9 | | | Ýaşaýyş şertlerini döretmezden gaýry durmuş taýdan hyzmat etmek işleri |
| | | 88.91 | 88.91.00 | Çagalara gündiz ideg etmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *çagalara gündiz ideg etmek (çagalar bakjalary we çagalar baglary), şol sanda fiziki we aň ýetmezçilikleri bar bolan çagalara gündiz seretmek* |
| | | 88.99 | 88.99.00 | Beýleki toparlara goşulmadyk ýaşaýyş şertlerini döretmezden gaýry durmuş taýdan hyzmat etmek işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *heläkçilik wagtynda öýlerinde ýa-da başga ýerlerde döwlet ýa-da hususy guramalar, şeýle-de milli we ýerli kömek guramalary, maslahat bermek hyzmatlaryny ýerine ýetirýän hünärmenler tarapyndan adamlara, bosgunlara durmuş häsiýetli hyzmatlary ýerine ýetirmek, maslahat bermek, maddy kömek işleri:çagalara we ýetginjeklere durmuş taýdan hyzmatlary ýerine ýetirmek we olara terbiýe berilmegine ýolbaşçylyk etmek; ogullyga (gyzlyga) almak işi; çagalara rehimsiz garamagyň öňüni almak işi; öý býujeti, nika we maşgala barada maslahat bermek işi; ýerli derejede durmuş taýdan hyzmatlary ýerine ýetirmek (garyndaşlyk ugurlary bolup ýaşaýanlara ýa-da* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *belli bir ýeriň ýaşaýjylaryna); heläkçilige uçranlara, bosgunlar, immigrantlara we ş.m. kömek etmek, şol sanda gysga wagtlaýyn ýa-da uzak wagtlaýyn ýaşamaklyk üçin öýleri bermek; çäkli okuwly işsizleriň, fiziki ýa-da aň ýetmezçilikleri bolan adamlaryň işe ukyplylygyny dikeltmek we belli bir iş görnüşinde taýýarlamak; durmuş kömegini almaklyk hukuklaryny anyklamak, azyk talonlarynyň ýa-da jaý kireýiniň töleglerine kömek etmek (ýaşaýyş jaý subsidiýalary); öýsüzler we beýleki durmuş taýdan şowsuz toparlara gündizki gaçybatalga; durmuş taýdan hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly işlerde kömek etmek ýa-da serişde ýygnamak bilen haýyr-sogap etmek işleri* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *hökmany durmuş ätiýaçlandyrmak meýilnamalary esasynda ýerine ýetirilýän işler (84.30 seret); ýaşaýyş şertlerini döretmek bilen gaýry durmuş taýdan hyzmatlar (87.90 seret)* |
| **R (seksiýa): 90-93** | | | | **SUNGAT, DYNÇ ALYŞ WE GÖWÜN AÇYŞ** <br> ***Bu seksiýa öz içine alýar:*** *dynç alyş, medeni we sport çärelerini, şol sanda tomaşa geçirmeklik we gurnamaklyk işi, muzeýleri, oýun zallaryny we sport desgalaryny dolandyrmak işi.* |
| **90** | | | | **Sungat ulgamynda artistlik we gaýry işler hem-de medeni-köpçülikleýin göwün açyş çäreleri** <br> ***Bu bölüm öz içine alýar:*** *artistleriň çykyşy, teatr oýunlaryny, konsertleri, operalary, spektakllary, tans we başga sahna oýunlaryny goýmak; konsert we teatr zallarynyň we sungat ulgamynyň başga obýektlerini dolandyrmak we ulanmak; döredijilik kärleriniň wekilleriniň işi (heýkeltaraş, suratçy,edebiýatçy we ş.m.).* <br> ***Bu bölüm öz içine almaýar:*** *filmleriň önümçiligi we ýaýradylmagy, (59.11, 59.12, 59.13 seret); film görkezmek (59.14 seret); radio we tele ýaýlymlaryň işi (60.1, 60.2 seret); muzeýleriň, botaniki we zoologik baglarynyň işi (91 seret); humarly oýunlary gurnamak (92 seret); dynç alyş we göwün açyş çäreleri gurnamaklyk boýunça sport we gaýry işler (93 seret).* |
| | 90.0 | | | Sungat ulgamynda we köpçilikleýin medeni dynç alyş çarelerini geçirmeklikde artistlik we gaýry işler |
| | | 90.01 | 90.01.00 | Artistlik işi <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *teatr we sirk oýunlaryny, konsertleri, opera spektakllaryny, tans we gaýry sahna oýunlaryny görkezmek: ansambllary, teatr we sirk toparlaryny, orkestrleri we sazandalar toparyny; sungat kärleriniň özbaşdak wekilleri, olardan aktýorlar, tansçylar, sazandalar, lektorlar, konferansýe, okaýjylar we ş.m.* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *agentleriň we agentlikleriň işine meňzeş impresariolaryň işi (74.90 seret); saýlap* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *alamak (kasting) boýunça býurolaryň we agentlikleriň işi (78.10 seret).* |
| | | 90.02 | 90.02.00 | Artistlik sungaty ulgamynda kömekçi işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *artistleriň çykyş etmeklerine kömek edýän iş: spektakllaryň, teatr we sirk oýunlarynyň, konsertleriň, operalaryň, baletleriň we ş.m. sahnalandyrylyşy; direktorlaryň, oýun goýujy režissýorlaryň, bezegçileriň, yşykçylaryň, sahna boýunça işgärleriň we ş.m.; zerur bolan enjamlar bilen enjamlaşdyrylan ýa-da enjamlaşdyrylmadyk prodýuserleriň we teatr toparlarynyň antireprenerlerininiň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *agentleriň we agentlikleriň işine meňzeş impresariolaryň işi (74.90 seret); saýlap alamak (kasting) boýunça býurolaryň we agentlikleriň işi (78.10 seret)* |
| | | 90.03 | 90.03.00 | Sungat ulgamynyň başga görnüşleriniň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *döredijilik kärleriniň özbaşdak wekilleriniň işi (heýkeltaraş, suratkeş, karikaturaçy, grawýuraçy, çeper bezegçi edebiýatçy we ş.m.); žanrlaryň ähli görnüşinde özbaşdak ýazyjylaryň işleri; özbaşdak žurnalistleriň işi; sungat döredijiliklerini abatlamak, dikeltmek, şol sanda çekme suratlar*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *hususy, köpçülikleýin, göçme we beýleki görnüşli sergileri guramak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *sungat döredijiligi bolmadyk heýkelleriň (skulpturalar, monumentler) ýasalmagy (23.70 seret); arganlary we gaýry taryhy saz gurallaryny dikeltmek (33.19 seret); filmleriň önümçiligi (59.11 seret); mebel dikeltmek (muzeý mebellerinden başgalar) (95.24 seret)* |
| | | 90.04 | 90.04.00 | Teatr we konsert zallarynyň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *dynç alyş we medeni çärelerini geçirmeklik üçin teatr we konsert zallaryny we sungatyň beýleki obýektlerini dolandyrmak we işletmek işleri*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *kinoteatrlaryň işi (59.14 seret); teatr peteklerini satmak (79.90 seret); muzeýleriň işleri (91.02 seret)* |
| **91** | | | | **Kitaphanalaryň, arhiwleriň, muzeýleriň we gaýry medeni edaralaryň işleri**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *kitaphanalaryň we arhiwleriň işi, muzeýleriň ähli görnüşleriniň işi, botaniki we zoologiki baglaryň işi, tebigy we taryhy-etnografik goraghanalarynyň işi. Şeýle-de taryhy ähmiýetli obýektleriň abat saklanmagyny we görmäge barylmagyny gurnamak (meselem, dünýä medeni mirasynyň bölegi bolup durýan we başga taryhy ýerler we binalar).*<br>***Bu bölüm öz içine almaýar:*** *dynç alyş we göwün açyş çärelerini guramak boýunça sport we gaýry işler, meselem, plýaž dynç alşy, dynç alyş seýilgählerine barmak (93 seret).* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | 91.0 | | | Kitaphanalaryň, arhiwleriň, muzeýleriň we başga sungat guramalarynyň işleri |
| | | 91.01 | 91.01.00 | Kitaphanalaryň we arhiwleriň işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *kitaphanalaryň ähli görnüşleriniň işi (şol sanda göçme we foto kitaphanalar), okuw zallary, diňlemek we görmeklik üçin niýetlenen zallar, adamlara we talyplara, alymlara, belli bir guramalaryň işgärleri ýaly aýratyn müşderilere hyzmat edýän döwlet arhiwleriniň işi; ýöriteleşdirilen we ýöriteleşdirilmedik resminamalary seçip almak; kataloglary düzmek; kitaplary, kartalary, filmleri, grammplastinkalary, magnit lentalary we ş.m.; gerekli maglumatlary gözlemek we ş.m.*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *klub görnüşli guramalaryň işi: klublaryň (stasionar we göçme), medeniýet öýleri, halk döredijilik öýleri, binagärler öýi, suratçylar öýi, kompozitorlar, edebiýatçylar, žurnalistler, lukmanlar, kino we ş.m. öýler; kitap palatalarynyň işi* |
| | | | 91.01.11 | Kitaphanalaryň işleri |
| | | | 91.01.12 | Arhiwleriň işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *arhiw resminamalaryny tertipleşdirmegi, toplamagy, hasaba almagy, saklamagy amala aşyrýan döwlet we jemgyýetçilik guramalar, raýatlar tarapyndan gyzyklanma döredilýän arhiw resminamalary barada maglumatlary; ylmy-barlag işi geçirmek, öwrenmek we peýdalanmak üçin barlagçylara arhiw resminamalaryny we olara ylmy-maglumat enjamyny berýän döwlet arhiwleriniň we guramalaryň arhiwleriniň işini* |
| | | 91.02 | 91.02.00 | Muzeýleriň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *muzeýleriň ähli görnüşleriniň işi; oýlap tapyjylar sungatynyň muzeýleri, mebelleriňl, geýimleriň, keramikadan we kümüşden ýasalan önümleriň muzeýleri; tebigat ylymlarynyň muzeýleri, ylym we tehnika muzeýleri, taryhy muzeýler, şol sanda harby we taryhy muzeýler-öýler; gaýry ýöriteleşdirilen muzeýler; açyk meýdandaky muzeýler*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *söwda sungat galereýalarynyň işi (47.78 seret); sungat eserlerini abatlamak işi (93.03 seret); kitaphanalaryň we arhiwleriň işi (91.01 seret)* |
| | | 91.03 | 91.03.00 | Taryhy ähmiýetli ýerleriň we binalaryň abat saklanmagyny we görmäge barylmagyny gurnamak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *taryhy ähmiýetli ýerleriň we binalaryň abat saklanmagyny we görmäge barylmagyny gurnamak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *taryhy ähmiýetli ýerleri we binalary dikeltmek we abatlamak (F seksiýa)* |
| | | 91.04 | 91.04.00 | Botaniki baglaryň, haýwanat baglarynyň we goraghanalaryň |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *botaniki we haýwanat baglarynyň işi, şol sanda çagalar üçin haýwanat baglar; tebigy goraghanalaryň işi, şol sanda ýabany tebigaty goramak boýunça işler*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *landşaftlary gowlamak boýunça iş (81.30 seret); sport aw awlamak hem-de balyk tutmak üçin ýerleri ulanmak (93.19 seret);* |
| **92** | | | | **Humarly oýunlary gurnamak we jedel etmek**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *humarly oýunlar üçin desgalary işletmek, şol sanda kazinolar, bingo zallar, wideo oýunlar terminaly, şeýle-de aýlawlarda we başga ýerlerde jedel etmek we lotereýa gurnamak we geçirmek* |
| | 92.0 | | | Humarly oýunlary gurnamak we jedel etmek |
| | | 92.00 | 92.00.00 | Humarly oýunlary gurnamak we jedel etmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *lotereýa peteklerini satmak; oýun awtomatlaryny işletmek; wirtual oýunlar üçin Web-saýtlary ulanmak; jedel etmek, şol sanda aýlawlarda; kazinolaryň, şol sanda "ýüzýän" kazinolaryň işi* |
| **93** | | | | **Dynç alşy we göwün açyşy gurnamak boýunça sport we gaýry işler**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *sport we dynç alyş we göwün açyjy çareleri gurnamak işleri.*<br>***Bu bölüm öz içine almaýar:*** *drama sungatyny, saz we gaýry sungat görnüşleri we tomaşalary, şol sanda spektakllar, konsertler we opera goýmak (90 seret); muzeýleri, taryhy ähmiýetli ýerleri we desgalary goramak, tebigy goragyanalaryň, zoologiki we botaniki baglaryň işi 91 seret); humarly oýunlary gurnamak (92 seret).* |
| | 93.1 | | | Sport işleri<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *sport desgalaryny işletmek; professional toparlaryň we klublaryň işi; indiwidual (özbaşdak) sport ussatlarynyň we atletleriň işi; bedenterbiýe-saglygy dikeldiş klublaryň we merkezleriň işi; sport çärelerini taýýrlamakda kömek etmek işi; çapýan we ylgaýan atlaryň saklanýan athanalarynyň, ylgaýan it saklanýan ithanalaryň, sport awtomobilleri üçin niýetlenen garažlaryň işi; sport desgalarynda hyzmat edýän işgärleri dolandyrmak* |
| | | 93.11 | 93.11.00 | Sport desgalarynyň ulanylyşy we dolandyrylyşy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:***<br>*- açyk meýdanda ýa-da ýapyk jaýlarda sport çäreleri geçirilýän desgalaryny ulanmak (işletmek) (bu obýektler haýat bilen ýapylan, üçekli, tomaşaçylar üçin niýetlenen tribunaly bolup bilýärler):*<br>*• hokkeý, futbol, regbi, kriket üçin neýetlenen stadionlar* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | • *itler we atlar üçin niýetlenen ylgaw ýoljagazlary*<br>• *awtomobiller üçin ýoljagazlar*<br>• *ýüzüji basseýn ý-da stadion*<br>• *golf üçin meýdanlar*<br>• *boksýerlar üçin zallar*<br>• *bouling üçin niýetlenen zallar*<br>• *sportuň gyşky görnüşleri üçin niýetlenen stadionlar we zallar*<br>• *ýeňil atletika bilen meşgullanmak üçin stadionlar we ş.m.*<br>*- sport desgalarynda hyzmat edýän işgärleri dolandyrmak.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** funikulerleri işletmek (49.39 seret); sport inwentarlaryny kireýine bermek (77.21 seret); bedenterbiýe merkezleriniň we saglygy dikeldiş klublarynyň işi (93.13 seret); seýilgählerиň we plýažlaryň işi (93.29 seret)* |
| | | 93.12 | 93.12.00 | Sport klublarynyň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** sport klublarynyň işi (professional, ýarym professional we höwesjeňler),olardan futbol klublary, bouling söýüjileriniň kluby, ýüzüjileriň kluby, golf klublar, boksçular we göreşijiler, küşt we şaşka klublary,gyş sport görnüşlerini söýýänler üçin niýetlenen klublar, ýeňil atletika we atyjylyk klublary we ş.m.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** ussat mugallymlaryň (tälimçileri) ýolbaşçylygynda türgenleşik etmek (sport kurslary) (85.51 seret); sport desgalarynyň ulanylyşy we dolandyrylyşy (93.11 seret); sport desgalarynda sport çärelerini gurnamak we geçirmek (93.11 seret)* |
| | | 93.13 | 93.13.00 | Fitnes-klublaryň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** bedenterbiýe merkezleriniň we saglygy dikeldiş klublaryň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** ussat mugallymlaryň (trenerleriň) ýolbaşçylygynda türgenleşik etmek (sport kurslary) (85.51 seret)* |
| | | 93.19 | 93.19.00 | **Gaýry sport işleri**<br>***Bu kiçi klas şulary öz içine alýar:** sport çärelerini taýýarlamak we olara goldaw bermek boýunça işleri (çäreler öz sport obýektleri bolanlar we bolmadyklar tarapyndan geçirilýär); hususy (indiwidual) sport ussatlarynyň, atletleriň, arbitrleriň, sudýalaryň, hrono metr ölјeýji we ş.m. işi; sport ligalarynyň we guramalarynyň işi;çapylýan we ýöreýän atlaryň saklanýan athanalarynyň, ylgaýan itleri saklanýan ithanalaryň, sport awtomobilleri üçin niýetlenen ulag jaýlarynyň işi; sport we höwesjeň balykçylyk we aw awlamak, sport bilen baglanyşykly kömekşi işler; dag ýolbeletleriniň işi; sport çärelerini mahabatlandymak işi; sportuň dürli görnüşleri boýunça sport toparlaryny döretmek işi; uzagyndan açylýan paraşýut bilen bökmek işi; türgenleşik enjamyndam paraşýut bilen bökmek işi; howa şarynda uçmak; sport we sport-pnewmatik ýaraglaryndan stasionar, göçme tirlerde atdyrmak we* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *elektron tirlerde atdyrmak işi* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *sport enjamlaryny kireýine bermek (77.21 seret); ussat mugallymlaryň sport kurslary (85.51 seret); sport desgalaryny dolandyrmak (93.11 seret); sport klublarynyň işi (93.12 seret); seýilgähleriň we plýažlaryň işi (93.29 seret)* |
| | 93.2 | | | Dynç alyş we göwün açyş çärelerini gurnamak boýunça iş <br> ***Bu topar öz içine alýar:*** *edaralaryň uly göwrümini öz içine alyp, olar öz gezeginde desgalary dolandyrýarlar ýa-da dynç alyşlary gurnamak, işleri gurnamak boýunça hyzmatlary ýerine ýetirýärler. Şeýle-de dürli attraksionlaryň, şol sanda mehaniki manežleriň, suw depejikleriniň, oýunlaryň, tomaşa üçin meýdançalaryň, tematiki sergileriň we meýdanda dynç alşy gurnamak üçin niýetlenen ýerleriň işi* <br> ***Bu topar öz içine almaýar:*** *dramaturgiýa sungaty, saz we sungatyň dürli görnüşleri (90 seret); sport işi (93.1 seret).* |
| | | 93.21 | 93.21.00 | Dynç alyş we göwün açyş seýilgähleriniň işi <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *dynç alyş we göwün açyş seýilgähleriň işi. Şeýle-de dürli attraksionlaryň, şol sanda mehaniki manežleriň, suw depejikleriniň, oýunlaryň, tomaşa üçin meýdançalaryň, tematiki sergileriň we sähra gezelençleri üçin niýetlenen ýerleriň işi* |
| | | 93.29 | 93.29.00 | Dynç alyşlary we göwün açyş çärelerini gurnamak <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *beýleki toparlara goşulmadyk dýnç alyşlar we göwun açyş çärelerini gurnamak bilen baglanyşykly işler (dynç alyş we göwün açyş seýilgählerden başgalar): oýun awtomatlaryny işletmek; dynç alyş parklarynda enjamlary kireýine bermek; reňkli suwuklyklar bilen atylýan oýunlar; göwün açma häsiýetli ýarmarkalary we şoulary gurnamak; lyža trassalaryny işletmek; tans meýdançalaryny işletmek; plýaž işi, plýažda geýim çalşyrylýan otaglar, gulplanýan şkaflary, kreslolary we ş.m. ýaly ejamlary kireýine bermek; tomaşa üçin transport serişdeleri bilen üjün etmek, meselem, suw welosipedleri, ýelkenli gämileri kärendä bermek, ýahta duralgalaryny işletmek we ş.m.* <br> ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *dürli çäreleriň guramaçylarynyň, prodýusserleriniň işi, sport we göwün açyş çärelerinden başga* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *funikulerleri işletmek (49.39 seret); suw transport işi (50 seret); kemping hyzmatlaryny ýerine ýetirmek, awtofurgonlaryň we ýaşamak üçin niýetlenen awtomobil tirkegleriň duralgalaryny gurnamak, şol sanda (55.30 seret); barlaryň ýanyndan işledilýän diskotekalaryň işi (56.30 seret); sirk we teatr toparlarynyň işi (90.01 seret)* |
| **S (seksiýa): 94-96** | | | | **GAÝRY HYZMAT EDIŞ IŞLER** |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu seksiýa öz içine alýar:*** *jemgyýetçilik guramalarynyň işlerini, kompýuter, hojalyk harytlarynyň abatlanmagy, beýleki toparlara goşulmadyk indiwidual hyzmatlar.* |
| **94** | | | | **Jemgyýetçilik birleşikleriň (guramalaryň) işleri** |
| | | | | ***Bu bölüm öz içine alýar:*** *ilatyň giň zolaklaryna öz pikirlerini wagyz edýän we belli bir toparyň bähbitlerini öňe sürýän guramalaryň we kärhanalaryň işi. Ol guramalarda esasan hem belli bir agzalaryň sanlary bolýar, emma olaryň işi has giň toparlary hem gurşap alýar.* |
| | | | | *Jemgyýetçilik birleşmeler hemme maksatlar boýunça bölünýärler. 94.1 topary söwda, telekeçilik we professional jemgyýetçilik guramalarynyň işlerini öz içine alýar, 94.2 topary – kärdeşler arkalaşyklarynyň işini öz içine alýar, 94.9 - topary gaýry jemgyýetçilik guramalarynyň (dini we syýasy, ylym we medeniýet ulgamlarynda işleýänler, dynç alyş we tomaşa ulgamlarynda) işlerini öz içine alýar.* |
| | 94.1 | | | Telekeçilik we Kärdeşler arkalaşyklarynyň (assosiasiýalarynyň) işi |
| | | | | ***Bu topar öz içine alýar:*** *söwda we telekeçilik bilen meşgullanýan guramalaryň agzalarynyň bähbitlerini öňe sürmek işini ýerine ýetirýän guramalaryň işi. Kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalarynda bolsa belli bir kärli gurama agzalarynyň bähbitlerini öňe sürmek girizilendir* |
| | | 94.11 | 94.11.00 | Söwda, telekeçilik bilen meşgullanýan jemgyýetçilik guramalar (assosiasiýalar) |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *guramanyň işgärleriniň esasy ünsleri anyk önümçilik, söwda pudaklarynda işleýän kärhananyň ösmeginde we güllemeginde bolan jemgyýetçilik guramalaryň işi. Şol sanda söwda ugurlaryna garamazdan belli bir geografiki etrabyň ýa-da dolandyryş birligiň ykdysady ösüşi we oba hojalyk pudagy. Şeýle-de assosiasiýalaryň işi. Olaryň esasy işleriniň görnüşleri: maglumatlary paýlamak, döwlet kärhanalarynda wekilçilik, jemgyýet bilen aragatnaşyk we kärdeşler arkalaşyklary bilen gepleşikler; söwda palatalarynyň, birleşmeleriň, gildiýalaryň we ş.m. işi* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *kärdeşler arkalaşyklarynyň işi (94.20 seret)* |
| | | 94.12 | 94.12.00 | Kärdeşler arkalaşyklarynyň jemgyýetçilik guramalaryň (assosiasiýalaryň) işi |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *guramanyň agzalarynyň, esasan hem ünsleri takyk ylmy düzgün-tertipde, kärdeşler arkalaşyklarynyň tejribersinde ýa-da tehniki pudakda bolan jemgyýetçilik guramalar. Bulara ylym, medeniýet, şygyryýet, ýazyjylar, suratkeşler, aktýorlar, zurnalistler birleşmesi ýaly hünärmenleriň we ş.m. işleri girýär. Olaryň esasy işleri maglumatlary paýlamak, tejribe işleriň çäklerini kesgitlemek we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, döwlet* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *edaralarynda wekilçilik etmek we jemgyýet bilen aragatnaşyk saklamak* <br> ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *ylmy jemgyýetleriň işi* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *bu edaralaryň, guramalaryň bilim pudagynda ýerine ýetirýän işeri (85 seret)* |
| | 94.2 | | | Kärdeşler arkalaşyklarynyň işi |
| | | 94.20 | 94.20.00 | Kärdeşler arkalaşyklarynyň işi <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *jemgyýetçilik birleşikleriniň we assosasiýalaryň, durmuş – ykdysady, zähmet we beýleki hukuklaryny we bähbitlerini goraýan birleşikleriniň we assosiasiýalaryň agzalarynyň işi. Olaryň agzalary, esasan hem, zähmet şertleri we zähmet haklarynyň meseleleri boýunça bähbitlerini göz öňünde tutýan, şeýle hem guramalar arkaly ylalaşylan hereketlerdäki hakynatutma işgärlerdir, bir edaranyň işgärleriniň birleşikleri, şeýle hem garyşyk pudaklary birikdirýän birleşikler, hünär, sebitleýin, gurluşlary boýunça we ş.m. ölçegler boýunça goşulan işgärleriň birleşmeleri hem bu topara girizilen* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *bu guramalar tarapyndan ýerine ýetirilýän bilim baradaky işleri (assosiasiýalar) (85 seret)* |
| | 94.9 | | | Gaýry jemgyýetçilik guramalarynyň işi |
| | | 94.91 | 94.91.00 | Dini guramalaryň işi <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *dini we şoňa meňzeş guramalaryň işi* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *bu guramalar tarapyndan ýerine ýetirilýäň bilim baradaky işleri (85 seret); bu guramalar tarapyndan ýerine ýetirilýän saglygy goramak baradaky işleri (86 seret); bu guramalar tarapyndan ýerine ýetirilýän durmuş hyzmatlary (87, 88 seret)* |
| | | 94.92 | 94.92.00 | Syýasy guramalaryň işi <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar****: syýasy we kömekçi guramalaryň işi, şol sanda syýasy partiýalar bilen işleýän ýaşlar guramalary. Bu guramalar esasan hem hökümet edaralarynyň kabul edýän kararlaryna, netijelerine täsir edýän işler bilen meşgullanýar, partiýanyň agzalaryny we olaryň tarapyny tutýanlary syýasy orunlarda ýerleşdirmek, seýle-de maglumalary paýlamak, jemgyýetçilik bilen aragatnaşyklary sazlamak, serişde ýygnamak we ş.m.* |
| | | 94.99 | 94.99.00 | Beýleki toparlara goşulmadyk gaýry jemgyýetçilik guramalaryň işi <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *jemgyýetçilik watan söýüjilik maksatly guramalar, şol sanda uruş weteranlarynyň guramasy; turistik klublar, awtomobilistleriň birleşmesi, sarp edijiler birleşmesi ýaly umumy bähbitlere hyzmat edýän guramalar; durmuş taýdan aragatnaşykda tanyşlyk maksady bolan birleşmeler meselem, iş gatnaşyklary we ş.m.; ýaşlar, çagalar, ýetginjekler assosiasiýalary, talyp guramalary,* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *klublar, jemgyýetçilik guramalary we ş.m.; medeni çäreleri, tomaşa (sport we oýunlardan başgalar) geçirmeklik üçin döredilýän assosiasiýalar, meselem, şahyrlyk we edebiýat klublary, kitap söýüjileriň kluby, taryhy söýüjileriň, bagbanlaryň, kino we foto söýüjileriň, sazy söýüjileriň klublary we ş.m.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *kärdeşler arkalaşyklary guramalaryň, assosiasiýalaryň işi (94.12 seret); sungat ulgamlarynda işleýän we ol ulgama ýardamçy bolýan guramalar (90.0 seret);durmuş talaplary üçin serişdeleri ýygnamak (88.99 seret); sport klublaryň işi (93.12 seret)* |
| **95** | | | | **Kompýuterleri, şahsy ulanylýan enjamlary we durmuş harytlaryny abatlamak**<br>***Bu bölüm öz içine alýar***: *kompýuterleri we merkezden uzakda ýerleşýän enjamlary abatlamak, şol sanda ofis kompýuterlerini, noutbuklary, fleşkalary we maglumat saklaýjy beýleki enjamlary we printerleri abatlama. Şeýle-de aragatnaşyk enjamlaryny (şol sanda fakslary), elektrohojalyk harytlaryny, bagbançylyk üçin gerek bolan enjamlary, gaýyşdan ýasalan önümleri, mebelleri, egin-eşikleri, sport enjamlaryny, saz gurallaryny we beýleki hojalyk harytlaryny abatlamak.*<br>***Bu bölüm öz içine almaýar:*** *lukmançylyk enjamlaryny, geodeziýada ulanylýan enjamlary, ölçeg gurallaryny, synag geçirýän gurallary abatlamak (33.13 seret).* |
| | 95.1 | | | Kompýuterleri we aragatnaşyk gurallaryny abatlamak |
| | | 95.11 | 95.11.00 | Kompýuterleri we merkezden uzakdaky enjamlary abatlamak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *elektron enjamlaryny şol sanda: kompýuterleri, maglumat we merkezden uzakdaky enjamlary abatlamak.*<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ofis kompýuterlerini, noutbuklary, magnit diskleri okaýan enjamlary, fleşkalary we maglumat saklaýjy beýleki enjamlary, optiki diskleri okaýan enjamlary (CD-RW, CD-ROM, DVD-ROM, DVD-RW) abatlamak we işletmek; printerleri, monitorlary, klawiaturalary we olaryň böleklerini, modemleri (aragatnaşyk modemlerinden başgalar) abatlamak; ýöriteleşdirilen maglumat terminallaryny, skanerleri, elektron kartlary okaýan enjamlary, wideoproýektorlary abatlamak*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *(bankomat) bank, söwda (mehanizmsiz terminallaryny, portatiw (jübi kompýuterleri), abatlamak we işletmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *aragatnaşyk üçin modemleri abatlamak (95.12 seret)* |
| | | 95.12 | 95.12.00 | Aragatnaşyk enjamlaryny abatlamak |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *aragatnaşyk enjamlaryny; simsiz telefonlary; jübi telefonlary; aragatnaşyk üçin modemleri; fakslary; nawigatorlary; elektrik kartlary; radiopriýomnikleri, wideokameralary we telewizorlary abatlamak işleri (telekeçilik işlerinde ulanmak üçin)* |
| | 95.2 | | | Şahsy ulanylýan enjamlary we durmuş harytlaryny abatlamak |
| | | 95.21 | 95.21.00 | Durmuşda ulanylýan elektrik enjamlaryny abatlamak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *elektrohojalyk harytlaryny; telewizorlary; radiopriýomnikleri; magnitofonlary; CD okaýan enjamlary; hojalykda ulanylýan wideokameralary abatlamak we işletmek* |
| | | 95.22 | 95.22.00 | Hojalyk enjamlaryny we bagbançylyk enjamlaryny abatlamak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *hojalyk enjamlaryny, şol sanda doňduryjylary, kir ýuwujy we ütükleýji maşynlary, howa sowadyjylary, bagbançylyk enjamlaryny, ot kesýän enjamlary, bordýur kesýän enjamlary, gar arassalaýjylary, gaçan ýapraklary ýygnaýjy enjamlary abatlamak we işletmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *elde göterilýän hereketlendirijili enjamlar (33.12 seret); binalarda howa sowadyjylary abatlamak işleri (43.22 seret)* |
| | | 95.23 | 95.23.00 | Ayakgap we gaýyşdan ýasalan beýleki önümleri abatlamak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *aýakgap, çemodan, torba we ş.m. önümleri abatlamak, ökje çalyşmak* |
| | | 95.24 | 95.24.00 | Mebel we ş.m. öý harytlaryny (önümlerini) abatlamak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *mebele täzeden daş tutmak, täzelemek, mebel abatlamak we durkuny täzelemek (ofis mebeller bilen bilelikde)* |
| | | 95.25 | 95.25.00 | Sagat we zergärçilik şaýlaryny abatlamak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *sagat we onuň mehanizmleriniň hemme görnüşlerini, korpuslaryny we ş.m.; zergärçilik şaýlaryny abatlamak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *metalda haşamlamak (25.61 seret); sekunt ölçeýjilerini we ş.m. ölçeýji enjamlary abatlamak (33.13 seret)* |
| | | 95.29 | 95.29.00 | Başga şahsy zatlary (harytlary) we hojalyk harytlary abatlamak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *şahsy ulanyşdaky zatlary we hojalyk harytlaryny; welosipedleri; egin - eşikleri; sport harytlaryny (ýarag we tirden başgalar) we kemping üçin ulanylýan enjamlary abatlamak;kitaplary; saz gurallaryny (taryhy gymmatlygy bolanlardan başgalar);oýunjaklary abatlamak işleri. Pianino sazlama we başga oýnawaçlaryň abatlaýşy; nuanunony gurnamak; şahsy ulanyşdaky zatlary we hojalyk harytlaryny abatlamak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *hereketlendirijili el* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *gurallaryny abatlamak, (33.12 seret); tir üçin ýaraglary abatlamak (33.11 seret)* |
| **96** | | | | **Gaýry özbaşdak hyzmatlar** |
| | 96.0 | | | Gaýry özbaşdak hyzmatlar |
| | | 96.01 | 96.01.00 | Kir yuwmak, himiýa arkaly arassalamak we deri we dokma önümlerini reňklemek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *egin-eşikleriň ähli görnüşlerini (şol sanda deriden ýasalanlary), dokma önümlerini ýuwmak we himiýa arkaly arassalamak, ütüklemek we ş.m.; bu iş görnüşleri teňňe atylanda işleýän mehaniki enjamlar arkaly, elde, awtomat maşynlar arkaly ilat üçin hem-de söwda – senagat edaralary üçin ýerine ýetirilýär; ýuwmak üçin geýimleri ýygnamak we olary ýuwlandan soň eltip bermek; haly, tuty arassalamak; öz işgärlerini ýörite geýimler bilen üpjün etmek; arassalamak bilen baglanyşykly bolsa eşikleriň we başga dokma önümleriniň abatlaýyş işleri we ownuk üýtgetmeleri; ýuwlandan we arassalanandan soň gaplamak (eşikleri we başga zatlary eplemek)*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ýuwmak we arassalamak, bu iş görnüşiň bölegi bolsa-da iş eşiklerinden başga eşikleri kireýine bermek (77.29 seret); eger aýratyn iş görnüş bolýan bolsa eşikleriň abatlaşdyrmasy we üýtgedilmesi we ş.m., eger bu özbaşdak iş görnüşi bolsa (95.29 seret)* |
| | | 96.02 | 96.02.00 | Dellekhanalaryň we gözellik salonlaryň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *aýallar we erkekler üçin saç ýuwmak, saç deňlemek we almak, saça timar bermek, reňkleme, buýralama, gönüleme, we ş.m.; sakgal deňleme we almak; ýüz massažy, manikýur, pedikýur we ş.m.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *parikleri ýasamak (32.99 seret)* |
| | | 96.03 | 96.03.00 | Jaýlama we onuň bilen baglanyşykly işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *adam we haýwan jesetlerini jaýlamak, kremasiýa we munuň bilen balanyşykly işler; jesetleri jaýlamaga ýa-da kremasiýa taýýarlamak, balzamlama we jaýlamak býurosynyň hyzmatlary; jaýlama ýa-da kremasiýa; urp-adat zallarynyň enjamlaryny kärendesine bermek; jaýlanylýan ýerleri satmak ý-da kireýine bermek; mazarlary, guburlary, mawzoleýleri abat ýagdaýda saklamak (seretmek, hyzmat etmek)*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *öwlüýäleri abatlamak we abadanlaşdyrmak (agaç ekmek, ýodalary gurmak we ş.m.) (81.30 seret); dini däp-dessurlarynyň hyzmatlaryny hödürlemek (91 seret)* |
| | | 96.04 | 96.04.00 | Fiziki rahatlygy üpjün etmek işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *fiziki rahatlygy we fiziki ýagdaýy gowulandyrmak maksady bilen edilýän işler, meselem, türk hammamy, sauna we bug hamamlary, solýari, bedeniň* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *görnüşini we agramynyň korreksiýasy üçin niýetlenen salonlar, massaž salonlar we ş.m.* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *massažitleriň işi (lukmançylyk ulgamynda) (86.90 seret); sagaldyş-bedenterbiýe klublaryň we merkezleriniň işi (93.13seret)* |
| | | 96.09 | 96.09.00 | Beýleki toparlara goşulmadyk şahsy hyzmatlar **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *astrologlaryň we spiritleriň işi; durmuş hyzmatlar, meselem, ýany bilen gitmek (ugradyjy) hyzmatlary, tanyşdyryş gulluklaryň işi, nika býurolarynyň işleri, genealogoýa barlaglary boýunça iş, tatuirlemek boýunça studiýalar, aýakgap süpürmek, awtomobil duralgalarynda hyzmat etmek we ş.m.; öý haýwanlaryny saklamak boýunça hyzmatlar, olara baş öwretmek we ideg etmek; teňňe atylanda işeýän awtomatlary işletmek, ýagny surat awtomatlary, agram ölçeýän awtomatlar we ş.m.* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *weterinariýa işi (75.00 seret); teňňe atylanda işleýän oýun awtomatlaryny işletmek; (92.00 seret); teňňe atylanda işleýän kir ýuwujy awtomatlary işletmek (96.01 seret)* |
| **T (seksiýa): 97-98** | | | | **HUSUSY ÖÝ HOJALYKLARY BILEN HAKYNATUTMA IŞGÄRLERIŇ IŞLERI; ŞAHSY ULANMAK ÜÇIN HUSUSY ÖÝ HOJALYKLARYNYŇ DÜRLI GÖRNÜŞLI HARYTLARYNY WE HYZMATLARYNY ÖNDÜRMEGI** |
| **97** | | | | **Hususy öý hojalyklary bilen hakynatutma işgärleriň işleri** |
| | 97.0 | | | Hususy öý hojayklaryň hakynatutma işgärler bilen işleri |
| | | 97.00 | 97.00.00 | Hususy öý hojayklaryň hakynatutma işgärler bilen işleri **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *hususy öý hojalyklaryň hakyna tutujy hökmüne öý hojalykçylary, aşpezleri, bagbanary, atçylary, sürüjileri ş.m. hakynatutmak işi. Bu ýagdaýda hakyna tutyjy ýazuw geçirilende ýa-da barlamalar geçirilende fiziki tarap diýip atlandyrylýar* *Hususy öý hojalyklaryň hakynatutma işgärler bilen öndüren önümleri hususy öý hojalygyň öz içinde ulanylýar* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *aşpezleriň, bagbanlaryň we beýleki hyzmat ediji işgärleriň işi, iş berijiniň statusyna garamazdan (ýagny iş beriji – gurama ýa-da iş beriji – şahsy, öý hojalyklaryndaky bolşy ýaly ýerine ýetirýäň işleri boýunça klassifisirlenýär)* |
| **98** | | | | **Şahsy ulanmak üçin hususy öý hojalyklaryň dürli görnüşli harytlary we hyzmatlary öndürmegi** **Bu bölüm öz içine alýar:** *hususy öý hojalyklaryň öz ulanmaklary üçin önümleri we hyzmatlary öndürmek işleri.* *Eger-de hyzmatlar söwda dolanyşygyna girse, onda ol hyzmat görnüşi boýunça degişli klasa girizilýär.* |
| | 98.1 | | | Hususy öý hojalyklaryň öz ulanmaklary üçin dürli harytlary |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | öndürmekleri |
| | | 98.10 | 98.10.00 | Hususy öý hojalyklaryň öz ulanmaklary üçin dürli harytlary öndürmekleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *hususy öý hojalyklaryň hakynatutma işgärler bilen öz ulanmaklary üçin önümleri öndürmek işleri, şol sanda azyk önümleri öndürmek, geýim öndürmek we ş.m.*<br>*Eger-de hyzmatlar söwda dolanyşygyna girse, onda ol hyzmat görnüşi boýunça degişli klasa girizilýär* |
| | 98.2 | | | Hususy öý hojalyklaryň öz ulanmaklary üçin dürli hyzmatlary etmekleri |
| | | 98.20 | 98.20.00 | Hususy öý hojalyklaryň öz ulanmaklary üçin dürli hyzmatlary etmekleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *hususy öý hojalyklaryň hakynatutma işgärler bilen öz ulanmaklary üçin hyzmatlary öndürmek işleri. Olardan okuw hyzmatlary, seretmek, ýygnaşdyrmak we ş.m.*<br>*Eger-de hyzmatlar söwda dolanyşygyna girse, onda ol hyzmat görnüşi boýunça degişli klasy öz içine alýar* |
| **U (seksiýa): 99** | | | | **EKSÇÄK GURAMALARYŇ IŞLERI** |
| **99** | | | | **Eksçäk guramalaryň işleri** |
| | 99.0 | | | Eksçäk guramalaryň işleri |
| | | 99.00 | 99.00.00 | Eksçäk guramalaryň işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *halkara guramalaryň, Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen guramalarynyň, sebitleýin guramalarynyň we ş.m. işi, Ýewropa bileleşigi, Erkin söwda boýunça Ýewropa assosiasiýasy, Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş boýunça gurama, Gümrük hyzmatdaşlygy baradaky geňeş. Nebit ekporter döwletleriniň guramasy, Halkara walýuta gaznasy, Bütindünýä banky we ş.m.*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *diplomatik we konsul borçlarynyň işleri, eger-de wekilçilik edýän ýurdy boýunça däl-de, olaryň ýerleşýän ýeri boýunça hasaplansalar* |

**UDK 002.02** **MKS 01.140.20**

Esasy sözler: döwlet klassifikatory, ykdysady işleriň görnüşleri, seksiýa, kiçi seksiýa, bölüm, topar, klas, kiçi klas